**T Ü R K M E N I S T A N Y Ň K A N U N Y**

## Türkmenistanyň Söwda deňiz gatnawynyň kodeksini tassyklamak we güýje girizmek hakynda

(Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2008 ý., № 4, 54-madda)

**1-nji madda.** Türkmenistanyň Söwda deňiz gatnawynyň kodeksini tassyklamaly.

**2-nji madda.** Türkmenistanyň Söwda deňiz gatnawynyň kodeksini 2009-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan güýje girizmeli.

**3-nji madda.** Türkmenistanyň kanunlary we kadalaşdyryjy hukuk namalary mundan beýläk Türkmenistanyň Söwda deňiz gatnawynyň kodeksine laýyk getirilýänçä, olar Türkmenistanyň Söwda deňiz gatnawynyň kodeksine garşy gelmeýändigine görä hereket edýärler.

**4-nji madda.** Şu Kodeksde bellenen düzgünler, ol güýje girizilenden soň deňiz söwda gatnawlary çygrynda ýüze çykýan gatnaşyklar babatda ulanylýarlar.

Şu Kodeks güýje girizilmezden öň bellenen düzgünler deňiz söwda gatnawlary çygrynda ol güýje girizilenden soň ýüze çykjak hukuklar we borçlar babatda ulanylýarlar.

Şu Kodeksde bellenen we aýry-aýry görnüşli şertnamalaryň mazmunyny takyklaýan düzgünler şu Kodeks güýje girizilenden soň baglaşylan şertnamalar babatda ulanylýarlar.

**5-nji madda.** Türkmenistanyň Ministrler Kabineti üç aý möhletde Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryny Türkmenistanyň Söwda deňiz gatnawynyň kodeksine laýyk getirmeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti**

**Gurbanguly Berdimuhamedow**

Aşgabat şäheri

2008-nji ýylyň 23-nji oktýabry.

№ 222-III

## TÜRKMENISTANYŇ SÖWDA DEŇIZ GATNAWYNYŇ

## K O D E K S I*

**Kodeksiň döwlet dilindäki ýazgysynda "araçy kazyýet", "araçy kazyýetiň", "araçy kazyýete", "araçy kazyýetde", "araçy kazyýetinde", "waka", "wakanyň", "wakadan", "wakalaryň", "territorial", "sygym", "sygymy", "sygymyna", "sygymyny", "sygymynyň" diýen sözler degişlilikde "arbitraž kazyýet", "arbitraž kazyýetiň", "arbitraž kazyýete", "arbitraž kazyýetde", "arbitraž kazyýetinde", "hadysa", "hadysanyň", "hadysadan", "hadysalaryň", "çäk", "sygymlylyk", "sygymlylygy", "sygymlylygyna", "sygymlylygyny", "sygymlylygynyň" diýen sözlere çalşyrylan- 2014-nji ýylyň 1-njimartyndaky Türkmenistanyň Kanuny (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014-nji ýyl, №1, 49-njy madda)*

Şu Kodeks söwda deňiz gatnawy çygrynda döwlet dolandyryşynyň hukuk, ykdysady, guramaçylyk esaslaryny kesgitleýär hem-de söwda deňiz gatnawyndan gelip çykýan gatnaşyklary düzgünleşdirýär.

## I BÖLÜM. UMUMY DÜZGÜNLER

## I bap. Esasy düzgünler

### 1-nji madda. Esasy düşünjeler

Şu Kodeksde aşakda görkezilen esasy düşünjelerden peýdalanylýar:

1) söwda deňiz gatnawy - gämileriň:

a) ýükleri daşamak, ýolagçylary gatnatmak we olaryň goşlaryny daşamak;

b) suwdaky biologik baýlyklary almak işlerini geçirmek;

ç) deňiziň düýbündäki we onuň jümmüşindäki mineral we beýleki jansyz baýlyklarynyň gözleg işlerini geçirmek hem-de gazyp almak;

d) losman, buzda losman we buz döwüji gämiler bilen geçirmek;

e) gözleg, halas ediş we tirkege alyş işlerini amala aşyrmak;

f) deňizde gark bolan emlägi ýokaryk çykarmak;

g) gidrotehniki, suwasty-tehniki we şuňa meňzeş beýleki işler;

h) arassaçylyk, karantin, weterinariýa, fitosanitariýa we beýleki gözegçilik;

i) deňiz gurşawyny goramak we abat saklamak;

j) deňiz ylmy barlaglaryny geçirmek;

ž) okuw, sport we medeni maksatly;

k) beýleki maksatly işler üçin, ulanylmagy bilen baglanyşykly işler.

2) deňiz portunyň akwatoriýasy - porta bölünip berlen, deňiz tarapa has uzaklaşyp gidýän port desgalarynyň koordinatlary bilen ugurdaş çäklendirilen suw giňişligi;

3) berbout-çarter - gämini ekipažsyz frahtlamagyň şertnamasy, şuňa laýyklykda gämä eýelik edýän hak tölegi üçin (frahta) frahtlaýana ýük daşamak, ýolagçylary gatnatmak ýa-da söwda deňiz gatnawynyň beýleki maksatlary üçin ekipažsyz hem-de serenjamlaşdyrylmadyk gämini belli bir möhletiň dowamynda peýdalanmak we oňa eýelik etmek üçin bermegi borç edinýär;

4) gäminiň sygymlylygy - gäminiň umumy sygymlylygy bolup, ol gämileri ölçemek baradaky 1969-njy ýylyň Halkara konwensiýasyna laýyklykda gämileri ölçemegiň halkara kadalaryna laýyklykda kesgitlenilýän gäminiň umumy sygymlylygy;

5) demerej - kontrstaliý wagty üçin hak tölegi;

6) dispaç - gäminiň ýük ýüklemek-düşürmek işlerinden möhletinden öň boşadylanlygy üçin, gämä eýelik edýäniň frahtlaýana berýän sylagy;

7) dispaşa - umumy awariýa boýunça çekilen zyýany we çykdajylary hasaplamak hem-de olary umumy deňiz gatnawyna dahylly işlere gatnaşan taraplaryň arasynda paýlamak; dispaşer – dispaşany düzýän bilermen;

8) konosament - daşaýjynyň ýük iberijä berýän we ýüküň daşamak
üçin kabul edilenligini tassyklaýan resminamasy;

9) kontrstaliý wagty - gäminiň staliý wagtyndan artyk ýük ýükleme ýa-da ýük düşürme işleri üçin durýan wagty;

10) losman - gämileri urgan bilen baglanylýan ýere howpsuz eltmek, labyra goýmak we portdaky gämileriň ornuny çalşyrmak boýunça hünärmen;

11) deňiz nakladnoýy - deňiz ulagy arkaly ýük daşalanda resmileşdirilýän daşaýyş resminamasy;

12) deňiz porty - ýörite bölünip berlen çäkde we akwatoriýada ýerleşdirilen hem-de söwda deňiz gatnawy maksady üçin ulanylýan gämilere hyzmat etmek üçin niýetlenilen desgalaryň toplumy;

13) deňiz protesti - gämä eýelik edýäniň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak üçin subutnamalar bilen üpjün etmek maksady bilen, gäminiň kapitanynyň gäminiň ýüzüp ýören ýa-da duran wagtynda bolup geçen hadysa barada beýan etmesi;

14) iberiji - deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasyna laýyklykda, ýük iberýän we daşaýyş resminamalarynda ady görkezilen şahs;

15) ýolagçy - daşaýjy bilen şertnama gatnaşyklarynda durýan hem-de gämide gitmäge bolan hukugyny tassyklaýan petekde ýa-da gaýry resminamada ady görkezilen ýa-da

deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasy boýunça daşaýjynyň razylygy bilen, awtoulag serişdeleriniň, haýwanlaryň we gaýry ýüküň ýanynda bolýan şahs;

16) ýolagçy şahadatnamasy - gämide bolmaly ýolagçylaryň aňryçäk sany hakynda maglumat görkezilen gämi resminamasy;

17) daşaýjy (gatnadyjy) – gämä eýeçilik hukugynda ýa-da gaýry kanuny esaslarda eýelik edýän, deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasyna ýa-da deňiz arkaly ýolagçy gatnatmagyň şertnamasyna laýyklykda, ýolagçylary gatnatmak, ýükleri we goşlary daşamak boýunça hyzmatlary ýerine ýetirýän şahs;

17[1]) deňizde milli daşaýjy (gatnadyjy) – Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilen deňiz arkaly ýük daşamak, ýolagçy gatnatmak, goşlary we poçtany daşamak hyzmatlaryny amala aşyrýan ýuridik şahs;

18) ýüzýän burawlaýjy enjam - deňziň düýbündäki ýerasty baýlyklaryň gözlegi we (ýa-da) gazyp alnyşy boýunça burawlaýyş işlerini ýerine ýetirmek üçin niýetlenilen gämi (ýüzýän desga);

19) alyjy - deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasy boýunça ýüki almaga ygtyýarly edilen şahs;

20) portdaky tirkege alyş - portuň akwatoriýasynda tirkege almak we manewrlary ýerine ýetirmek, şol sanda gämini ýa-da beýleki bir ýüzüji desgany porta eltmek ýa-da ony portdan çykarmak;

21) daşamaklygyň düzgünleri - daşamak işleri amala aşyrylanda, deňiz ulaglarynyň işini düzgünleşdirýän kadalaşdyryjy hukuk namalary;

22) gäminiň eýesi - eýeçilik hukugy esasynda gämi özüne degişli bolan şahs;

23) gämä eýelik edýän - gäminiň eýesidigine ýa-da gäminiň başga kanuny esasda ulanylýandygyna garamazdan, gämini öz adyndan peýdalanýan şahs;

24) gämi - söwda deňiz gatnawy maksady bilen ulanylýan, özi ýöreýän ýa-da özi ýöremeýän ýüzüji desga;

25) tirkeg gämisi - beýleki gämileri we ýüzüji desgalary tirkege almak we gapdala iteklemek üçin niýetlenilen gämi;

26) balykçylyk flotunyň gämileri - suwdaky biologik baýlyklary tutup almak, şeýle-de kabul ediş-ulag gämileri üçin peýdalanylýan balyk tutuş toplumyna hyzmat edýän gämiler;

26[1]) kiçi göwrümli gämi - esasy hereketlendirijisiniň kuwwaty 75 kilowatdan (100 at güýjünden) az bolan özi ýöreýän gämi, sygymlylygy 80 tonnadan az bolan özi ýöremeýän ýa-da kuwwatyna garamazdan asma motorly gämi, şeýle hem esasy

hereketlendirijisiniň kuwwatyna hem-de sygymlylygyna garamazdan, sport we gezelenç gämisi, suw motosikli (gidrosikl);

27) staliý wagty - gäminiň fraht üçin goşmaça töleg tölenmezden, ýük ýükleme ýa-da ýük düşürme işlerini geçirmek üçin sarp edýän wagtynyň dowamy;

28) subberbout-çarter - gämini ekipažsyz subfrahtlamak şertnamasy, şoňa laýyklykda frahtlaýan berbout-çarter tarapyndan özüne berlen hukuklaryň çäklerinde, berbout-çarteriň bütin hereket ediş möhletine ýa-da şol möhletiň bir bölegine laýyklykda, öz adyndan üçünji bir şahslar bilen gämini ekipažsyz frahtlamak boýunça şertnama baglaşyp biler;

29) subtaým-çarter - subfrahtlamak şertnamasy bolup, oňa laýyklykda frahtlaýan taým-çarter tarapyndan berlen hukuklaryň çäklerinde, taým-çarteriň bütin hereket ediş möhletine ýa-da şol möhletiň bir bölegine öz adyndan üçünji bir şahs bilen gämini frahtlamak şertnamasyny baglaşyp biler;

30) taým-çarter - gämini belli bir wagta frahtlamagyň şertnamasy bolup, şol wagtyň içinde gämä eýelik edýän şertleşilen töleg üçin (fraht) frahtlaýana gämini we onuň ekipažynyň hyzmatyny ýükleri daşamak, ýolagçylary gatnatmak üçin ýa-da söwda deňiz gatnawynyň başga maksatlary üçin, belli bir möhletiň dowamynda peýdalanmaga bermegi borç edinýär;

31) hakyky daşaýjy - daşaýjy tarapyndan ýük daşamak, ýolagçy gatnatmak işi tabşyrylan her bir şahs;

32) fraht - deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasyna laýyklykda, daşaýja tölenilmeli ähli tölegler;

33) frahtlaýan - frahtlamagyň şertnamasyna gatnaşýan we oňa söwda deňiz gatnawynyň maksatlary üçin, gämi, gäminiň bir bölegi ýa-da belli bir gämi otaglary belli bir möhlete berilýän tarap;

34) frahtlaýjy - söwda deňiz gatnawynyň maksatlary üçin, belli bir möhlete gämini, onuň bir bölegini ýa-da belli bir gämi otaglaryny berýän, frahtlamagyň şertnamasyna gatnaşýan tarap;

35) çarter - deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasynyň görnüşi bolup, oňa laýyklykda frahtlaýana deňiz arkaly ýük daşamak üçin tutuş gämi, onuň bölegi, ýa-da belli bir gämi otaglary berilýär.

(2014-nji ýylyň 1-nji martyndaky; 2017-nji ýylyň 25-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., № 1, 49-njy madda; 2017 ý., № 4, 168-nji madda)

**2-nji madda. Türkmenistanyň söwda deňiz gatnawy hakyndaky kanunçylygy**

1. Türkmenistanyň söwda deňiz gatnawy hakyndaky kanunçylygy Türkmenistanyň Konstitusiýasyna esaslanýar hem-de şu Kodeksden we söwda deňiz gatnawynyň meselelerini düzgünleşdirýän Türkmenistanyň gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan ybarat bolup durýar.

2. Söwda deňiz gatnawyndan gelip çykýan emläk gatnaşyklary şu Kodeks bilen düzgünleşdirilýär. Şu Kodeks bilen düzgünleşdirilmeýän ýa-da doly düzgünleşdirilmeýän emläk gatnaşyklaryna Türkmenistanyň raýat kanunçylygynyň kadalary ulanylýar.

3. Eger Türkmenistanyň halkara şertnamasynda şu Kodeksde bellenen kadalardan başga kadalar bellenen bolsa, onda halkara şertnamasynyň kadalary ulanylýar.

**3-nji madda. Şu Kodeksiň hereket ediş çygry**

1. Şu Kodeksiň hereketi aşakda görkezilenlere degişli bolup durýar:

1) deňiz gämilerine - olaryň deňiz ýollary boýunça, şeýle-de içerki suw ýollary boýunça ýüzýän wagtlarynda;

2) gatyşyk «derýa-deňiz» ýüzüşini ýerine ýetirýän gämilere – deňiz ýollary we içerki suw ýollary boýunça ýüzüş edýän wagty, şeýle-de ýük daşamak, ýolagçylary gatnatmak we olaryň goşlaryny daşamak işleri daşary ýurt portuna girilip amala aşyrylanda, halas ediş işleri geçirilende we başga deňiz gämisi bilen çaknyşan wagtynda.

2. Şu Kodeksiň hereketi onuň göniden-göni özünde göz öňünde tutulan halatlardan başga ýagdaýlarda şu aşakdakylara degişli däldir:

1) harby gämilere, harby-kömekçi gämilere we döwletiň öz eýeçiliginde durýan ýa-da döwlet tarapyndan ulanylýan we diňe hökümet täjirçilik däl işleri üçin peýdalanylýan beýleki gämilere;

2) döwlet eýeçiliginde durýan, täjirçilige degişli bolmadyk ýüklere.

Eger şu Kodeksde bellenilen kadalar şu bölümde görkezilen gämilere we ýüklere degişli edilýär diýlip göniden-göni göz öňünde tutulan bolsa, onda şeýle kadalar gämileri we ýükleri aýryp goýmak, tussag etmek we saklamak üçin esas hökmünde ulanylmaly däldir.

*(2014-nji ýylyň 1-nji martyndakyTürkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda- Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., № 1, 49-njy madda)*

**4-nji madda. Türkmenistanyň deňiz portlarynyň arasyndaky gämi gatnawy (kabotaž)**

Türkmenistanyň deňiz portlarynyň arasynda ýük daşamak, ýolagçylary gatnatmak we olaryň goşlaryny daşamaklyk maksatly gämi gatnawy (gämileriň ýüzüşi), şeýle-de Türkmenistanyň deňiz portlarynyň arasynda ýüzýän desgalaryň tirkege alynmagy

(kabotaž), Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň astynda ýüzüp ýören gämiler tarapyndan amala aşyrylýar.

Aýratyn halatlarda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň rugsady boýunça Türkmenistanyň deňiz portlarynyň arasyndaky gämi gatnawy daşary ýurt döwletiniň baýdagynyň astynda ýüzýän gämiler tarapyndan alty aýa çenli möhletde amala aşyrylyp bilner.

*(2014-nji ýylyň 1-nji martyndakyTürkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda- Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., № 1, 49-njy madda)*

**5-nji madda. Hasaplaşyk birligi**

1. Şu Kodeksiň 158, 177, 298, 325, 326-njy maddalarynda göz öňünde tutulan hasaplaşyk birligi Halkara walýuta gaznasy tarapyndan kesgitlenişi ýaly, ýörite alnyş hukugynyň birligi bolup durýar.

2. Türkmenistanyň milli pulunyň ýörite alnyş hukugynyň birliklerindäki gymmatyna laýyklykda manada öwürmek şeýle amala aşyrylýar:

1) kazyýetiň, arbitraž kazyýetiň ýa-da eminlik etmek üçin saýlanylýan kazyýetiň çözgüt çykaran senesine ýa-da taraplaryň ylalyşmagy esasynda bellenilen senesine gabat - şu Kodeksiň 158, 177-nji maddalarynda görkezilen pul möçberlerini;

2) jogapkärçiligi çäklendiriş gaznasynyň döredilen senesine gabat - şu Kodeksiň 298-nji maddasynda görkezilen pul möçberlerini;

3) jogapkärçiligi çäklendiriş gaznasynyň döredilen, tölegiň amala aşyrylan ýa-da üpjünçiligiň, ekwiwalent tölegiň berlen senesine gabat - şu Kodeksiň 325-nji we 326-njy maddalarynda görkezilen pul möçberlerini.

Türkmenistanyň milli pulunyň ýörite alnyş hukugynyň birliklerindäki gymmaty gymmatyň kesgitlenişiniň Halkara walýuta gaznasy tarapyndan öz operasiýalary we hasaplaşyklary üçin degişli senede ulanýan usulyna laýyklykda hasaplanylýar.

## 2 bap. Söwda deňiz gatnawy çygrynda döwlet dolandyryşy

**6-njy madda. Söwda deňiz gatnawy çygrynda döwlet dolandyryşyny amala aşyrýan edaralar**

Söwda deňiz gatnawy ugrundaky döwlet dolandyryşyny Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan ygtyýarly edilen suw ulaglary boýunça ýerine ýetiriji häkimiýetiň merkezi edarasy (mundan beýläk - Suw ulaglary boýunça ygtyýarly edara), balykçylyk boýunça ýerine ýetiriji häkimiýetiň merkezi edarasy (mundan beýläk - Balykçylyk boýunça ygtyýarly edara), şeýle-de ýerine ýetiriji häkimiýetiň beýleki merkezi edaralary tarapyndan özleriniň ygtyýarlyklarynyň çäklerinde amala aşyrýarlar.

*(2017-nji ýylyň 25-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda-Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 4, 168-nji madda)*

**$6^1$-njy madda. Deňizde milli daşaýjy (gatnadyjy)**

1. Deňizde milli daşaýjy (gatnadyjy) ýolagçylary gatnatmak, ýükleri, goşlary we poçtany daşamak, şol sanda nebit we nebit önümlerini daşamak, ýörite ýükleri daşamak boýunça hyzmatlary ýerine ýetirýär hem-de baglaşylýan halkara şertnamalarynyň durmuşa geçirilmegine gatnaşýar.

2. Deňizde milli daşaýja (gatnadyja) Türkmenistanyň Deňiz söwda portlaryna we port nokatlaryna girmek we çykmak babatynda artykmaçlyklar berilýär, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda Türkmenistanyň Deňiz söwda portlarynda we port nokatlarynda ýerine ýetirilýän hyzmatlar üçin alynýan Port ýygymlary babatynda ýeňilliklerden peýdalanýar.

3. Deňizde milli daşaýjy (gatnadyjy) hakynda Düzgünnama Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýar.

*Kodekse $6^1$-nji madda 2017–nji ýylyň 25-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanuny esasynda girizildi (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., №4,168-njimadda)*

**7-nji madda. Söwda deňiz gatnawyna döwlet gözegçiligi**

1. Söwda deňiz gatnawyna döwlet gözegçiligi şu maddanyň ikinji we üçünji böleklerine laýyklykda ygtyýarly edaralar tarapyndan amala aşyrylýar.

2. Suw ulaglary boýunça ygtyýarly edara şu aşakdakylara döwlet gözegçiligini amala aşyrýar:

1) Türkmenistanyň söwda deňiz gatnawyna degişli halkara şertnamalarynyň hem-de Türkmenistanyň söwda deňiz gatnawy hakyndaky kanunçylygynyň berjaý edilişine;

2) deňizde adamyň janynyň goralyşyna;

3) haýsy edara degişlidiklerine garamazdan, gämileriň ekipaž agzalarynyň diplomlaşdyrylmagyna;

$3^1$) gämileriň ekipaž agzalarynyň deňizçiniň şahsyýetini tassyklaýan resminama bilen üpjün edilmegine;

4) balyk tutujy flotuň gämilerinden başga gämileriň we olara hukuklaryň döwlet bellige alnyşyna;

5) losman gullugyna we deňiz portlarynda gämileriň hereketini dolandyryş ulgamyna;

6) halas ediş gullugyna we onuň beýleki halas ediş gulluklary bilen bilelikdäki işlerine;

7) deňiz ýollarynyň ýagdaýyna;

8) deňiz gurşawyny goramagyň üpjün edilişine.

3. Balykçylyk boýunça ygtyýarly edara şu aşakdakylara döwlet gözegçiligini amala aşyrýar:

1) Türkmenistanyň söwda deňiz gatnawyna degişli halkara şertnamalarynyň hem-de balyk tutujy flotuň gämileri babatda Türkmenistanyň söwda deňiz gatnawy hakyndaky kanunçylygynyň berjaý edilişine;

2) deňizde adamyň janynyň goralyşyna;

3) balyk tutujy flotuň gämileriniň we olara bolan hukuklaryň döwlet bellige alnyşyna;

4) losman gullugyna we deňiz portlarynda gämileriň hereketini dolandyryş ulgamyna;

5) deňiz gurşawyny goramagyň üpjün edilişine;

6) Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenen tertipde kiçi göwrümli gämilere.

*(2014-nji ýylyň 1-nji martyndaky we 2016-njy ýylyň 12-nji ýanwaryndakyTürkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda- Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., № 1, 49-njy madda;2016 ý., № 1, 13-nji madda)*

**7[1]-nji madda. Söwda deňiz gatnawyna döwlet gözegçiliginiň amala aşyrylmagy**

1. Söwda deňiz gatnawyna döwlet gözegçiliginiň amala aşyrylmagy, şol sanda söwda deňiz gatnawy babatda işi amala aşyrýan şahslaryň barlaglarynyň guralmagy we geçirilmegi bilen baglanyşykly gatnaşyklara, şu maddanyň ikinji-bäşinji böleklerinde bellenilen barlaglary guramagyň we geçirmegiň aýratynlyklaryny hasaba almak bilen Türkmenistanyň kanunçylygynyň kadalary ulanylýar.

2. Söwda deňiz gatnawy babatda işi amala aşyrýan şahslar tarapyndan Türkmenistanyň halkara şertnamalarynda, şu Kodeksde, we söwda deňiz gatnawynyň howpsuzlygy babatda Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bellenilen talaplaryň (mundan beýläk – hökmany talaplar) ýerine ýetirilmegi barlagyň mazmuny bolup durýar.

3. Meýilnamalaýyn barlagy geçirmek üçin şu aşakdakylar esas bolup durýar:

1) deňiz portunyň infrastrukturasynyň obýektlerini ulanýan şahslaryň soňky meýilnamalaýyn barlagynyň geçirilmeginiň tamamlanan gününden soň üç ýylyň

geçmegi, port we gämi gatnaw gidrotehniki desgalary, gämi gatnawynyň howpsuzlygyny üpjün edýän desgalar muňa degişli däldir;

2) port we gämi gatnaw gidrotehniki desgalaryny, gämi gatnawynyň howpsuzlygyny üpjün edýän desgalary ulanýan şahslaryň soňky meýilnamalaýyn barlagynyň geçirilmeginiň tamamlanan gününden soň bir ýylyň geçmegi.

4. Meýilnamadan daşary barlagy geçirmek üçin şu aşakdakylar esas bolup durýar:

1) hökmany talaplar ýüze çykarylan bozulmany aradan aýyrmak hakynda şu Kodeksiň 7-nji maddasynda görkezilen ygtyýarly edaralar tarapyndan berlen tabşyryknamanyň şahs tarapyndan ýerine ýetirilmeli möhletiniň geçmegi;

2) ygtyýarly edaralara fiziki we ýuridik şahslardan ýüz tutmalaryň we arzalaryň, döwlet häkimiýet edaralaryndan, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryndan, köpçülikleýin habar beriş serişdelerinden hökmany talaplaryň, deňiz portunyň infrastrukturasynyň obýektleriniň we gämileriň ulanylyş kadalarynyň, ýükleri daşamagyň we ýükläp düşürmegiň, ýolagçylary gatnatmagyň we goşlary daşamagyň düzgünleriniň bozulmagy bilen baglanyşykly awariýalaryň we ulag hadysalarynyň ýüze çykmagynyň faktlary hakynda maglumatyň gelip gowuşmagy, eger şeýle düzgün bozmalar adamlaryň janyna, saglygyna, daşky gurşawa, döwletiň howpsuzlygyna, fiziki we ýuridik şahslaryň emlägine, döwlet emlägine zyýan ýetirme howpuny döredýän bolsa ýa-da şeýle zyýanyň ýetirilmegine eltýän bolsa;

3) Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň tabşyrygyna laýyklykda ýa-da prokuratura edaralaryna gelip gowşan maglumatlar we ýüz tutmalar boýunça kanunlaryň ýerine ýetirilişine gözegçiligiň çäklerinde prokuroryň meýilnamadan daşary barlagyň geçirilmegini talap etmegi esasynda ygtyýarly edaranyň ýolbaşçysynyň meýilnamadan daşary barlagyň geçirilmegi hakynda buýrugynyň bolmagy.

5. Şu maddanyň dördünji böleginiň 2-nji bendinde görkezilen esas boýunça haýal edilmezden meýilnamadan daşary göçme barlag geçirilip bilner.

Meýilnamadan daşary göçme barlagyň geçirilmegi hakynda şahslaryň öňünden habarly edilmegine ýol berilmeýär.

*Kodekse $7^1$madda 2014–nji ýylyň 1-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanuny esasynda girizildi (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., №1, 49-njy madda)*

*(2017-nji ýylyň 25-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda-Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 4, 168-nji madda)*

**8-nji madda. Söwda deňiz gatnawy çygrynda ygtyýarnama berlişi**

Söwda deňiz gatnawy ugrundaky işiň aýry-aýry görnüşleri «Işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlylandyrmak hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda ygtyýarnama berilmäge degişlidir.

## II BÖLÜM. GÄM1 bap. Gämä eýeçilik

### 9-njy madda. Gämä eýeçilik hukugynyň subýektleri

Türkmenistanda gämiler döwletiň, edara görnüşdäki taraplaryň we şahsy taraplaryň eýeçiliginde bolup biler.

### 10-njy madda. Gäminiň eýesiniň hukuklary

Gäminiň eýesiniň özüne degişli gämi babatda öz islegine görä, Türkmenistanyň kanunçylygyna garşy gelmeýän islendik hereketleri etmäge, şol sanda gämini beýleki şahslaryň eýeçiligine geçirmäge, gäminiň eýesi bolup galmak bilen, şol şahslara gämini ulanmaga bermäge, ondan peýdalanmak we oňa erk etmek hukuklaryny bermäge, gämi üçin ipoteka bellemäge hem-de oňa gaýry hili borç ýüklemäge haklydyr.

### 11-nji madda. Ynançly dolandyryş

1. Gäminiň eýesi gämini ynançly dolandyryş şertnamasy boýunça bäş ýyldan artyk bolmadyk möhlete eýesiniň bähbitlerine sylaga dolandyrmak üçin ynançly dolandyryja bermäge haklydyr. Şunda ynançly dolandyryjy gämileri dolandyrmagy we olary ulanmagy başarýan bolmalydyr.

2. Gäminiň ynançly dolandyryşa berilmegi gämä eýeçilik hukugynyň ynançly dolandyryja geçmegine eltmeýär.

3. Gäminiň ynançly dolandyryşa berilmegi Döwlet gämi sanawynda ýa-da gämi kitabynda bellige alynmalydyr.

4. Hojalyk dolanyşygynda ýa-da operatiw dolandyryşda bolan gämi ynançly dolandyryşa berlip bilinmez.

5. Gäminiň ynançly dolandyryş şertnamasynda şeýle şertnama gatnaşýan taraplar, ynançly dolandyryjynyň hukuklary we borçlary, oňa berilmeli sylagyň möçberi we görnüşi görkezilmelidir.

## 2 bap. Gäminiň baýdagy we milli degişliligi

### 12-nji madda. Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň astynda ýüzmäge bolan hukugy

1. Döwlet eýeçiliginde, Türkmenistanyň raýatlarynyň we edara görnüşindäki taraplarynyň eýeçiliginde durýan gämilere Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň astynda ýüzmäge hukuk berilýär.

2. Gämi şu Kodeksiň 27-nji maddasynyň birinji böleginde görkezilen gämileriň sanawlarynyň birinde bellige alnan pursatyndan, Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň astynda ýüzmek hukugyna eýe bolýar.

3. Türkmenistanyň çäklerinden daşarda satyn alnan gämi üçin, Türkmenistanyň konsullyk gullugy tarapyndan berilýän, şeýle hukugy tassyklaýan we Türkmenistanyň Döwlet gämi sanawynda ýa-da gämi kitabynda bellige alynýança, bir ýyldan artyk bolmadyk möhlet hereket edýän wagtlaýyn şahadatnama (berlen pursatyndan) Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň astynda ýüzmäge hukugyna esas bolup durýar.

4. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti bilen ylalaşmak arkaly Suw ulaglary boýunça ygtyýarly edara tarapyndan Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň astynda ýüzmäge bolan hukuk gämini ekipažsyz frahtlamak şertnamasy (berbout-çarter) boýunça, türkmen frahtlaýana peýdalanmak we eýelik etmek üçin berlen, daşary ýurt döwletiniň gämileriniň sanawynda bellige alnan gämä, eger-de:

1) berbout-çarter boýunça gämini frahtlaýan, gäminiň eýesine şu maddanyň birinji bölegine laýyklykda bildirilýän talaplary ödeýän bolsa;

2) gäminiň eýesi gämini Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň astyna geçirmäge ýazmaça görnüşde razylyk beren bolsa;

3) gäminiň ipotekasynyň girew saklaýjysy ýa-da gäminiň eýesiniň döwletiniň kanunçylygyna laýyklykda bellenilen we bellige alnan şonuň ýaly häsiýetli borç ýüklenme gämini Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň astyna geçirmäge ýazmaça görnüşde razylyk beren bolsa;

4) gäminiň eýesiniň döwletiniň kanunçylygy gämä daşary ýurt döwletiniň baýdagynyň astynda ýüzmek hukugynyň berilmegini gadagan etmeýän bolsa;

5) gäminiň daşary ýurt döwletiniň baýdagynyň astynda ýüzmäge hukugy gämä Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň astynda ýüzmäge hukuk berlen pursatynda wagtlaýyn togtadylan ýa-da togtadyljak bolsa,

wagtlaýyn berlip bilner.

Gämä Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň astynda ýüzmäge hukuk bir ýyldan köp bolmadyk möhlete berlip bilner, şonda oňa her ýyl möhletini uzaltmak hukugy berilýär, ýöne ol berbout-çarteriň hereket edýän möhletinden artyk bolmaly däldir. Baýdagy çalşyrmak maksady üçin berbout-çarteriň hereket edýän möhleti bir ýyldan az bolup bilmez.

Gämä Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň astynda ýüzmäge hukuk berlende, gäminiň adynyň nähili bolmalydygyny Suw ulaglary boýunça ygtyýarly edara Türkmenistanyň Ministrler Kabineti bilen ylalaşyp kesgitleýär.

5. Gämä Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň astynda ýüzmäge hukuk berilmegi hakyndaky çözgüdiň ýatyrylmagy gämä ýüzmäge hukugyň berilmegi hakyndaky çözgüdiň kabul edilişi ýaly tertipde amala aşyrylýar.

*(2014-nji ýylyň 1-nji martyndakyTürkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda-Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., № 1, 49-njy madda)*

**13-nji madda. Gäminiň milli degişliligi**

Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň astynda ýüzmäge hukuk berlen gäminiň Türkmenistana milli degişliligi bolup, ol Türkmenistanyň Döwlet baýdagyny götermäge borçludyr.

**14-nji madda. Gäminiň Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň astynda ýüzmäge hukugyny ýitirmegi**

Gämi şu aşakdaky halatlarda Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň astynda ýüzmäge hukugyny ýitirýär:

1) ol şu Kodeksiň 12-nji maddasynyň birinji böleginde göz öňünde tutulan talaplara laýyk gelmegini bes eden bolsa;

2) şu Kodeksiň 12-nji maddasynyň dördünji bölegine laýyklykda, Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň astynda ýüzmäge hukugynyň berlen möhleti tamamlanan bolsa ýa-da gämä şeýle hukugy bermek hakyndaky çözgüt ýatyrylan bolsa.

**15-nji madda. Gäminiň wagtlaýyn daşary ýurt döwletiniň baýdagynyň astyna geçirilmegi**

1. Döwlet gämi sanawynda ýa-da gämi kitabynda bellige alnan gämi berbout-çarter boýunça daşary ýurt frahtlaýana peýdalanmaga we eýelik etmäge berlende, şeýle gämi Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgüdi esasynda daşary ýurt döwletiniň baýdagynyň astyna wagtlaýyn geçirilip bilner.

2. Gämi daşary ýurt döwletiniň baýdagynyň astyna iki ýyldan köp bolmadyk möhlete, berbout-çarteriň hereket ediş möhletinden artyk bolmadyk möhlete uzaldylmak hukugy bilen geçirilip bilner. Baýdagy çalşyrmak maksady üçin, berbout-çarteriň hereket ediş möhleti bir ýyldan az bolup bilmez.

3. Daşary ýurt döwletiniň baýdagynyň astyna geçirilen gämi şol döwletiň gämiler sanawynda bellige alynmalydyr we şol pursatdan başlap, onuň Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň astynda ýüzmäge hukugy togtadylýar.

## 3 bap. Gäminiň identifikasiýasy

**16-njy madda. Gäminiň ady**

1. Döwlet gämi sanawynda ýa-da gämi kitabynda bellige alynmaga degişli gäminiň öz ady bolmalydyr.

2. Gäminiň eýesi Suw ulaglary boýunça ygtyýarly edara tarapyndan bellenilen tertipde gämä at dakýar ýa-da onuň adyny üýtgedýär.

Gäminiň adynyň üýtgedilendigi hakynda Türkmenistanyň gämi sanawlarynda ýazgy edilýär, bu barada gäminiň eýesi haýal etmän, girew saklaýjylara, gäminiň bellige alnan ipotekalaryna we Halkara klassifikasion jemgyýete – Klassifikasion Jemgyýetleriň Halkara Assosiasiýasynyň (KJHA) agzasyna mälim edýär.

*(2014-nji ýylyň 1-nji martyndakyTürkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda- Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., № 1, 49-njy madda)*

### 17-nji madda. Çagyryş signaly

1. Gämä çagyryş signaly, gämi hemra aragatnaşyk bekediniň identifikasion belgisi hem-de gämi bekediniň saýlaýyş çagyryşynyň belgisi berilýär.

2. Çagyryş signalyny, gämi hemra aragatnaşyk bekediniň identifikasion belgisini we gämi bekediniň saýlaýyş çagyryşynyň belgisini bermegiň tertibini aragatnaşyk babatda, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan ygtyýarly edilen ýerine ýetiriji häkimiýetiň merkezi edarasy belleýär.

*(2017-nji ýylyň 25-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda- Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 4, 168-nji madda)*

## 4 bap. Gämilere tehniki gözegçilik we gämi resminamalary

### 18-nji madda. Gämilere tehniki gözegçilik we klassifikasiýalaşdyryjy edaralar

Gämileriň şu Kodeksiň 19-njy maddasynyň ikinji böleginde görkezilen tehniki gözegçiligi we olaryň klassifikasiýasy Klassifikasion Jemgyýetleriň Halkara Assosiasiýasynyň (KJHA) agzasy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan ygtyýarly edilen Klassifikasion jemgyýet (mundan beýläk - Klassifikasion jemgyýet) tarapyndan amala aşyrylýar.

### 19-njy madda. Gämilere tehniki gözegçilik

1. Gämi diňe howpsuz gämi gatnawynyň talaplaryna laýyklygy anyklanylandan soň, ýüzüşe goýberilip bilner.

2. Klassifikasion jemgyýet özüniň ygtyýarlyklaryna laýyklykda ýolagçy gatnadýan, ýük-ýolagçy gatnadýan, nebit we nebit önümlerini daşaýan gämilere, tirkeg gämilere, şeýle-de esasy hereketlendirijileriniň kuwwaty azyndan 75 kilowat bolan, beýleki özi ýöreýän gämilere hem-de sygymlylygy azyndan 80 tonna bolan, özi ýöremeýän gämilere tehniki gözegçiligi amala aşyrýar, muňa täjirçilik maksatlary bolmadyk sport we gezelenç gämileri girmeýär.

3. Özleriniň esasy hereketlendirijileriniň kuwwatyna we sygymlylygyna garamazdan, sport we gezelenç gämileriniň, şeýle-de şu maddanyň ikinji böleginde bellenilen kadalar ulanylmaýan beýleki gämileriň tehniki gözegçiligi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kiçi göwrümli gämilere tehniki gözegçiligi amala aşyrmaga ygtyýarly edilen döwlet edaralary tarapyndan berjaý edilýär.

*(2014-nji ýylyň 1-nji martyndakyTürkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda-Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., № 1, 49-njy madda)*

**20-nji madda. Gämileriň klaslara bölünişi**

Klassifikasion jemgyýet özüniň ygtyýarlyklaryna laýyklykda, şu Kodeksiň 19-njy maddasynyň ikinji böleginde görkezilen gämilere klas derejesini berýär. Gämilere klas derejesiniň berilmegi klassifikasion şahadatnamalar bilen tassyklanylýar.

**21-nji madda. Gämi resminamalary**

1. Gämide şu aşakdaky esasy gämi resminamalary bolmalydyr:

1) Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň astynda ýüzmäge hukugy hakyndaky şahadatnama;

2) gämä eýeçilik hukugy hakynda şahadatnama;

3) gäminiň ekipažynyň iň az düzümi hakynda şahadatnama;

4) ýüzmäge ýaramlylygy hakynda şahadatnama;

5) ýolagçy şahadatnamasy (ýolagçy gatnadýan gämi üçin);

6) ölçeg şahadatnamasy;

7) ýük markasy hakynda şahadatnama;

8) nebit bilen hapalanmanyň öňüni almak hakynda şahadatnama;

9) akdyrylýan hapa suwlar bilen hapalanmanyň öňüni almak hakynda şahadatnama;

10) zibil bilen hapalanmanyň öňüni almak hakynda şahadatnama;

11) gämi radiostansiýasy baradaky ygtyýarnama we radiožurnal (eger gämide gämi radiostansiýasy bar bolsa);

12) gämi ekipažynyň şahslarynyň sanawy;

13) gämi žurnaly;

14) maşyn žurnaly (mehaniki hereketlendirijisi bolan gämiler üçin);

15) arassaçylyk žurnaly;

16) akdyrylýan hapa suwlar bilen baglylykdaky işleriň žurnaly;

17) zibil bilen baglylykdaky işleriň žurnaly;

18) nebit daşaýan tanker däl gämiler üçin, nebit bilen baglylykdaky işleriň žurnaly;

19) nebit tankerleri üçin, nebit bilen baglylykdaky işleriň žurnaly;

20) ýüzmäge hukugy hakynda gämi arassaçylyk şahadatnamasy;

21) klassifikasion şahadatnama;

22) gäminiň radioenjamlary boýunça howpsuzlygy hakynda şahadatnama;

23) enjamlary we üpjünçiligi üçin şahadatnama;

24) gämi goragy hakynda halkara şahadatnamasy;

25) howpsuz dolandyryş hakynda şahadatnama;

26) kompaniýanyň laýyklygy hakynda resminamanyň nusgasy;

27) gäminiň goralmagy hakynda şahadatnama.

Gämide Türkmenistanyň kanunçylygynda we halkara şertnamalarynda, şeýle hem Klassifikasion jemgyýeti tarapyndan tassyklanylan düzgünlerde göz öňünde tutulan beýleki gämi resminamalary hem bolup biler.

2. Arassaçylyk, karantin we beýleki gözegçilikler üçin ulanylýan gämide ýük markasy hakynda şahadatnamasy we ölçeg şahadatnamasy bolman biler. Şeýle gäminiň sygymlylygy degişli şahadatnama bermek arkaly ýönekeýleşdirilen usul bilen kesgitlenilip bilner.

Kenarýaka ýüzüşini amala aşyrýan gämide, eger şu Kodeksiň 19-njy maddasynyň üçünji bölegine laýyklykda, gämilere gözegçiligi alyp barýan döwlet tehniki gözegçilik edaralary tarapyndan başgalar bellenilmedik bolsa, gämi, maşyn we arassaçylyk žurnallary bolman biler.

3. Daşary ýurtlara ýüzüşe çykýan gämileriň gämi resminamalarynyň bellenilen sanawyndan başga-da Türkmenistanyň halkara şertnamalarynda we Halkara deňiz guramasynyň konwensiýalarynda göz öňünde tutulan resminamalary bolmalydyr.

*(2014-nji ýylyň 1-nji martyndakyTürkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda-Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., № 1, 49-njy madda)*

**22-nji madda. Kiçi göwrümli gämiler üçin gämiresminamalary**

1. Kiçi göwrümli gämileriň şu aşakdaky gämi resminamalary bolmalydyr:

l) gämi petegi;

2) ýüzmäge ýaramlydygy hakynda şahadatnama;

3) gämi ekipažynyň şahslarynyň sanawy.

2. Şu maddanyň birinji böleginde görkezilen gämide bolmaly gämi petegi Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň astynda ýüzmäge hukugy, gäminiň eýeçilik hukugy esasynda belli bir subýekte degişlidigini we gäminiň sygymlylygyny tassyklaýar.

*(2014-nji ýylyň 1-nji martyndakyTürkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda-Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., № 1, 49-njy madda)*

**23-nji madda. Gämi resminamalaryny berýän edaralar**

1. Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň astynda ýüzmäge hukugy hakynda şahadatnama, gämi petegi we gämä eýeçilik hukugy hakynda şahadatnama hem-de gäminiň ekipažynyň iň az düzümi hakynda şahadatnama gämini bellige alýan edara tarapyndan berilýär.

2. Ýüzmäge ýaramlydygy hakynda şahadatnamany, şu Kodeksiň 19-njy maddasynyň ikinji we üçünji böleklerine laýyklykda, gämä tehniki gözegçiligi amala aşyrýan edara berýär.

3. Ölçeg şahadatnamasy, ýolagçy şahadatnamasy, ýüküň markasy hakynda şahadatnama, nebit bilen hapalanmanyň öňüni almak hakynda şahadatnama, akdyrylýan hapa suwlar bilen hapalanmanyň öňüni almak hakynda şahadatnama we zibil bilen hapalanmanyň öňüni almak hakynda şahadatnama Klassifikasion jemgyýet tarapyndan berilýär. Olaryň ygtyýar bermegi bilen, gämileriň käbir kategoriýalary ölçeg şahadatnamasyny ýa-da ýük markasy hakynda şahadatnamany edinmän bilerler.

4. Halkara gatnawyny amala aşyrýan gämiler üçin Türkmenistanyň halkara şertnamalarynda göz öňünde tutulan gämi resminamalary Klassifikasion jemgyýet tarapyndan berilýär.

5. Gämi radiobekedi üçin ygtyýarnama şu Kodeksiň 8-nji maddasyna laýyklykda berilýär.

6. Gäminiň ýüzmäge hukugy hakynda gämi arassaçylyk şahadatnamasy Türkmenistanyň Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreş gullugynyň ýerli edaralary tarapyndan berilýär.

7. Şu maddada görkezilen resminamalaryň berlenligi üçin, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ýygymlar alynýar.

**24-nji madda. Daşary ýurt döwletiniň baýdagy astynda ýüzýän gäminiň gämi resminamalarynyň ykrar edilmegi**

Daşary ýurt döwletiniň baýdagy astynda ýüzýän we Türkmenistanyň deňiz portlaryna gelýän gäminiň gämi resminamasyny ykrar etmek Türkmenistanyň halkara şertnamalary esasynda amala aşyrylýar.

**25-nji madda. Gämi resminamalaryna bildirilýän talaplar**

Gämide nusgasy şeýle resminamalary beren edara tarapyndan tassyklanylan, gämä eýeçilik hukugy hakynda şahadatnamadan we gämi peteginden başga, ähli gämi resminamalarynyň asyl nusgalary bolmalydyr.

**26-njy madda. Gämi resminamalaryny ýöretmegiň kadalary. Gämi žurnalynyň saklanyşy**

1. Gämi ekipažynyň şahslarynyň sanawy we şu Kodeksiň 21-nji maddasynyň birinji böleginiň 13-19-njy bentlerinde görkezilen gämi žurnallary degişlilikde, Suw ulaglary boýunça hem-de Balykçylyk boýunça ygtyýarly edaralar tarapyndan bellenilen düzgünlere laýyklykda ýöredilýär.

2. Gämi žurnaly soňky ýazgylaryň ýazylan gününden başlap, iki ýylyň dowamynda gämide saklanylýar. Şu görkezilen möhlet tamamlanandan soň, gämi žurnaly gämini bellige alan edara saklamaga tabşyrylýar.

3. Gämi žurnaly degişli maglumat almaga hukugy bolan şahslara tanyşmak üçin we onuň nusgasyny göçürip almak üçin berilýär.

Gämi Türkmenistanyň çäklerinden daşyna satylan halatynda, gämi žurnaly gäminiň satylmagyndan öňki döwre degişli maglumat almaga hukugy bolan şahslara onuň bilen tanyşmak we onuň nusgasyny göçürip almak üçin berilýär.

## III BÖLÜM. GÄMILERIŇ WE OLARA BOLAN HUKUKLARYŇ BELLIGE ALNYŞY

**27-nji madda. Türkmenistanyň gämileriniň sanawlary**

1. Gämi Türkmenistanyň gämileriniň sanawlarynyň birinde bellige alynmaga degişlidir, şol sanda:

1) Döwlet gämi sanawynda;

2) gämi kitabynda;

3) berbout-çarter sanawynda.

2. Eýeçilik hukugy we gämi babatda beýleki zat-emläk hukuklary, şeýle-de oňa bolan hukuklaryň (ynançly dolandyryş, ipoteka we başgalar) çäklendirilmesi (borç ýüklenmesi) Döwlet gämi sanawynda ýa-da gämi kitabynda bellige alynmalydyr.

3. Döwlet gämi sanawynda ýa-da gäminiň gämi kitabynda gäminiň, gämä eýeçilik hukugynyň we gaýry zat-emläk hukuklarynyň, şeýle-de oňa bolan hukuklaryň çäklendirmeleriniň (borç ýüklenmeleriň) bellige alynmagy bellige alnan hukugyň bar bolmagynyň ýeke-täk subutnamasy bolup durýar we oňa diňe kazyýet tertibinde garşy çykyp bolar.

4. Şu Kodeksiň 19-njy maddasynyň ikinji bölegine laýyklykda, tehniki gözegçilik we gämileri klaslara bölüş edaralary tarapyndan tehniki gözegçiligi geçirilen gämiler Döwlet gämi sanawynda bellige alynmalydyr.

Tehniki gözegçiligi geçirýän edaralar tarapyndan tehniki gözegçilik amala aşyrylýan gämiler şu Kodeksiň 19-njy maddasynyň üçünji bölegine laýyklykda, gämi kitaplarynda bellige alynmaga degişlidir.

Katerler, şlýupkalar we gämä degişli bolan beýleki ýüzüş serişdeleri Döwlet gämi sanawynda we gämi kitaplarynda bellige alynmaga degişli däldir.

5. Şu Kodeksiň 12-nji maddasynyň dördünji bölegine laýyklykda, Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň astynda ýüzmäge wagtlaýyn hukuk berlen gämiler berbout-çarter sanawynda bellige alynmaga degişlidir.

6. Gämileriniň sanawlary olarda bar bolan maglumatlary almaga gyzyklanma bildirýän islendik şahslar üçin açykdyr. Gyzyklanma bildirýan şahslaryň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bellenilen nyrh boýunça töleg töläp, gämi sanawlaryndan degişli suratda resmileşdirilen göçürmäni almaga haky bardyr.

**28-nji madda. Diňe täjirçilik işine degişli bolmadyk hökümet işi üçin peýdalanylýan gämiler**

1. Diňe täjirçilik işine degişli bolmadyk hökümet işi üçin peýdalanylýan gämileri bellige almak şu bölümde bellenilen düzgünlere laýyklykda Döwlet gämi sanawynda ýa-da gämi kitabynda amala aşyrylýar, muňa harby-kömekçi gämiler we serhet gämileri girmeýär.

2. Bellige alnyşy şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulanlardan başga hili tertipde amala aşyrylýan gämiler täjirçilik maksatlary üçin peýdalanylan halatynda, şu bölümde bellenilen düzgünlere laýyklykda gaýtadan bellige alnyp bilýärler.

**29-njy madda. Gämileri bellige almagy amala aşyrýan edaralar**

1. Şu Kodeksiň 19-njy maddasynyň ikinji böleginde görkezilen gämileriň bellige alynmagy Suw ulaglary boýunça ygtyýarly edara tarapyndan amala aşyrylýar, bellige alynmagy Balykçylyk boýunça ygtyýarly edara tarapyndan amala aşyrylýan balyk tutujy flotuň gämileri muňa degişli däldir.

2. Şu Kodeksiň 19-njy maddasynyň üçünji böleginde görkezilen gämileri bellige almak şeýle gämilere tehniki gözegçilik edýan edaralar tarapyndan amala aşyrylýar.

*(2014-nji ýylyň 1-nji martyndakyTürkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda- Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., № 1, 49-njy madda)*

**30-njy madda. Gämileriň bellige alnanlygy üçin ýygymlar**

Gämileriň Döwlet gämi sanawynda, gämi kitabynda we berbout-çarter sanawynda bellige alnanlygy üçin hem-de olara girizilýän islendik üýtgeşmeler üçin Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bellenilen tertipde ýygym alynýar.

**31-nji madda. Gämileri bellige almagyň şertleri**

1. Gämi gämileriň sanawlarynyňl diňe birinde bellige alnyp bilner.

2. Daşary ýurt döwletiniň gämileriniň sanawynda bellige alnan gämi daşary ýurt döwletiniň gämileriniň sanawyndan çykandan we gäminiň şeýle sanawdan çykanlygyny tassyklaýan şahadatnama görkezilenden soňra, Döwlet gämi sanawynda ýa-da gämi kitabynda bellige alnyp bilner.

Eger-de gämi Döwlet gämi sanawyndan ýa-da gämi kitabyndan bellenilen tertipde çykarylmadyk bolsa, gäminiň daşary ýurt döwletiniň sanawynda bellige alnanlygy ykrar edilmeýär.

**32-nji madda. Gäminiň berbout-çarter sanawynda bellige alnyşy**

1. Berbout-çarter sanawynda daşary ýurt döwletiniň gämileriniň sanawynda bellige alnan gämi, oňa şu Kodeksiň 12-nji maddasynyň dördünji bölegine laýyklykda Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň astynda ýüzmäge hukugyň wagtlaýyn berlenligi hakyndaky çözgüdiň kabul edilen gününden beýläk, bir aýyň dowamynda bellige alynmaga degişlidir.

Gämini bellige almak berbout-çarter boýunça gämini frahtlaýanyň arzasy esasynda amala aşyrylýar, şunda onuň ýanyna bellige almak üçin zerur bolan aşakdaky resminamalar hem goşulýar:

1) eger-de ipoteka ýa-da borç ýüklenme bellenilen bolsa, gäminiň eýesini we gäminiň bellige alnan ipotekasyna ýa-da gäminiň bellige alnan şonuň ýaly häsiýetli borç ýüklenmesine girew saklaýjysyny görkezmek bilen gämi baýdagynyň çalşylmagyndan öň bellige alnan wagtyndaky daşary ýurt döwletiniň gämileriň sanawyndan göçürme;

2) gäminiň eýesiniň we gäminiň bellige alnan ipotekasynyň ýa-da gäminiň şonuň ýaly häsiýetli bellige alnan borç ýüklenmesiniň girew saklaýjysynyň gämini Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň astyna geçirmegi barada ýazmaça görnüşdäki razyçylygy;

3) gäminiň baýdagynyň çalşylmagyndan öň bellige alnan wagtyna degişli, daşary ýurt döwletiniň ygtyýarly häkimiýetleri tarapyndan berlen, şeýle döwletiň baýdagynyň astynda ýüzmäge hukugynyň gämä Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň astynda ýüzmäge hukugynyň berilmeli möhletinde wagtlaýyn togtadylandygyny tassyklaýan resminama;

4) berbout-çarteriň asyl nusgasy we nusgasy;

5) ýüzmäge ýaramlylyk hakyndaky şahadatnama;

6) ölçeg şahadatnamasy;

7) ýolagçy şahadatnamasy (ýolagçy gatnadýan gämi üçin);

8) gämä Halkara deňiz guramasy tarapyndan berlen identifikasion bellik hakyndaky maglumatlar;

9) berbout-çarter boýunça frahtlaýanyň şu Kodeksiň 12-nji maddasynyň birinji bölegine laýyklykda gäminiň eýesine bildirilýän talaplaryna laýyk gelýändigini tassyklaýan resminama;

**10-njy bent – 01.03.2014 ý. № 49-V Türkmenistanyň Kanuny esasynda güýjüni ýitiren.**

2. Gämi berbout-çarter sanawynda bellige alnanda, gämä Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň astynda ýüzmäge hukugyň wagtlaýyn berilmegi hakyndaky çözgütde görkezilen möhlete Türkmenistanyň Döwlet baýdagy astynda ýüzmäge hukugy hakyndaky şahadatnama berilýär.

**33-nji madda. Döwlet gämi sanawyna ýa-da gämi kitabyna girizilmäge degişli maglumatlar**

1. Gämileriň bellige alynmagy Döwlet gämi sanawynda ýa-da gämi kitabynda gäminiň eýesiniň (eýeleriniň) adyna amala aşyrylýar.

2. Döwlet gämi sanawyna ýa-da gämi kitabyna aşakdaky esasy maglumatlar girizilýär:

1) gäminiň tertip boýunça bellige alnan belgisi we onuň bellige alnan senesi;

2) gäminiň ady (häzirki hem öňki), gäminiň şondan öňki bellige alnan porty (ýeri) hem-de onuň ýatyrylan senesi (eger şeýle ýagdaýlar bar bolsa);

3) gäminiň bellige alnan portunyň (ýeriniň) ady we Halkara deňiz guramasy tarapyndan gämä berlen identifikasion belgi;

4) gäminiň çagyryş signaly;

5) gämini guran werfiň ady, ýeri we gurlan ýyly;

6) gäminiň görnüşi we niýetlenilen maksady, onuň ýüzýän sebiti;

7) gäminiň esasy tehniki häsiýetnamalary, şol sanda gäminiň sygymlylygy (umumy we sap sygymlylygy), doly ýük göterijiligi we esasy ölçegleri;

8) gäminiň eýesiniň (eýeleriniň) ady, raýatlygy we salgysy;

9) eger gäminiň birnäçe eýesi bar bolsa, umumy paýly eýeçilikde her bir eýä düşýän paý;

10) gämä ýa-da gäminiň bir bölegine bolan eýeçilik hukugynyň döremeginiň esaslary (satmak - satyn almak şertnamasy, gämini gurmak şertnamasy, we başgalar);

11) eger gäminiň eýesi däl bolsa, gämä wagtlaýyn eýelik edýäniň ady we salgysy;

12) gämi ynançly dolandyryja dolandyrmak üçin berlende onuň ady we salgysy;

13) eger gäminiň ipotekasy şu Kodeksiň 342-nji we 343-nji maddalaryna laýyklykda bellenen bolsa, şol bellige alnan ipotekasy hakyndaky maglumatlar;

14) gäminiň Döwlet gämi sanawyndan ýa-da gämi kitabyndan çykarylmagyna bolan esas we onuň çykarylan senesi.

3. Gämi daşary ýurt döwletiniň baýdagynyň astyna wagtlaýyn geçirilende Döwlet gämi sanawyna ýa-da gämi kitabyna aşakdaky maglumatlar hem girizilýär:

1) gämini daşary ýurt döwletiniň baýdagynyň astyna geçirmek hakyndaky çözgüdi kabul eden ýerine ýetiriji häkimiýetiň merkezi edarasynyň görkezilmegi we şeýle çözgüdiň kabul edilen senesi;

2) gäminiň daşary ýurt döwletiniň baýdagynyň astyna geçirilmegine ygtyýar berilýän möhlet;

3) gämä öz baýdagynyň astynda ýüzmäge ygtyýar beren döwletiň ady;

4) Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň astynda ýüzmäge hukugynyň togtadylan senesi.

*(2014-nji ýylyň 1-nji martyndaky; 2017-nji ýylyň 25-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda- Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., № 1, 49-njy madda; 2017 ý., № 4, 168-nji madda)*

**34-nji madda. Berbout-çarter sanawyna girizilmäge degişli maglumatlar**

1. Berbout-çarter sanawynda gämileri bellige almak gämini berbout-çarter boýunça frahtlaýanyň adyna amala aşyrylýar.

2. Berbout-çarter sanawyna şu aşakdaky esasy maglumatlar girizilýär:

1) gäminiň ady;

2) gäminiň eýesiniň ady we salgysy;

3) berbout-çarter boýunça gämini frahtlaýanyň ady we salgysy;

4) berbout-çarteriň baglaşylan senesi we onuň hereket ediş möhleti;

5) gämä Türkmenistanyň Döwlet baýdagy astynda ýüzmek hukugy berlen möhletiň tamamlanýan senesi;

6) gäminiň baýdagynyň göniden-göni çalşylmazyndan öň bellige alnan daşary ýurt döwletiniň gämileriniň sanawy hakyndaky maglumatlar, şunda şeýle sanaw ýöredilýän döwletiň kanunçylygynyň gämä bolan eýeçilik hukugy barada, şeýle-de gämi üçin ipoteka ýa-da şeýle sanawda bellige alnan şonuň ýaly häsiýetdäki borç ýüklenme boýunça ulanylýandygy görkezilýär.

Gäminiň ipotekasynyň ýa-da gäminiň şonuň ýaly häsiýetli borç ýüklenmesiniň girew saklaýjysynyň haýşy boýunça, berbout-çarter sanawyna girew saklaýjynyň ady hem-de gäminiň baýdagy çalşylmazdan öň, daşary ýurt döwletiniň gämileriniň sanawynda bellige alnan gäminiň ipotekasynyň ýa-da gäminiň şonuň ýaly häsiýetdäki borç ýüklenmä degişli beýleki maglumatlar girizilip bilner.

**35-nji madda. Gämileriň sanawlaryna girizilýän maglumatlaryň üýtgemegi hakynda habar bermek borjy**

Gäminiň eýesi ýa-da berbout-çarter boýunça gämini frahtlaýan Döwlet gämi sanawyna, gämi kitabyna ýa-da berbout-çarter sanawyna girizilýän maglumatlaryň islendik üýtgemeleri hakynda, şeýle üýtgetmäniň özüne mälim bolan gününden beýläk iki hepdäniň içinde, gäminiň bellige alnan edarasyna habar bermäge borçludyr.

**36-njy madda. Gurlan gäminiň we Türkmenistanyň çäginden daşarda satyn alnan gäminiň ilkibaşdaky bellige alnyşy**

Gurlan gäminiň ilkibaşdaky bellige alnyşy Döwlet gämi sanawynda ýa-da gämi kitabynda onuň suwa goýberilen gününden beýläk bir aýyň dowamynda amala aşyrylmalydyr, Türkmenistanyň çäginden daşarda satyn alnan gämi bolsa, - Türkmenistanyň deňiz portuna gelen gününden beýläk bir aýyň dowamynda bellige alynmalydyr.

**37-nji madda. Gäminiň gaýtadan bellige alnyşy**

Eger bir hadysanyň netijesinde ýa-da başga sebäplere görä, gämi Döwlet gämi sanawyna ýa-da gämi kitabyna öň girizilen maglumatlara laýyk gelmegini bes etse, onda gäminiň ýüzmäge ýaramlydygy anyklanylandan we ýüzüşe ýaramlydygy hakyndaky şahadatnama alnandan soň, gämi gaýtadan bellige alynýar.

**38-nji madda. Gäminiň bellige alnanlygyny tassyklaýan gämi resminamalarynyň ýitirilmegi**

1. Eger-de Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň astynda ýüzmäge hukugy hakyndaky şahadatnamasy ýa-da gämi petegi ýitirilen halatynda, şonuň ýaly resminamalaryň öwezlik nusgalary gämini bellige alan edara tarapyndan berilýär.

2. Eger şu maddanyň birinji böleginde görkezilen gämi resminamalary gäminiň Türkmenistanyň çäginden daşarda bolan wagtynda ýitirilen bolsa, Türkmenistanyň konsullyk edarasy tarapyndan, gäminiň kapitanynyň arzasy esasynda, Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň astynda ýüzmäge hukugy hakynda wagtlaýyn şahadatnama ýa-da wagtlaýyn gämi petegi berilýär, gämi Türkmenistanyň portuna gelenden soň, şeýle gämi resminamalarynyň öwezlik nusgalaryny almak üçin, olar on günüň içinde gäminiň bellige alnan edarasyna berilmelidir.

**39-njy madda. Gämini we oňa bolan hukuklary bellige almakdan ýüz öwürmek**

Şu aşakdaky ýagdaýlarda gämini we oňa bolan hukuklary bellige almakdan ýüz öwrülip bilner, ýagny:

1) bellige almak hakyndaky arza bilen degişli däl şahs ýüzlenen bolsa;

2) gämini öňki gämileriň sanawyndan çykarmak hakyndaky şu Kodeksiň 31-nji maddasynyň ikinji böleginiň birinji bendinde göz öňünde tutulan talaplar berjaý edilmedik bolsa;

3) gämä bolan hukuklary bellige aldyrmak üçin berlen resminamalarda Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan talaplar berjaý edilmedik bolsa;

4) gämi hakynda hukuk belleýji resminamany beren şahsyň gämä görkezme bermek hukugyna ygtyýary bolmasa;

5) gämi hakynda hukuk belleýji resminama arza berijiniň gämä hukugynyň ýoklugyny subut edýän bolsa;

6) arza berijiniň bellige alynmagyny haýyş edýän, gämä bolan hukuklary şu Kodekse laýyklykda bellige alynmaga degişli hukuklar däl bolsa.

**40-njy madda. Gäminiň Döwlet gämi sanawyndan ýa-da gämi kitabyndan çykarylmagy**

Şu aşakda agzalyp geçilýän, ýagny:

1) heläk bolan ýa-da dereksiz ýiten;

2) konstruktiw heläk bolan;

3) üýtgedilip gurulmagy ýa-da beýleki üýtgetmeler netijesinde hilini ýitiren;

4) şu Kodeksiň 12-nji maddasynyň birinji böleginde göz öňünde tutulan talaplara laýyk gelmegini bes eden,

gämi Döwlet gämi sanawyndan ýa-da gämi kitabyndan hökmany çykarylmaga degişlidir.

**41-nji madda. Dereksiz ýiten gämi**

Eger gämi hakynda soňky habaryň gelen ýerinden barmaly portuna çenli kadaly şertlerde geçmek üçin zerur bolan möhletden iki esse köp möhlet içinde gämiden hiç hili habar gowuşmasa, gämi dereksiz ýiten hasap edilýär. Gämini dereksiz ýiten diýip ykrar etmek üçin zerur bolan möhlet gämi hakynda soňky habar gelen gününden soň, bir aýdan az bolup we üç aýdan köp bolup bilmez, harby hereketleriň bolýan şertlerinde alty aýdan az bolup bilmez.

**42-nji madda. Konstruktiw heläk bolan gämi**

Şu aşakda agzalyp geçilýän halatlarda zeper ýetirilen gämi konstruktiw heläk bolan gämi hasaplanylýar:

1) eger gäminiň bolýan ýerinde, gäminiň äkidilip bilinjek islendik başga ýerinde gami gaýtadan dikeldilip bilinmejek bolsa;

2) gämini abatlamak ykdysady taýdan maksadalaýyk däl bolsa.

**43-nji madda. Gäminiň bellige alnan portunyň (ýeriniň) üýtgemegi**

1. Gäminiň bellige alnan porty (ýeri) gämä eýelik edýäniň arzasy boýunça üýtgedilip bilner.

2. Gäminiň bellige alnan portunyň (ýeriniň) üýtgemegi Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bellige alynmalydyr.

*(2014-nji ýylyň 1-nji martyndakyTürkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda- Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., № 1, 49-njy madda)*

**44-nji madda. Gäminiň bellige alnyş düzgünleriniň bozulanlygy üçin jogapkärçilik**

Gäminiň hökmany bellige alynmagyndan boýun gaçyrýan, şeýle-de gämini şu Kodeksiň düzgünlerini bozmak bilen bellige aldyran ýa-da gämileriň sanawlaryna girizilýän maglumatlaryň üýtgänligi hakynda habar bermek borjuny bozan şahs Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan jogapkärçiligi çekýär.

## IV BÖLÜM. GÄMINIŇ EKIPAŽY. GÄMINIŇ KAPITANY

### 1 bap. Gäminiň ekipažy

**45-nji madda. Gäminiň ekipažynyň düzümi**

1. Gäminiň ekipažynyň düzümine gäminiň kapitany, gäminiň komanda düzümindäki beýleki şahslar we gämi komandasy girýär.

2. Gäminiň komanda düzümine kapitandan başga, gäminiň kapitanynyň kömekçileri, mehanikler, elektrik mehanikler, radio hünärmenleri we lukmanlar girýär. Suw ulaglary boýunça ygtyýarly edara we Balykçylyk boýunça ygtyýarly edara tarapyndan gäminiň komanda düzümine beýleki hünärmenler hem girizilip bilner.

3. Gämi komandasy gäminiň komanda düzümine degişli däl şahslardan ybarat bolýar.

**46-njy madda. Gäminiň ekipažynyň iň az düzümi**

1. Gäminiň bortunda gäminiň ekipažynyň iň az düzümi bolmalydyr, ol gäminiň howpsuz ýüzmegini we daşky gurşawy gorap saklamagyny doly üpjün etmäge ukyply bolmalydyr.

2. Gäminiň ekipažynyň iň az düzümi balyk tutujy flotuň gämisi hasaba alynmazdan, gäminiň görnüşine we wezipesine, şeýle-de gäminiň ýüzýän sebitine baglylykda, Suw ulaglary boýunça ygtyýarly edara tarapyndan, balyk tutujy flotuň gämileriniňki – Balykçylyk boýunça ygtyýarly edara tarapyndan kärdeşler arkalaşyklarynyň degişli edarasy bilen ylalaşylmak boýunça bellenilýär.

3. Gäminiň ekipažynyň gäminiň howpsuz ýüzmegini we daşky gurşawy gorap saklamagyny üpjün edýän iň az düzümi hakyndaky şahadatnama, gämini bellige alan Suw ulaglary boýunça ygtyýarly edara ýa-da Balykçylyk boýunça ygtyýarly edara tarapyndan berilýär.

**47-nji madda. Gäminiň ekipaž agzalarynyň diplomlaşdyrylmagy**

1. Gäminiň ekipaž agzalarynyň wezipelerini eýelemäge gämileriň ekipaž agzalaryny diplomlaşdyrmak hakyndaky Düzgünnama laýyklykda Suw ulaglary boýunça ygtyýarly edara tarapyndan berilýän diplomlary we kwalifikasion şahadatnamalary bolan şahslar goýberilýär.

2. Gäminiň ekipaž agzalary öz diplomlaryna we kwalifikasion şahadatnamalaryna laýyklykda öz borçlaryny ýerine ýetiren halatynda başarjansyzlygy, hereketleri (hereketsizlikleri) netijesinde adamlaryň janyna, deňizdäki emlägiň abat saklanmagyna göniden-göni howp salýan ýa-da deňiz gurşawyna zyýan ýetirýän halatlarynda, Suw ulaglary boýunça ygtyýarly edaranyň çözgüdi esasynda olaryň diplomlary we kwalifikasion şahadatnamalary elinden alnyp ýa-da ýatyrylyp, ýa-da olaryň hereketi togtadylyp bilner.

3. Gämileriň ekipaž agzalaryny diplomlaşdyrmak hakyndaky Düzgünnama Suw ulaglary boýunça ygtyýarly edara tarapyndan tassyklanylýar.

*(2014-nji ýylyň 1-nji martyndakyTürkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda-Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., № 1, 49-njy madda)*

**48-nji madda. Gämide işlemäge ygtyýar berilýän şahslaryň saglyk ýagdaýyna bildirilýän talaplar**

Gämide işlemäge saglyk ýagdaýy boýunça şeýle işde işläp biljekdigini tassyklaýan şahadatnamalary bolan adamlara ygtyýarlyk berilýär, şeýle şahadatnamalar degişli lukmançylyk edarasy tarapyndan berilýär.

**49-njy madda. Gäminiň ekipaž agzalarynyň raýatlygy**

1. Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň astynda ýüzýän gäminiň ekipažynyň düzüminde Türkmenistanyň raýatlaryndan başga-da daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk şahslar hem bolup bilerler.

2. Daşary ýurt raýatlarynyň we raýatlygy bolmadyk şahslaryň gäminiň ekipažynyň düzümine girip bilmeginiň şertleri Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýär.

**50-nji madda. Gämidäki zähmet gatnaşyklary**

1. Gäminiň ekipaž agzalaryny işe kabul etmegiň tertibi, olaryň hukuklary we borçlary, zähmet şertleri we zähmet haklary, şeýle-de olary işden boşatmagyň tertibi hem-de esaslary Türkmenistanyň zähmet hakyndaky kanunçylygy, şu Kodeks, Gämilerde gulluk etmegiň tertipnamasy we Gäminiň ekipaž agzalarynyň düzgün-nyzamy hakynda tertipnama, köpçülikleýin we zähmet şertnamalary arkaly kesgitlenilýär.

2. Gäminiň kapitanynyň razyçylygy bolmasa, hiç kim gäminiň ekipaž agzasy bolup işlemäge kabul edilip bilinmez.

3. Gämilerde gulluk etmegiň tertipnamasy we Gäminiň ekipaž agzalarynyň düzgün-nyzamy hakynda tertipnama Suw ulaglary boýunça ygtyýarly edara tarapyndan tassyklanylýar.

*(2014-nji ýylyň 1-nji martyndakyTürkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda-Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., № 1, 49-njy madda)*

**51-nji madda. Gäminiň ekipaž agzalarynyň repatriasiýasy**

1. Türkmenistanyň çäginden daşarda bolan gäminiň ekipaž agzalarynyň aşakdaky halatlarda repatriasiýa haklary bardyr:

1) zähmet şertnamasynyň hereket ediş möhleti tamamlananda;

2) gäminiň eýesiniň ýa-da gäminiň ekipaž agzasynyň islegi boýunça Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, zähmet şertnamasy ýatyrylan wagtynda;

3) gämi heläkçiliginde;

4) gämiden daşarky ýerde bejerilmegi talap edilýän näsaglyk (şikesler) bolanda;

5) gäminiň kapitany tarapyndan Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda gulluk borçlaryny ýerine ýetirmekden çetleşdirilende;

6) bankrotlyga düşmek, gäminiň satylmagy ýa-da bellige alan döwletiň üýtgemegi sebäpli, gämä eýelik edýän tarapyndan gäminiň ekipaž agzalarynyň öňünde Türkmenistanyň kanunçylygyna we zähmet şertnamalaryna laýyklykda öz borçlaryny berjaý edip bilmese;

7) ekipaž agzalarynyň razylygy bolmazdan, gäminiň harby hereketleriň bolýan ýerine ýa-da epidemiýa howply ýere iberilende.

2. Repatriasiýa gämi ekipažynyň isleglerine görä:

1) onuň ýaşaýan döwletine;

2) gämä işe kabul edilen portuna;

3) gäminiň ekipaž agzalygyna hakyna tutulan halatynda görkezilen başga ýere, amala aýyrylýar.

3. Gämä eýelik edýän repatriasiýany degişli derejede we çalt guramaga borçludyr, bu howa ulagy arkaly hem amala aşyrylyp bilner, onuň ýok halatynda ýa-da taraplaryň ylalaşmagy boýunça – ulaglaryň beýleki görnüşlerinde amala aşyrylyp bilner.

4. Repatriasiýa üçin çykdajylar gämä eýelik edýäniň hasabyna amala aşyrylýar. Repatriasiýa üçin çykdajylar:

1) repatriasiýa ýerine barmak üçin ýoluň bahasyny;

2) gäminiň ekipaž agzasynyň gämiden gaýdan pursatyndan repatriasiýa ýerine barýan pursatyna çenli iýmitiniň we ýaşaýyş ýeriniň bahasyny;

3) gäminiň ekipaž agzasynyň näsaglyk ýagdaýy ýüze çykanda, ol repatriasiýa ýerine barmaga ýarawly bolýança, saglygyny bejertmegi;

4) repatriasiýa ýerine çenli otuz kilogram goşunyň äkidilmegini;

5) gäminiň ekipaž agzasynyň gämiden gaýdan pursatyndan watanyna dolanylýan ýere barýan pursatyna çenli zähmet şertnamasy boýunça iş hakyny öz içine alýar.

5. Eger gäminiň ekipaž agzasynyň watana dolanmagyna getiren sebäpler zähmet borçlaryny ýerine ýetirýän wagtynda onuň öz günäsi bilen ýüze çykan bolsa, gämä eýelik edýäniň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda çykdajylarynyň öwezini dolmaga haky bardyr.

**52-nji madda. Gäminiň ekipaž agzasynyň şahsy emlägi**

1. Gämi bilen bolan hadysa netijesinde gäminiň ekipaž agzasynyň emlägi ýok bolan ýa-da şeýle emläge zeper ýeten (zaýalanan) halatynda gämä eýelik edýän ekipaž agzasyna ýetirilen zyýanyň öwezini dolmaga borçludyr.

2. Eger gämi bilen bolan hadysada gäminiň ekipaž agzasy günäkär diýlip ykrar edilse, onda emläge ýetirilen zyýanyň öwezi dolunmaýar.

**53-nji madda. Gämä eýelik edýäniň borçlary**

1. Gämä eýelik edýän ekipaž agzalarynyň gämide bolýan wagtynda olara:

1) howpsuz zähmet şertlerini;

2) saglygynyň goralmagyny we olara kwalifisirlenen medisina kömeginiň berilmegini;

3) zerur halas ediş serişdeleriniň bolmagyny (gäminiň ekipažynyň we ýolagçylaryň hemmesi üçin);

4) suwuň we iýmit önümleriniň bökdençsiz bolmagyny;

5) dynç almak, nahar edinmek, medisina, medeni we durmuş hyzmatyny etmek üçin arassaçylyk-gigiýena kadalaryna laýyk gelýän otaglaryň bolmagyny üpjün etmäge borçludyr.

2. Gämä eýelik edýän Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda:

1) gäminiň ekipaž agzalarynyň zähmet borçlaryny ýerine ýetirýän wagtynda olaryň janyny we saglygyny;

2) gäminiň ekipaž agzalarynyň zähmet hakyny hem-de olaryň repatriasiýa üçin edilýän çykdajylary hem goşmak bilen beýleki pullary ätiýaçlandyrmaga borçludyr.

*(2014-nji ýylyň 1-nji martyndakyTürkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda-Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., № 1, 49-njy madda)*

## 2 bap. Gäminiň kapitany

**54-nji madda. Gäminiň kapitanynyň gämini dolandyrmak we beýleki borçlary**

Gäminiň kapitanyna gämini dolandyrmak, şol sanda gämini sürmek, gäminiň howpsuz ýüzmegini üpjün etmek, gämide tertip-düzgüni saklamak, gämä, ondaky adamlara we ýüke zeper ýetmeginiň öňüni almak, daşky gurşawy goramak ýaly çäreleri görmek boýunça borçlar ýüklenilýär.

**55-nji madda. Gäminiň kapitanynyň deňizde heläkçilige uçran her bir şahsa kömek etmek borjy**

1. Eger gäminiň kapitany öz gämisine we ondaky adamlara çynlakaý howp döretmezden, kömek edip biljek bolsa, onda deňizde heläkçilige uçran her bir şahsa kömek etmäge borçludyr.

2. Şu maddanyň birinji böleginde görkezilen borjuny bozanlygy üçin, kapitan Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, jenaýat jogapkärçiligini çekýär.

*(2014-nji ýylyň 1-nji martyndakyTürkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda-Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., № 1, 49-njy madda)*

**56-njy madda. Gäminiň kapitanynyň gämiler çaknyşanlaryndan soň kömek etmek borjy**

1. Eger her bir çaknyşan gäminiň kapitany öz ýolagçylaryna, gäminiň ekipaž agzalaryna we öz gämisine çynlakaý howp döretmezden kömek edip biljek bolsa, çaknyşan beýleki gämä, onuň ýolagçylaryna we ekipaž agzalaryna kömek etmäge borçludyr.

2. Eger mümkinçilik bolsa, gämileriň kapitanlary öz gämileriniň atlaryny, olaryň bellige alnan portlary, şeýle-de özleriniň ugran we barmaly portlaryny biri-birine habar bermäge borçludyrlar.

3. Gäminiň kapitany tarapyndan şu maddanyň birinji we ikinji böleklerinde görkezilen borçlaryň bozulanlygy üçin, gämä eýelik edýän jogapkärçilik çekmeýär.

*(2014-nji ýylyň 1-nji martyndakyTürkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda-Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., № 1, 49-njy madda)*

**57-nji madda. Gäminiň kapitanynyň gaýragoýulmasyz medisina kömegini bermek borjy**

1. Eger gäminiň bortundaky şahs gäminiň deňizde ýüzüp ýören wagtynda berlip bilinmejek gaýragoýulmasyz medisina kömegine mätäç bolsa, gäminiň kapitany ýakynda ýerleşýän porta girmäge ýa-da şeýle ýagdaýdaky näsag şahsy ýakyndaky porta eltmek üçin çäre görüp, bu barada gämä eýelik edýäne habar bermäge borçludyr, şeýle-de gämi daşary ýurt portuna girende ýa-da näsag şahs daşary ýurt portuna eltilende, Türkmenistanyň konsullyk edarasyna habar bermäge borçludyr.

2. Kapitan ýokanç kesele sezewar bolandyr diýlip güman edilýän şahsy aýry saklamaga borçludyr.

**58-nji madda. Gäminiň kapitanynyň harby hereketleri halatyndaky ýa-da uruş howpunyň beýleki halatlaryndaky borçlary**

Gäminiň ugramaly portunyň ýa-da barmaly portunyň ýerleşýän sebitinde ýa-da gäminiň geçip gitmeli sebitinde harby hereketleriň bolýan halatynda, şeýle-de uruş howpunyň beýleki halatlarynda, gäminiň kapitany gäminiň, ondaky adamlaryň, resminamalaryň, şeýle-de ýükleriň we beýleki emläkleriň ýok edilmegine, olara zeper ýetirilmegine we olaryň eýelenmegine ýol berilmezlik üçin ähli çäreleri görmäge borçludyr.

**59-njy madda. Gäminiň ekipaž tarapyndan taşlanyp gidilmegi**

Eger gäminiň kapitanynyň pikirine görä, gämä gutulgysyz heläkçilik howpy abanýan bolsa, gäminiň kapitany gämidäki ýolagçylary halas etmek boýunça ähli çäreleri görenden soň, gäminiň ekipaž agzalaryna gämini taşlap gitmäge rugsat berýär. Gäminiň kapitany gämi žurnalyny, maşyn žurnalyny we radio žurnalyny, şol gatnawyň kartalaryny, nawigasion abzallaryň lentalaryny, resminamalary we gymmatly zatlary halas etmek barada özüne bagly çäreleri görenden soň, iň soňündan gämini taşlap gidýär.

**60-njy madda. Gämide tertip-düzgüni saklamak**

1. Gäminiň kapitanynyň öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde berýän görkezmeleri gämidäki ähli şahslar tarapyndan ýerine ýetirilmäge degişlidir.

2. Gäminiň kapitanynyň Türkmenistanyň kanunçylygyna we Gäminiň ekipaž agzalarynyň düzgün-nyzamy hakynda tertipnama laýyklykda, ekipaž agzalaryna höweslendiriş çärelerini ulanmaga we düzgün-nyzam temmisini bermäge haky bardyr.

Gäminiň kapitanynyň zerur bolan halatynda ekipažyň islendik agzasyny öz borçlaryny ýerine ýetirmekden çetleşdirmäge haky bardyr. Şeýle halatda degişli suratda şu Kodeksiň 51-nji maddasynda bellenilen düzgünler ulanylýar.

3. Gäminiň kapitanynyň Türkmenistanyň jenaýat kanunçylygynda göz öňünde tutulan jenaýatçylyk alamatlary bolmadyk, ýöne gämä ýa-da ondaky adamlara we emläge howp salýan hereketleri eden şahsy çetleşdirmäge haky bardyr.

*(2014-nji ýylyň 1-nji martyndakyTürkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda- Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., № 1, 49-njy madda)*

**61-nji madda. Gäminiň kapitany anyklaýyş edarasy hökmünde**

1. Ýüzüşde bolup ýören gämide Türkmenistanyň jenaýat kanunçylygynda göz öňünde tutulan jenaýatyň alamatlary ýüze çykarylan halatynda gäminiň kapitany Türkmenistanyň jenaýat-iş ýörediş kanunçylygyna gollanyp, anyklaýyş edarasynyň wezipesini ýerine ýetirýär.

2. Gäminiň kapitany Türkmenistanyň jenaýat kanunçylygynda göz öňünde tutulan jenaýaty etmekde güman edilýän şahsy tutup, ony gäminiň Türkmenistanda girjek ilkinji

portundaky ygtyýarly edaralara berýänçä, saklamaga haklydyr. Zerur bolan halatynda gäminiň kapitany, şeýle şahsy anyklaýyş materiallary bilen bilelikde, Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň astynda ýüzýän başga bir gämi bilen Türkmenistana ibermelidir.

Gäminiň kapitany, eger bu Türkmenistanyň halkara şertnamasynda göz öňünde tutulan bolsa, deňiz gämi gatnawynyň howpsuzlygyna garşy jenaýat etdi diýip hasap etmäge gäminiň kapitanynda esas bolanda, ol şahsy daşary ýurt döwletiniň ygtyýarly edaralaryna bermäge haklydyr, ýöne Türkmenistanyň raýaty muňa girmeýär. Şeýle halatda gäminiň kapitany, eger hakykatda amala aşyrmaga mümkinçilik bar bolsa, gämi daşary ýurt döwletiniň çäk deňzine girmezden öň, onuň ygtyýarly edaralaryna özüniň şeýle şahsy olara bermek hyýalynyň bardygyny we ony bermegiň sebäplerini habar etmäge, şeýle-de şol görkezilen edaralara bar bolan subutnamalary bermäge borçludyr.

3. Türkmenistanyň portlarynda bolan wagtynda gämide Türkmenistanyň jenaýat kanunçylygynda göz öňünde tutulan jenaýatyň alamatlary ýüze çykarylan halatynda, gäminiň kapitany bu barada ygtyýarly edaralara haýal etmän habar etmäge hem-de hadysanyň bolan ýeriniň goralmagyny üpjün etmäge borçludyr.

*(2014-nji ýylyň 1-nji martyndaky we 2016-njy ýylyň 12-nji ýanwaryndakyTürkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda- Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., № 1, 49-njy madda; 2016 ý., № 1, 13-nji madda)*

**62-nji madda. Gämide wesýetnama galdyrylan, çaga dogrulan we adam aradan çykan halatlarynda gämi kapitanynyň borçlary**

1. Gäminiň kapitany gämi ýüzüp ýören wagtynda gämidäki şahsyň wesýetnamasyny tassyklamaga haklydyr. Gäminiň kapitany tarapyndan tassyklanan wesýetnama onuň notarial tassyklanmagy bilen deň hasap edilýär.

2. Gäminiň kapitany gämide çaganyň dünýä inen her bir halaty barada hem-de gämide her bir ölüm halaty barada gämi žurnalynda ýazgy etmäge borçludyr.

3. Gäminiň kapitany aradan çykan adamyň ýakyn garyndaşlarynyň birine ýa-da aradan çykanyň ärine (aýalyna) onuň aradan çykandygyny mälim etmäge hem-de aradan çykanyň jesedini zaýalaman saklamak we ony watanyna ibermek boýunça degişli çäreleri görmäge borçludyr. Şeýle mümkinçilik bolmadyk ýagdaýynda, gäminiň kapitany aradan çykan adamyň jesedini gömmäge ýa-da ony kremasiýa edip küle öwrülen jesedini guta salyp, watanyna ibermäge borçludyr.

Aýratyn halatda, eger gämi açyk deňizde uzak wagtlap bolmaly bolsa, aradan çykan adamyň jesedi hem saklanyp bilinmejek bolsa, gäminiň kapitany aradan çykanyň jesedini deňiz dessuryna laýyklykda deňze tabşyrmaga haklydyr, bu barada bolsa degişli delilnama düzülmelidir.

4. Gäminiň kapitany aradan çykan adamyň emläginiň atma-at geçirilen ýazgysyna laýyklykda, gäminiň Türkmenistanda giräýjek ilkinji portunyň kapitanyna berilýänçä,

aradan çykanyň gämidäki emläginiň atma-at geçirilen ýazgysyny düzmegi we onuň abat saklanmagyny üpjün etmelidir.

*(2014-nji ýylyň 1-nji martyndakyTürkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda-Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., № 1, 49-njy madda)*

**63-nji madda. Gäminiň kapitany gämä eýelik edýäniň we ýüke eýelik edýäniň wekili hökmünde**

Eger-de ýerinde gämä eýelik edýäniň ýa-da ýüke eýelik edýäniň başga wekilleri bolmadyk halatynda, gäminiň kapitany özüniň gulluk ýagdaýyna görä, gäminiň, ýüküň ýa-da ýüzüş hajatlary, şeýle-de oňa ynanylan gäminiň emläkleri bilen baglanyşykly şertleşikler babatynda, gämä eýelik edýäniň we ýüke eýelik edýäniň wekili hökmünde ykrar edilýär.

**64-nji madda. Ýüzüşi dowam etdirmek üçin pul serişdelerine bolan gaýragoýulmasyz zerurlyk**

1. Gäminiň kapitany gatnaw wagtynda ýüzüşi dowam etdirmek, hususan-da gämini abatlamak ýa-da ekipaž agzalaryny saklamak üçin gaýragoýulmasyz zerurlyk ýüze çykan halatynda, eger-de gämä eýelik edýäniň görkezmesini almaga mümkinçiligiň ýa-da wagtyň bolmadyk ýagdaýynda, ýüzüşi dowam etmek üçin, kapitana ynanylan zerur bolmadyk gämi emläginiň bir bölegini satmaga haklydyr.

Gäminiň kapitany ýüzüşi dowam etdirmek üçin, gämä eýelik edýän we ýüke eýelik edýän üçin has az ýitgili serişdeleri almak usulyny saýlap almaga borçludyr.

2. Gämä eýelik edýän satylan ýüküň bahasyny oňa eýelik edýäne töleýär, muňa ýüküň satylmagy netijesinde çekilen zyýan umumy awariýa alamatlarynyň netijesine gabat gelýän ýa-da ýüküň satylmagynyň diňe ýüküň bähbidi üçin edilen halatlary degişli däldir.

**65-nji madda. Gäminiň kapitanynyň borçlarynyň gäminiň kapitanynyň uly kömekçisiniň üstüne ýüklenilmegi**

Gäminiň kapitany aradan çykan, näsaglan halatynda ýa-da gäminiň kapitanynyň öz gulluk borçlaryny ýerine ýetirmegine päsgel berýän gaýry sebäpler ýüze çyksa, gämä eýelik edýäniň görkezmesi alynýança gäminiň kapitanynyň wezipe borçlary gäminiň kapitanynyň uly kömekçisiniň üstüne ýüklenilýär.

*(2014-nji ýylyň 1-nji martyndakyTürkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda-Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., № 1, 49-njy madda)*

## V BÖLÜM. DEŇIZ SÖWDÄ PORTY

**66-njy madda. Deňiz söwda portunyň hukuk statusy**

1. Deňiz söwda portunyň hukuk statusy şu Kodeks bilen we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen kesgitlenilýär.

2. Deňiz söwda porty gämilere, ýolagçylara we ýüklere hyzmat etmek, şeýle-de söwda deňiz gatnawy bilen baglanyşykly beýleki işleri amala aşyrmak üçin niýetlenen, umumylykda peýdalanylýan ulag döwlet kärhanasy bolup durýar.

Deňiz söwda porty halkara gämi gatnawy üçin açyk bolup durýar.

3. Deňiz söwda portundan peýdalanmagyň düzgünleri, portdaky gämi gatnawynyň Düzgünleri Suw ulaglary boýunça ygtyýarly edara tarapyndan tassyklanylýar. Bu düzgünler deňiz söwda portundan peýdalanýanlaryň ählisi üçin hökmanydyr.

4. Harby gämileriň we täjirçilige degişli bolmadyk beýleki daşary ýurt gämileriniň deňiz söwda portuna girmegine Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilen tertipde rugsat berilýär.

5. Şahsy we edara görnüşindäki taraplar deňiz söwda portunyň çäginde onuň wezipesine gabat gelýän hojalyk işini amala aşyryp bilerler.

6. Deňiz söwda portunyň administrasiýasy onuň çäginde iş alyp barýan hojalyk subýektleri bilen Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bilelikde işleýär.

**67-nji madda. Deňiz söwda portunyň çägi we akwatoriýasy**

1. Deňiz söwda portuna bölünip berlen ýerler deňiz söwda portunyň çägi bolup durýar. Akyp ýuwlan, üýşürilip galdyrylan ýa-da portuň hasabyna döredilen we peýdalanylýanlygy üçin töleg tölenilmeýän gaýry gidrotehniki tehnologiýalarynyň ulanylmagy bilen döredilen meýdan parçalary deňiz söwda portunyň çägine degişlidir.

2. Deňiz söwda portuna bölünip berlen suw giňişligi, şol sanda içerki hem daşarky reýdler deňiz söwda portunyň akwatoriýasy bolup durýar.

3. Deňiz söwda portuna ýer we suw meýdançalarynyň berilmegi we olaryň yzyna alynmagy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde amala aşyrylýar.

**68-nji madda. Deňiz söwda portunyň deňizde ýüzmegiň howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça wezipeleri**

Deňizde ýüzmegiň howpsuzlygyny üpjün etmek üçin deňiz portunyň üstüne şu aşakdaky wezipeler ýüklenilýär:

1) port suwlaryndaky hereketiň howpsuzlygyny, duralganyň howpsuzlygyny we gämileri işe taýýarlamagyň hopwsuzlygyny üpjün etmek;

2) portuň eýeçiliginde durýan gidrotehniki desgalary, aragatnaşyk we elektroradionawigasiýa serişdelerini abat ýagdaýda saklamak;

3) portuň geçiş kanallaryndaky we akwatoriýasyndaky nawigasion enjamlaryň serişdelerini abat ýagdaýda saklamak;

4) yglan edilen çunluklara gözegçilik etmek we şol ýagdaýda saklamak;

5) tirkege alyjylaryň hökmany ulanylýan sebitlerini kesgitlemek;

6) heläkçilige uçraýanlara kömek etmek;

7) hapalanan we akdyrylýan hapa suwlary (nebit ýüklenilýän-düşürilýän portlar üçin - nebitli suwlary), zibilleri hem-de daşky gurşaw üçin we adamyň saglygy üçin zyýanly beýleki maddalary gämilerden aýyrmak hem-de olary zyýansyzlandyrmak, gaýtadan işlemek, howpsuz ýerde saklamak, ýere gömmek üçin netijeli çäreleri ulanmak;

8) ilatyn arassaçylyk-epidemiologiýa abadançylygy we daşky gurşawy gorap saklamak boýunça Türkmenistanyň kanunçylygynyň talaplarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek.

**69-njy madda. Deňiz söwda portunyň hojalyk işi**

Deňiz söwda porty aşakdakylary amala aşyrýar:

1) portuň akwatoriýasynyň howpsuzlygyny hem-de deňiz gurşawynyň abat saklanmagyny üpjün etmek üçin, helakçilige uçran gäminiň ýüküniň haýal etmän düşürilmeli bolýan adatdan daşary ýagdaýlardan başga wagtlarda, gämileriň porta geliş nobaty tertibinde olaryň ýüküni ýüklemek, düşürmek işleri;

2) ugurly (liniýa) gatnawy amala aşyrýan gämilere yglan edilen gatnaw tertibine laýyklykda hyzmat etmek;

3) ýükler bilen baglanyşykly ulag-ekspeditorlyk we ammar işleri;

4) ýükleri ulaglaryň başga görnüşlerinden alyp gämä ýüklemek hem-de gämiden olara ýüklemek, ýükler bilen baglanyşykly ammar işleri;

5) deňiz gämileriniň ýolagçylaryna hyzmatlary ýerine ýetirmek, şeýle-de deňiz söwda portunyň gämilerinde we ulaglaryň başga görnüşlerinde ýolagçylary gatnatmak, ýükleri, goşlary we poçtany daşamak;

6) portuň kadaly işlemegini üpjün etmek üçin zerur bolan kömekçi işleri amala aşyrmak;

7) portuň statusyna laýyklykda işleriň başga görnüşlerini alyp barmak.

**70-nji madda. Deňiz söwda portunyň emläk jogapkärçiligi**

Deňiz söwda porty ýüküň öz garamagyna kabul edilen pursatyndan ýuki kabul edijä bermeli pursatyna çenli, ýüküň ýitirilenligi, ýetmezçiligi, zaýalananlygy ýa-da ýüke zeper

ýetenligi, şeýle-de ýüki kabul edijä ýüküň berilmeli möhletini geçirenligi üçin, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda emläk jogapkärçiligini çekýär.

**71-nji madda. Deňiz söwda portuny dolandyrmak**

Deňiz söwda portuny dolandyrmak işini deňiz söwda portunyň Administrasiýasy amala aşyrýar, oňa bolsa Suw ulaglary boýunça ygtyýarly edara tarapyndan Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda wezipä bellenilýän we wezipeden boşadylýan deňiz söwda portunyň başlygy baştutanlyk edýär.

Deňiz portunyň Administrasiýasynyň düzümine deňiz portunyň kapitany hem girýär.

**72-nji madda. Deňiz söwda portunyň başlygynyň wezipeleri**

1. Deňiz söwda portunyň başlygynyň esasy wezipeleri:

1) deňiz söwda portunyň işini guramakdan;

2) deňiz söwda portunyň çäginde we gämi duralgalarynyň boýunda ulag serişdeleriniň howpsuz hereketine gözegçilik etmekden;

3) port desgalarynyň we enjamlarynyň tehniki ýagdaýyna we peýdalanylyşyna gözegçilik etmekden;

4) deňiz söwda portunyň ýüklerini we emlägini gorap saklamak boýunça çäreleri görmekden;

5) deňiz söwda portunda arassaçylyk we ýangyna garşy göreş çärelerini geçirmekden;

6) daşky gurşawy gorap saklamak boýunça çäreleri görmekden;

7) gämileriň deňiz söwda portuna girmeginiň we ondan çykmagynyň, gämileriň howpsuz durmagynyň, işlenilmeginiň tertibini we nobatyny bellemekden;

8) deňiz söwda portunda duran gämileri, ýüzüji we beýleki tehniki serişdeleri peýdalanmagyň teitibini bellemek, şeýle-de deňiz söwda portunyň çägindäki şahslary heläkçilige uçraýan gämileri we adamlary halas etmäge çekmekden;

9) Şu Kodeksiň 78-nji maddasynda göz öňünde tutulan halatlarda we tertipde gämileri hem-de ýükleri tutup saklamak hakynda deňiz söwda portunyň kapitany bilen bilelikde çözgüt kabul etmekden;

10) deňiz söwda portunyň işi bilen baglanyşykly beýleki meseleleri çözmekden, ybaratdyr.

2. Şu maddanyň birinji bölegine laýyklykda deňiz söwda portunyň başlygynyň ygtyýarlygyna degişli meseleler baradaky onuň kararlary deňiz söwda portundaky ähli gämiler, şahsy we edara görnüşindäki taraplar üçin hökmanydyr.

**73-nji madda. Port ýygymlary**

1. Deňiz söwda portunda şu maksatly port ýygymlary alynýar: gämi, gämi duralga, labyr, kanal, nawigasion, ýük, port gözegçiligi, arassaçylyk, tirkeg, losman, ýangyna garşy, urganlama ýygymlary.

Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan ýygymlaryň beýleki görnüşleri hem bellenilip bilner.

2. Port ýygymlarynyň möçberi Suw ulaglary boýunça ygtyýarly edara tarapyndan bellenilýär.

*(2014-nji ýylyň 1-nji martyndaky; 2017-nji ýylyň 25-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda- Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., № 1, 49-njy madda; 2017 ý. № 4, 168-nji madda)*

## VI BÖLÜM. DÖWLET PORT GÖZEGÇILIGI

**74-nji madda. Deňiz portunyň kapitany**

1. Deňiz portunyň kapitany deňizde ýüzmegiň howpsuzlygyny hem-de deňiz portunda tertip-düzgüni üpjün etmek boýunça döwlet port gözegçiligini amala aşyrýar.

2. Deňiz söwda portunyň kapitany Suw ulaglary boýunça ygtyýarly edara tarapyndan tassyklanan Deňiz söwda portunyň kapitany hakyndaky düzgünnama laýyklykda, deňiz balyk portunyň kapitany Balykçylyk boýunça ygtyýarly edara tarapyndan tassyklanan Deňiz balyk portunyň kapitany hakyndaky düzgünnama laýyklykda hereket edýär.

3. Deňiz söwda portunyň kapitany Suw ulaglary boýunça ygtyýarly edaranyň garamagynda, deňiz balyk portunyň kapitany Balykçylyk boýunça ygtyýarly edaranyň garamagynda bolýar.

4. Deňiz portunyň kapitanynyň deňizde ýüzmegiň howpsuzlygy we deňiz portundaky tertip-düzgüni üpjün etmek boýunça buýruklary portda duran ähli gämiler, şahsy we edara görnüşindäki taraplar üçin hökmanydyr.

**75-nji madda. Deňiz söwda portunyň kapitanynyň we deňiz balyk portunyň kapitanynyň wezipeleri**

1. Deňiz söwda portunyň kapitanynyň we deňiz balyk portunyň kapitanynyň üstüne degişlilikde deňizde ýüzmegiň howpsuzlygy hem-de şol portlardaky tertip-düzgüni üpjün etmek boýunça aşakdaky wezipeleri amala aşyrmaklyk ýüklenilýär:

1) şu Kodeksiň düzgünleriniň, Türkmenistanyň gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň, deňizde ýüzmegiň kadalarynyň we düzgünleriniň, şeýle-de Türkmenistanyň söwda deňiz gatnawy boýunça halkara şertnamalarynyň berjaý edilişine gözegçilik etmek;

2) deňizde ýüzmegiň howpsuzlyk meselelerini düzgünleşdirýän hökmany kararlary çykarmak;

3) gämi resminamalaryny, diplomlary, kwalifikasion şahadatnamalary barlamak;

4) gämileriň porta girmeginiň we portdan çykmagynyň tertibine degişli talaplaryň berjaý edilişine gözegçilik etmek;

5) gämileriň porta gelmeklerini we olaryň portdan çykmaklaryny resmileşdirmek;

6) şu Kodeksiň düzgünleriniň, deňizde ýüzmegiň howpsuzlygyna degişli kadalaryň we düzgünleriň hem-de portdaky tertip-düzgüniň bozulanlygy üçin Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda administratiw temmilerini bermek;

7) Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda portda duran gämileri gözden geçirmek;

8) deňizde gark bolan emlägi galdyryp çykarmaga we portda gurluşyk, gidrotehniki hem-de beýleki işleri geçirmäge rugsat bermek;

9) heläkçilige uçraýan adamlary we gämileri halas etmek işlerini guramak;

10) gämileriň hökmany losman geçiriliş sebitlerini bellemek;

11) losman gullugynyň hem-de gämileriň hereketini düzgünleşdiriş gullugynyň işine gözegçilik etmek;

12) porta barylýan ýerlerde hem-de portuň akwatoriýasynyň çäklerinde gämileriň buzdan geçirilişine gözegçilik etmek;

13) Şu Kodeksiň 78-nji maddasynda göz öňünde tutulan halatlarda we tertipde gämileri we ýükleri tutup saklamak hakyndaky meseläni deňiz söwda portunyň başlygy bilen bilelikde çözmek;

14) deňizde bolan awariýalaryň we insidentleriň derňelmegini guramak we olaryň hasabyny ýöretmek.

15) deňizde ýüzmek howpsuzlygy we deňiz portundaky tertip-düzgüni üpjün etmek boýunça beýleki wezipeleri amala aşyrmak.

2. Deňizde bolan awariýalary we insidentleri derňemek Suw ulaglary boýunça ygtyýarly edara tarapyndan tassyklanylan Düzgünnama laýyklykda amala aşyrylýar.

*(2016-njy ýylyň 12-nji ýanwaryndakyTürkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda-Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2016 ý., № 1, 13-nji madda)*

**76-njy madda. Gämilere gözegçilik etmek**

1. Deňiz portunyň kapitany deňiz portunda duran gämilere, deňze çykýan gämilere gözegçiligi amala aşyranda gämi resminamalarynyň bardygyny, gämileriň esasy häsiýetnamalarynyň gämi resminamalaryna laýyk gelýänligini hem-de deňiz gatnawynyň howpsuzlygyna we deňiz gurşawynyň gämilerden hapalanmagyndan goralmagyna degişli bolan talaplaryň ýerine ýetirilýänligini, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygyna we halkara şertnamalaryna laýyklykda ätiýaçlandyryşyň ýa-da hapalanmakdan ýetýän zyýan ýa-da gämi tarapyndan ýetirilen başga zyýan üçin raýat jogapkärçiliginiň maliýe taýdan gaýry üpjünçiliginiň bardygyny tassyklaýan resminamalary barlaýar.

2. Gämi resminamalary bolmadyk halatynda ýa-da gäminiň deňizde ýüzüş howpsuzlygynyň talaplaryny kanagatlandyrmaýar diýip hasap etmäge degerli esaslar bolan halatynda, deňiz portunyň kapitany gämini gözegçilikden geçirip biler.

3. Deňiz portunyň kapitany gäminiň deňiz portundan çykmagyna rugsat berilmegine päsgel berýän kemçilikleriň aradan aýrylyşyny barlamak maksady bilen, gäminiň gözegçilik barlagy hakyndaky çözgüdi kabul edip biler.

*(2014-nji ýylyň 1-nji martyndakyTürkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda-Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., № 1, 49-njy madda)*

**77-nji madda. Gäminiň deňiz portundan çykmagyna rugsat berilmegi**

1. Islendik gämi deňiz portundan çykmazdan öň, deňiz portunyň kapitanyndan çykmak üçin rugsat almalydyr.

2. Deňiz portunyň kapitany şu aşakdaky ýagdaýlarda gäminiň deňiz portundan çykmagyna rugsat bermän biler:

1) gämi ýüzmek üçin ýaramly däl bolsa;

2) gämä ýük ýüklemegiň, üpjün etmegiň, gäminiň ekipaž agzalaryny toplamagyň talaplary bozlan bolsa, ýa-da gäminiň ýüzüşiniň howpsuzlygyna, gämidäki adamlaryň janyna we saglygyna howp salýan beýleki kemçilikler bar bolsa;

3) deňiz gurşawyna zyýan ýetirmek howpy bar bolsa;

4) gämi resminamalaryna bildirilýän talaplar bozulan bolsa;

5) döwlet edaralarynyň (gümrük, serhet, hukuk goraýjy, arassaçylyk-epidemiologiýa, weterinariýa, fitosanitariýa we beýlekileriň) görkezmeleri bar bolsa;

6) port ýygymlary tölenilmedik bolsa.

3. Deňiz portunyň kapitanynyň şu maddada göz öňünde tutulan hukuklaryň amala aşyrylmagy bilen baglanyşykly çykdajylaryny (gözden geçirmek, anyklamak we ş.m.) gämä eýelik edýän çekýär.

**78-nji madda. Gäminiň we ýüküň saklanylmagy**

1. Deňiz portunyň administrasiýasy halas ediş işleriniň amala aşyrylmagy, gämileriň çaknyşmagy, port desgalaryna zeper ýetmegi, suw basseýnleriniň, gämi ýollarynyň we nawigasion enjam serişdeleriniň bozulmagy ýa-da başga hili ýetirilen zyýan netijesinde ýüze çykan talaplary bolan şahsyň haýyşy esasynda, gämini we ýüki gämä eýelik edýän ýa-da ýük eýesi tarapyndan ýeterlik üpjünçilik berilýänçä, saklamaga haklydyr.

2. Gäminiň şu maddanyň birinji bölegindäki talaplar boýunça saklanmagy hakyndaky görkezmäniň ýetmiş iki sagadyň dowamynda güýji bardyr, muňa iş güni däl diýlip resmi ykrar edilen günler girmeýär. Eger şol möhletiň içinde kazyýet, arbitraž kazyýet ýa-da kanun tarapyndan tussaga almaga ygtyýary bolan eminlik etmek üçin saýlanylýan kazyýet tarapyndan gämini we ýüki tussag astyna almak hakynda karar çykarylmadyk bolsa, onda gämi we ýük haýal edilmän boşadylmalydyr.

3. Gäminiň we ýüküň esassyz saklanmagy bilen ýetirilen zyýan üçin, gämini saklamagy talap eden şahs jogapkärçilik çekýär.

**79-njy madda. Nawigasion ýagdaý serişdeleriniň hereket edýän zolagyndaky gurluşyk**

Deňiz ýollarynyň nawigasion ýagdaý serişdeleriniň hereket edýän zolagynda gurluşyk işleri Suw ulaglary boýunça ygtyýarly edara, gyzyklanma bildirýän beýleki döwlet edaralary bilen, şeýle-de deňiz portunyň kapitany bilen onuň ygtyýarlylyk çäklerinde ylalaşylmalydyr.

## VII BÖLÜM. DEŇIZ LOSMANY

### 1 bap. Gämileriň losman geçirilişi

**80-nji madda. Döwlet deňiz losmany**

1. Gämileriň losman geçirilişi anyk deňiz sebitlerinde gämileriň deňiz portunyň kapitanynyň losman geçirişine hukugy hakynda beren losmanlyk şahadatnamasy bolan döwlet deňiz losmany (mundan beýläk - losman) tarapyndan amala aşyrylýar.

2. Suw ulaglary boýunça ygtyýarly edara tarapyndan tassyklanan Deňiz losmanlary baradaky düzgünnamanyň talaplaryny kanagatlandyrýan Türkmenistanyň raýaty losman bolup biler. Losman gämi geçirilip başlanandan, gäminiň bortuna ilkinji bolup çykmaga we ony geçirmek işi tamamlanandan soň, gäminiň bortuny iň soňky bolup taşlap gitmäge hukugy bolan döwlet wekili bolup durýar.

Losman portuň kapitanynyň garamagynda durýan losmançylyk gullugynyň işgäri bolup durýar.

**81-nji niadda. Gäminiň losman geçirilişi**

1. Gäminiň losman geçirilişi gämileriň ýüzüş howpsuzlygyny üpjün etmek, olaryň howply hadysalara düşmeginiň öňüni almak we daşky gurşawy gorap saklamak maksadyny öz içine alýar.

2. Suw ulaglary boýunça ygtyýarly edara gämileriň hökmany losman geçiriliş sebitlerini hem-de gämileriň hökman däl losman geçiriliş sebitlerini belleýär we şeýle sebitler hakyndaky maglumatlary deňiz portlaryndaky hökmany kararlarynda, losiýalarda we "Deňizde ýüzüjiler üçin mälim etmelerde" hemmeleriň dykgatyna ýetirýär.

**82-nji madda. Gämileriň hökmany losman geçirilişi**

1. Gämileriň hökmany losman tarapyndan geçirilýän sebitlerde gäminiň kapitanynyň ýüzüşi losmansyz amala aşyrmaga haky ýokdur, ýöne gäminiň hökmany losman geçirilişinden boşadylan gämileriň hataryna degişli bolan ýa-da gäminiň kapitanyna deňiz portunyň kapitany tarapyndan bellenilen tertipde ýüzüşi losmansyz amala aşyrmak hukugynyň berlen halatlary muňa girmeýär.

Gäminiň kapitany şu bölekde bellenilen kadany bozan ýagdaýynda, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýär.

2. Hökmany losman geçirilişinden boşadylan gämileriň kategoriýalary deňiz portlarynyň kapitanlary tarapyndan bellenilýär hem-de deňiz portlaryndaky hökmany kararlarda hemmeleriň dykgatyna ýetirilýär.

3. Ýanaşyk akwatoriýalary bolan deňiz söwda portunda we deňiz balyk portunda gämileriň losman geçiriliş tertibini, deňiz balyk portunyň kapitany bilen ylalaşyk boýunça deňiz söwda portunyň kapitany belleýär.

**83-nji madda. Hökmany däl losman geçirilişi**

1. Eger zerurlyk bolsa, gäminiň kapitany gäminiň losman geçirilişi hökmany bolmadyk sebitlerde-de gämä losmany alyp biler.

2. Deňiz portunyň kapitany şu aşakdaky ýagdaýlarda gäminiň losman geçirilişi hökmany bolmadyk sebitlerde-de gämileriň hökmany losman geçirilişini girizip biler:

1) gämileriň özi ýa-da olaryň daşaýan ýükleri deňiz gurşawyna zyýan ýetirmek howpuny döredýän bolsa. Şeýle gämileriň kategoriýalary deňiz portlaryndaky hökmany kararlarda, losiýalarda we "Deňizde ýüzüjiler üçin mälim etmelerde" hemmeleriň dykgatyna ýetirilýär;

2) gabaralaryna, gurallaryna ýa-da enjamlaryna deňiz portunda ýüzmegiň howpsuzlygyna düýpli täsir edip biljek zeper ýeten bolsa. Şeýle ýagdaýlarda gäminiň kapitany gäminiň losman geçirilişi bilen hereket etmelidigini habar berýär.

**84-nji madda. Losmanlaryň jemagat hukuk häsiýetli borçlary ýerine ýetirmegi**

Gäminiň losman geçirilişi wagtynda losman deňiz portunyň kapitanyna şu aşakdakylar hakynda haýal etmän habar bermäge borçludyr:

1) deňiz gämi ýollarynda gämi gatnawynyň howpsuzlygyna howp salyp biljek her bir üýtgeşiklikler hakynda;

2) onuň özi tarapyndan losman geçirilişi amala aşyrylýan gämi bilen, şeýle-de onuň hyzmat edýän sebitindäki beýleki gämiler bilen bolýan islendik hadysalar hakynda;

3) onuň özi tarapyndan losman geçirilişi amala aşyrylýan gäminiň kapitanynyň gämileriň ýüzüş düzgünlerini we gämilerden syrygýan nebit, zyýanly maddalar, akdyrylýan hapa suwlar ýa-da zibiller bilen hapalanmanyň öňüni alyş düzgünlerini ýerine ýetirmeýänligi hakynda.

*(2014-nji ýylyň 1-nji martyndakyTürkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda-Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., № 1, 49-njy madda)*

## 2 bap. Losmanyň we kapitanyň özara gatnaşyklary

**85-nji madda. Losman şahadatnamasy**

1. Gämä gelen losman gäminiň kapitanyna losmanlyk şahadatnamasyny görkezmäge borçludyr.

2. Geçirilýän gäminiň kapitanynyň losmanlyk şahadatnamasy bolmadyk adamy gämä losman edip almaga haky ýokdur.

**86-njy madda. Losman bilen geçirilýän gäminiň kapitanynyň arasyndaky özara gatnaşyklar**

1. Losman gäminiň howpsuz geçirilmegini üpjün edýän maslahatlary bermäge hem-de şol maslahatlaryň kapitan tarapyndan ýerine ýetirilişiniň dogrulygyny barlamaga borçludyr.

2. Gäminiň kapitany losmana göniden-göni rulça gäminiň ýüzmegi hem-de manýewr etmegi boýunça görkezme bermegi tabşyryp biler, ýöne bu gäminiň kapitanyny şeýle görkezmeleriň netijesinde ýüze çykyp biljek netijeler üçin jogapkärçilikden boşatmaýar.

3. Gäminiň kapitany gäminiň losman geçirilişi wagtynda gämi sekijiginden wagtlaýyn çykyp gitmäge mejbur bolanda, bu barada losmana mälim etmelidir hem-de gäminiň kapitanynyň ýok halatynda, gäminiň dolandyrylyşyna jogapkär şahsy oňa görkezmelidir.

4. Gäminiň ýüzüş howpsuzlygyny gazanmak üçin zerur bolanda losman gäminiň howpsuz ýüzmegine mümkinçilik berýän ýagdaýlar emele gelýänçä gäminiň losman tarapyndan geçirilmegini togtatmaga haklydyr.

**87-nji madda. Losmanyň gämä howpsuz münmeginiň we ondan howpsuz düşmeginiň üpjün edilmegi**

1. Gäminiň kapitany losmanyň gämä howpsuz münmegini we ondan howpsuz düşmegini üpjün etmäge, şeýle-de gäminiň losman geçirilişi döwründe oňa mugtuna aýratyn otag we iýmit bermäge borçludyr.

2. Eger-de tejribe geçmek maksady bilen, stažýor losmanyň ýany bilen gidýän bolsa, şu maddanyň birinji böleginde bellenilen düzgünler stažýor üçin hem ulanylýar.

**88-nji madda. Gäminiň kapitanynyň gämi hakyndaky maglumatlary yglan etmegi**

1. Gäminiň kapitany gäminiň suwa batyşy, uzynlygy, giňligi, bortunyň beýikligi we sygymlylygy hakyndaky takyk maglumatlary losmana yglan edýär, olar gäminiň kapitany tarapyndan gol çekilýän losman güwänamasyna girizilýär.

Losman gäminiň kapitanyndan gämini geçirmegi amala aşyrmak üçin zerur bolan gämi baradaky gaýry maglumatlary (manýowr häsiýetnamalaryny we başgalary) talap etmäge haklydyr.

2. Gäminiň kapitany şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan gämi hakyndaky maglumatlaryň yglan edilmänligi ýa-da nädogry yglan edilenligi üçin Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýär.

*(2014-nji ýylyň 1-nji martyndakyTürkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda-Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., № 1, 49-njy madda)*

**89-njy madda. Losmana geçirilýän gämini taşlap gitmegiň gadagan edilmegi**

Losmanyň geçirilýän gäminiň kapitanyndan rugsatsyz:

1) gämi deňze çykanda - gämi losmanyň kömegi bolmazdan, howpsuz hereket edip biljek ýerine ýetýänçä;

2) gämi porta girende - gämi labyra goýulýança ýa-da gämi duralgasyna urganlanýança;

3) başga bir losman bilen ýerini çalyşýança, gämini taşlap gitmäge haky ýokdur.

**90-njy madda. Losmanyň gaýdyp gelmegi**

1. Gäminiň kapitanynyň losmany onuň hyzmat edýän sebitiniň çäginden daşarky ýerlere äkitmäge haky ýokdur.

2. Eger losman, losman geçirilişi amala aşyrylýan gämi bilen hyzmat edýän sebitiniň çäginden daşarky ýerlere äkidilen bolsa, gäminiň kapitany gäminiň hasabyna onuň hemişelik bolýan ýerine dolanyp gelmegini üpjün etmäge borçludyr.

Losmanyň işleýän guramasynyň eger losmanyň saklanylmagyna diňe öňüni alyp bolmajak güýjüň täsiri sebap bolan bolmasa, losmanyň gämide saklanmagy bilen baglanyşykly ýetirilen zyýanyň öweziniň doldurylmagyna haky bardyr.

**91-nji madda. Losmanyň we gäminiň kapitanynyň jogapkärçiligi**

1. Losmanyň gämide bolmagy kapitanyň gämini dolandyrmak boýunça jogapkärçiligini aradan aýyrmaýar.

Losmanyň beren maslahatlarynyň dogrulygyna müňkürlik etmäge ýeterlik esas bolan halatynda, gäminiň kapitany gäminiň howpsuz ýüzüşini üpjün etmek maksady bilen, losmanyň hyzmatyndan boýun gaçyrmaga haklydyr. Eger gäminiň losman geçirilişi hökmany bolsa, gäminiň kapitany losmanyň çalşylmagyny talap etmelidir.

2. Gäminiň degişli däl losman geçirilişine günäkär losman losmanlyk şahadatnamasyndan mahrum edilip bilner.

## 3 bap. Gäminiň degişli däl losman geçirilişine jogapkärçilik.

## Losman ýygymy

**92-nji madda. Gäminiň degişli däl losman geçirilişine jogapkärçilik**

Gäminiň losman geçirilişini amala aşyran losmanyň işleýän guramasy losmanyň günäsi bilen degişli däl losman geçirilişi netijesinde ýetirilen zyýan üçin jogapkärçilik çekýär.

**93-nji madda. Jogapkärçiligiň çäklendirilmegi we jogapkärçiligi çäklendirmäge bolan hukugyň ýitirilmegi**

1. Gäminiň losman geçirilişini amala aşyran losmanyň işleýän guramasy özüniň şu Kodeksiň 92-nji maddasynda göz öňünde tutulan jogapkärçiligini losmanlyk ýygymynyň awariýadan öňki senenama ýylynda düşen möçberinden hasaplanyp aýrylýan serişdeleriň 10 göteriminden emele gelýän şol port boýunça awariýa gaznasynyň möçberine deň bolan pul möçberi bilen çäklendirip biler.

2. Eger gäminiň degişli däl losman geçirilişi netijesinde, gämä ýetirilen zyýanyň hut losmanyň özüniň gödek seresapsyzlygy ýa-da bilkastlaýyn eden hereketi ýa-da hereketsizligi netijesinde bolandygy subut edilse, gäminiň geçirilişini amala aşyran losmanyň işleýän guramasy şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan jogapkärçiliginiň çäklendirilmegine bolan hukugyny ýitirýär.

**94-nji madda. Üçünji bir şahslaryň öňündäki jogapkärçilik**

Gämi geçirilişini amala aşyran losmanyň işleýän guramasy gäminiň degişli däl losman geçirilişi netijesinde ýetirilen zyýan üçin üçinji bir şahsyň öňünde jogapkärçilik çekmeýär.

**95-nji madda. Losman ýygymy**

Losmanlaryň hyzmatyndan peýdalanýan gämilerden losman ýygymy alynýar. Alynýan losman ýygymynyň möçberi, ony almagyň tertibi hem-de losman ýygymyndan boşadylýan gämileriň kategoriýalary Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde kesgitlenilýär.

## VIII BÖLÜM. GARK BOLAN EMLÄK

**96-njy madda. Şu bölümde bellenilen düzgünleriň ulanylýan çygry**

1. Şu bölümde bellenilen düzgünler Türkmenistanyň içerki deňiz suwlarynyň ýa-da çäk deňziniň çäklerinde gark bolan emlägi ýokaryk çykarmak, başga ýere aýyrmak we ýok etmek babatda ulanylýar.

2. Heläkçilige uçran gämiler, olaryň döwük-ýenjik bölekleri, enjamlary, ýükleri we beýleki zatlary olaryň suwuň ýüzünde gaýyp ýörendigine ýa-da suwuň aşagynda ýatandygyna, suwuň düýbüne çökendigine ýa-da deňziň ýalpak ýerine ýa-da kenaryna düşendigine garamazdan, gark bolan emläge degişlidirler.

3. Şu bölümde bellenilen düzgünler aşakdakylar babatda ulanylmaýar:

1) gark bolan harby emlägi ýokaryk çykarmak, başga ýere aýyrmak we ýok etmek;

2) gark bolan, taryhdan öňki, arheologik ýa-da taryhy ähmiýetli medeni häsiýetdäki deňiz emlägini, eger şeýle emläk deňziň düýbünde ýatan bolsa, ýokaryk çykarmak.

4. Eger şu Kodeksiň XX bölüminde bellenilen düzgünlere laýyklykda, gark bolan emlägiň ýokaryk çykarylmagyna başga ýere aýrylmagyna ýa-da ýok edilmegine halas ediş işi hökmünde garalýan bolsa, onda şeýle düzgünler bu bölümde bellenilen düzgünlere bagly bolmazdan, halas edijileri höweslendirmek we ýörite öwez doldurma babatda ulanylýar.

**97-nji madda. Gark bolan emlägi onuň eýesiniň göterip çykarmagy**

1. Eger gark bolan emlägiň eýesi ony göterip çykarmaga hyýal edýän bolsa, onda ol şol emlägiň gark bolan gününden soň bir ýylyň dowamynda iň ýakyn deňiz portunyň kapitanyna bu barada ýazmaça görnüşde habar bermelidir.

2. Deňiz portunyň kapitany gark bolan emlägiň eýesiniň arzasyny alan gününden soň, üç aýyň içinde şol emlägi eýesi üçin göterip çykarmagyň tertibini, şeýle-de gark bolan emlägi ýokaryk çykarmak üçin ýeterlik bolan möhleti belleýär, bu möhlet deňiz portunyň kapitanynyň emläk eýesiniň gark bolan emlägini ýokaryk çykarmagynyň tertibi we möhleti hakyndaky habaryny alandan soň bir ýyldan az bolmaly däldir.

**98-nji madda. Emläk eýesiniň gark bolan emlägini ýokaryk çykarmak borjy**

1. Eger gark bolan emläk gämileriň ýüzüşine howp salýan bolsa ýa-da deňiz gurşawyny hapalamak bilen, zyýan ýetirmek howpuny döredýän bolsa ýa-da balyk tutmaga, port işiniň amala aşyrylmagyna we ol ýerde işleriň (gidrotehniki we beýleki) geçirilmegine päsgel berýän bolsa, gark bolan emlägiň eýesi gark bolan emlägi deňiz portunyň kapitanynyň talap etmegi boýunça, onuň üçin bellenilen möhletde ýokaryk çykarmaga, zerur bolan wagtynda bolsa, başga ýere aýyrmaga ýa-da ýok etmäge borçludyr.

2. Eger gark bolan emlägiň eýesiniň kimdigi belli bolsa, deňiz portunyň kapitany oňa özüniň kabul eden çözgüdi hakynda habar berýär.

3. Eger gark bolan emlägiň eýesi näbelli bolsa, onda deňiz portunyň kapitany "Deňizde ýüzüjilere mälim etmelerde" şol gark bolan emlägi göterip çykarmak üçin bellenilen möhletler hakynda habar çap etdirýär. Eger şunda gark bolan gäminiň baýdagy belli bolsa, deňiz portunyň kapitany Türkmenistanyň Daşary işler ministrligine degişli habary iberýär.

**99-njy madda. Emläk eýesiniň gark bolan emlägine hukuklary**

Eger gark bolan emlägiň eýesi şu Kodeksiň 97-nji maddasynyň birinji bölegine laýyklykda habaryny aýtmasa ýa-da şu Kodeksiň 97-nji maddasynyň ikinji bölegine laýyklykda bellenilen möhletde emlägi ýokaryk çykarmasa, emläk eýesiniň gark bolan emläk babatdaky hukuklary Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda kesgitlenilýär.

**100-nji madda. Gark bolan emlägiň deňiz portunyň administrasiýasy tarapyndan ýokaryk çykarylmagy, başga ýere aýrylmagy ýa-da ýok edilmegi**

1. Deňiz portunyň administrasiýasy, eger-de:

1) gark bolan emlägiň eýesi emlägi ýokaryk çykarmaga we zerur bolanda ony şu Kodeksiň 98-nji maddasynyň birinji bölegine laýyklykda, başga ýere aýyrmaga ýa-da ýok etmäge borçly bolsa, emma gark bolan emlägiň eýesiniň kimdigi belli edilmedik bolsa ýa-da ol zerur bolan halatynda gark bolan emlägi ýokaryk çykarmadyk bolsa, ýa-da bellenilen möhletde başga ýere aýyrmadyk ýa-da ýok eden bolsa;

2) gark bolan emläk gämi ýüzüşine gönüden-göni çynlakaý howp salýan bolsa ýa-da hapalanmak bilen deňiz gurşawyna göniden-göni ep-esli zyýan ýetmek howpuny döredýän bolsa, ýa-da balyk tutmagyň amala aşyrylmagyna, portuň işine we şol ýerde alnyp barylýan işlere (gidrotehniki we beýleki) ep-esli päsgel berýän bolsa;

3) ýeterlik esas bolanda, gark bolan emlägiň eýesine öz serişdeleri ýa-da gämini ýokaryk çykarmak boýunça saýlap alan guramasynyň serişdeleri bilen ýokaryk çykarmaga, başga ýere aýyrmaga ýa-da ýok etmäge rugsat berilmedik bolsa gark bolan emlägi ýokaryk çykarmaga hem-de zerur bolanda başga ýere aýyrmaga ýa-da ýok etmäge haky bardyr.

2. Şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan halatlarda gark bolan emlägi ýokaryk çykarmak, başga ýere aýyrmak ýa-da ýok etmek şol emlägiň eýesiniň hasabyna amala aşyrylýar.

### 101-nji madda. Gark bolup, ýokaryk çykarylan emlägi onuň eýesiniň talap etmegi

Şu Kodeksiň 100-nji maddasynyň birinji bölegine laýyklykda, gark bolup, ýokaryk çykarylan emlägi göterip çykarmak we şonuň bilen baglanyşykly beýleki çykdajylaryň öwezini dolandan soň, şol emlägiň eýesi gark bolan emlägiň ýokaryk çykarylan pursatyndan beýläk, bir ýyldan artyk bolmadyk möhletiň içinde şol emlägi talap edip biler.

### 102-nji madda. Deňiz portunyň administrasiýasynyň çeken çykdajylarynyň öwezini dolmak

1. Eger gark bolan emlägi ýokaryk çykarmak, başga ýere aýyrmak ýa-da ýok etmek şu Kodeksiň 100-nji maddasynyň birinji bölegine laýyklykda amala aşyrylan bolsa, şu Kodeksiň 101-nji maddasynda göz öňünde tutulan möhlet tamamlanandan soň, deňiz portunyň administrasiýasynyň:

1) gark bolup, ýokaryk çykarylan emlägi Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde satmaga we ony satmakdan düşen puluň hasabyna ähli çykdajylaryň öwezini dolmaga;

2) gark bolup, ýokaryk çykarmak üçin edilen çykdajylaryň öwezi, şol emlägiň satylmagyndan gelen puluň moçberi dolmaýan bolsa, gark bolan emlägiň eýesi tarapyndan şol çykdajylarynyň öweziniň dolunmagyna, gark bolan emläk ýok edilende bolsa, emlägiň ýok edilmegi bilen baglanyşykly çykdajylarynyň öweziniň doldurylmagyna, haky bardyr.

### 103-nji madda. Tötänleýin ýokaryk çykarylan gark bolan emläk

Türkmenistanyň içerki deňiz suwlarynda, çäk deňzinde ýa-da açyk deňizde söwda deňiz gatnawy bilen baglanyşykly işler amala aşyrylanda, gark bolan emläk tötänleýin göterilip çykarylan bolsa, ol iň ýakyndaky deňiz portuna tabşyrylmalydyr. Şeýle bolan halatda tabşyrylan emlägiň üçden biri möçberinde pul sylagy berilýär.

## IX BOLÜM. DEŇIZ ARKALY ÝÜK DAŞAMAGYŇ ŞERTNAMASY

## 1 bap. Umumy düzgünler

### 104-nji madda. Deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasy we onuň görnüşleri

1. Deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasy boýunça, daşaýjy ugradyjydan alan ýüküni eltilmeli porta ýetirmegi we ony ýük almaga ygtyýary bolan şahsa (alyja) bermegi borç edinýär, iberiji ýa-da alyjy bolsa, ýüküň daşalanlygy üçin, şertnamada şertleşilen haky (frahty) tölemegi we ýüküň kabul edilmegini üpjün etmegi borç edinýär.

2. Deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasy:

1) deňiz arkaly ýük daşamak üçin tutuş gämini, gäminiň bir bölegini ýa-da belli bir gämi otaglaryny (çarter) bermek şerti bilen, şeýle-de gaýry şertlerde;

2) şeýle şertler bolmazdan baglaşylyp bilner.

**105-nji madda. Deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasynyň görnüşi**

Deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasy ýazmaça görnüşde baglaşylýar hem-de konosament, çarter, deňiz nakladnoýy ýa-da beýleki ýazmaça subutnamalar bilen tassyklanylýar.

**106-njy madda. Deňiz arkaly ýükleri daşamagy guramak baradaky uzak möhletleýin şertnama we onuň deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasyna gatnaşygy**

l. Ýük daşamagy yzygiderli amala aşyrmak zerurlygy bolan halatynda, daşaýjy bilen ýük iberiji deňiz arkaly ýük daşamagy guramak baradaky uzak möhletleýin şertnamalary baglaşyp bilerler.

Deňiz arkaly ýükleri daşamagy guramak baradaky uzak möhletleýin şertnama baglaşylanda, ýüküň anyk tapgyrynyň daşalmagy, şeýle uzak möhletleýin şertnama esasynda baglaşylan deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasyna laýyklykda amala aşyrylýar.

2. Eger taraplar gaýry ylalaşyga gelmedik bolsalar, deňiz arkaly ýükleri daşamagy guramak baradaky uzak möhletleýin şertnamada ylalaşylan ýük daşamaklygyň şertleri deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasyna girizilen hasap edilýär.

Eger deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasynyň şertleri deňiz arkaly ýükleri daşamagy guramak baradaky uzak möhletleýin şertnamanyň şertlerine ters gelýän bolsa, deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasynyň şertleri ulanylýar.

3. Deňiz arkaly ýük daşamagy guramak baradaky uzak möhletleýin şertnamanyň konosamente girizilmedik şertleri, frahtlaýan bolmadyk üçinji bir şahs üçin hökmany däldir.

**107-nji madda. Çarter bilen konosamentiň gatnaşygy**

1. Daşaýjy bilen deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasynyň tarapy bolmadyk alyjynyň arasyndaky gatnaşyklar konosament bilen kesgitlenilýär.

2. Çarteriň şertleri, eger konosamentde şol şertnama salgylanma bar bolsa, alyjy üçin hökmandyr.

**108-nji madda. Çarteriň mazmuny. Çarter boýunça hukuklaryň başga birine berilmegi**

1. Çarterde taraplaryň ady, gäminiň ady, ýüküň kysymy we görnüşi, frahtyň möçberi, ýüküň ýüklenen porty, gäminiň barmaly portunyň ýa-da ugrunyň ady görkezilmelidir.

Taraplaryň ylalaşygy esasynda çartere gaýry şertler we bellikler girizilip bilner.

Çartere daşaýjy we frahtlaýan ýa-da olaryň wekilleri gol çekýärler.

2. Çarter boýunça ýük daşalanda frahtlaýan deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasy boýunça öz hukuklaryny daşaýjynyň razylygy bilen üçünji bir şahsa bermäge haklydyr.

Frahtlaýan, şeýle-de onuň öz hukuklaryny beren üçünji bir şahsy deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasynyň ýerine ýetirilmänligi üçin, daşaýjynyň öňünde raýdaş jogapkärçilik çekýärler.

**109-njy madda. Şu bölümde bellenilen düzgünleriň kabotažda ýük daşalmagyna ulanylmagy**

Şu bölümde bellenilen düzgünler kabotažda ýükleri daşalmak babatda ulanylýar, ýöne şu Kodeksiň 155-nji, 158-nji maddalarynda we 159-njy maddasynyň ikinji böleginde bellenilen düzgünler muňa girmeýär.

**110-njy madda. Ýükleriň daşalmak üçin kabul edilmeginiň wagtlaýyn bes edilmegi ýa-da çäklendirilmegi**

1. Tebigy häsiýetdäki hadysalar, çaknyşyklar we awariýalar hereketiň arasynyň kesilmegine hem-de karantiniň yglan edilmegine getiren halatynda, ýüküň kabul edilmegi deňiz portunyň administrasiýasynyň görkezmesi bilen wagtlaýyn bes edilip ýa-da çäklendirilip bilner, şunda bu barada degişli suratda Suw ulaglary boýunça ygtyýarly edara we Balykçylyk boýunça ygtyýarly edara haýal edilmän habar berilýär, olar bolsa ýüki daşamak üçin kabul etmegi wagtlaýyn bes etmegiň ýa-da çäklendirmegiň hereket ediş möhletini belleýärler.

2. Ýükler gönüden-göni gatyşyk ýa-da gönüden-göni suw gatnawynda daşalan halatynda, daşamak üçin ýüküň çäklendirilmegi ýa-da wagtlaýyn togtatylmagy barada deňiz portunyň administrasiýasy ýükleri ugradyjylara we ulaglaryň beýleki görnüşleriniň guramasyna haýal etmän habar edýär.

## 2 bap. Gäminiň eltilmegi we ýüküň ýüklenilmegi

**111-nji madda. Gäminiň deňizde ýüzmäge ukyplylyk ýagdaýy**

1. Daşaýjy öz wagtynda, gatnaw başlanmazdan öň, gämini deňizde ýüzmäge ukyplylyk ýagdaýyna getirmeli, ýagny: gäminiň ýüzüşe tehniki taýdan taýýarlygyny üpjün etmäge, gämini talaba laýyk serenjamlaşdyrmaga, gäminiň ekipažyny toplamaga, ekipažy we

gämini zerur bolan ähli gerekli zatlar bilen üpjün etmäge, gäminiň trýumlaryny we gäminiň ýük daşalýan beýleki otaglaryny ýükleriň talaba laýyk kabul edilmegini, daşalmagyny we abat saklanmagyny üpjün eder ýaly ýagdaýa getirmäge borçludyr.

2. Daşaýjy, eger-de gäminiň deňizde ýüzmäge ukypsyzlyk ýagdaýynyň, onuň özüniň degişli aladalary eden wagtynda, ýüze çykaryp bolmajak kemçilikler zerarly (bildirmeýän kemçilikler) döranligini subut etse, ol gäminiň deňizde ýüzmäge ukypsyzlyk ýagdaýy üçin jogapkärçilik çekmeýär.

3. Eger ýük daşamak konosament esasynda amala aşyrylýan bolsa ýa-da konosament çartere laýyklykda berilýän hem-de daşaýjy bilen frahtlaýan bolmadyk konosament saklaýjynyň arasyndaky gatnaşyklary düzgünleşdirýän bolsa, taraplaryň şu maddanyň birinji bölegine ters gelýän ylalaşygy ujypsyzdyr.

**112-nji madda. Gäminiň çalşyrylmagy**

Eger ýük belli bir gämide daşalmaly bolsa, ýük diňe frahtlaýanyň ýa-da iberijiniň razylygy bilen başga gämä ýüklenilip bilner, ýöne ýük gämä ýüklenilip başlanandan soň ýüze çykan tehniki zerurlyk netijesinde, ýüküň başga gämä ýüklenilýän halatlary muňa girmeýär.

**113-nji madda. Ýüklew porty**

1. Daşaýjy çarterde görkezilen ýüklew portuna ýa-da çarteriň şertlerine laýyklykda, frahtlaýanyň görkezen portuna gämini eltmäge borçludyr. Frahtlaýan howpsuz ýüklew portuny görkezmäge borçludyr.

2. Eger ýüklew porty frahtlaýan tarapyndan görkezilmedik bolsa ýa-da öz wagtynda görkezilmedik bolsa ýa-da howpsuz bolmadyk ýüklew portuny görkezen bolsa, daşaýjy deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasyny ýerine ýetirmekden boýun gaçyrmaga hem-de çekilen zyýanyň öwezini doldurmaga haklydyr.

**114-nji madda. Ýük ýüklenilýän ýer**

1. Carter boýunça ýük daşalanda, daşaýjy gämini frahtlaýanyň görkezen ýük ýüklenilýän ýerine eltmäge borçludyr. Frahtlaýan gäminiň howpsuz baryp biljek, suwuň üstünde durup biljek, şondan ýükli çykyp biljek howpsuz ýerini görkezmelidir. Eger frahtlaýan tarapyndan ýük ýüklemek üçin ýaramsyz ýer görkezilen bolsa ýa-da birnäçe frahtlaýanlar tarapyndan ýük ýüklemek üçin dürli ýerler görkezilen bolsa, daşaýjy şol portda adatça ýük daşamak üçin ulanylýan ýere eltip biler.

Frahtlaýanyň ýük ýüklemek üçin gäminiň öz hasabyna başga ýere eltilmegini talap etmäge haky bardyr.

2. Bir ugurly gatnaw boýunça ýük daşalanda ýükleme ýeri daşaýjy tarapyndan kesgitlenilýär. Daşaýjy, eger ýük ýüklemek şol port üçin adaty bolmadyk ýerde geçirilýän bolsa, ýük iberijä ýüküň ýüklenilýän ýeri barada mälim edýär.

**115-nji madda. Gäminiň eltip berilmeginiň möhleti**

Çarter boýunça ýük daşalanda, daşaýjy gämini çarterde şertleşilen möhletde eltip bermäge borçludyr. Gämi şertleşilen möhletde eltip berilmedik halatynda, gämini frahtlaýanyň deňiz arkaly ýük daşamak şertnamasyndan boýun gaçyrmaga we çekilen zyýanyň öwezini doldurtmaga haky bardyr.

**116-njy madda. Gäminiň ýük ýüklenilmäge taýýardygynyň mälim edilmegi**

1. Çarter boýunça ýük daşalanda, daşaýjy frahtlaýana ýa-da eger frahtlaýan tarapyndan görkezilen bolsa, iberijä gäminiň ýük ýüklemäge taýýardygyny ýa-da belli bir wagtda taýýar boljakdygyny ýazmaça görnüşde mälim etmäge borçludyr. Bu diňe gämi ýüklew portunda duran bolsa ýa-da şol port üçin adaty bolan garaşylýan ýerde duran bolsa, şeýle edilip bilner.

2. Mälim etmegiň şu maddanyň birinji böleginde görkezilen wagty (güni we sagady) taraplaryň ylalaşygy boýunça, ylalaşyk ýok halatynda bolsa, şol portuň kadalary boýunça kesgitlenilýär.

3. Eger gämi mälim etmede görkezilen wagtda ýük ýüklenilmäge taýýar bolmasa, onda gäminiň ýük ýüklenilmäge taýýardygy hakynda mälim edilmedi diýlip hasap edilýär we daşaýjy frahtlaýanyň çeken zyýanynyň öwezini dolmaga borçludyr.

**117-nji madda. Staliý wagty**

1. Staliý wagty taraplaryň ylalaşygy bilen, eger şeýle ylalaşyk bolmasa, onda ýüklew portunda adatça kabul edilen möhletler bilen kesgitlenilýär.

2. Staliý wagty daşaýjynyň frahtlaýana ýa-da iberijä gäminiň ýük ýüklemek-düşürmek işine taýýardygy hakyndaky habary beren gününiň ertesinden başlap, iş günlerinde, sagatlarda we minutlarda hasaplanylýar.

3. Ýük ýüklemegiň daşaýja bagly bolan sebäplere görä ýa-da ýüküň abat saklanmagyna howp döredýän ýa-da ýüküň howpsuz ýüklenilmegine päsgel berýän, öňüni alyp bolmajak güýçleriň ýa-da gidrometeorologik şertleriň netijesinde geçirilmedik wagty staliý wagtyna goşulmaýar.

Ýük ýüklemegiň frahtlaýana bagly bolan sebäplere görä geçirilmedik wagty staliý wagtyna goşulýar.

4. Eger ýük ýüklemek staliý wagtynyň hasaplanylyp başlanmazyndan öň başlanan bolsa, onda ýük ýüklemek üçin hakyky sarp edilen wagt staliý wagtyna goşulýar.

5. Şu maddanyň düzgünleri düşüriliş portunda ýük düşürilende hem ulanylýar.

**118-nji madda. Kontrstaliý wagty**

1. Kontrstaliý wagtynyň dowamlylygy taraplaryň ylalaşygy esasynda kesgitlenilýär, eger şeýle ylalaşyk bolmasa, ýüklew portunda adatça kabul edilen möhletler bilen kesgitlenilýär.

2. Kontrstaliý wagty staliý wagtynyň tamamlanan pursatyndan beýläk senenama günlerinde, sagatlarda we minutlarda hasaplanylýar.

3. Kontrstaliý wagtyna dynç alyş günleri we resmi yglan edilen baýramçylyk we ýatlama günleri, portda iş wagty däl diýlip yglan edilen wagt, ýük ýüklemegiň öňüni alyp bolmajak güýçleriň täsiri ýa-da ýüküň abat saklanmagyna howp salýan ýa-da ýüküň howpsuz ýüklenmegine päsgel berýän gidrometeorologik şertler netijesinde dörän arakesmeler girýär. Ýük ýüklemegiň frahtlaýana bagly sebäplere görä geçirilmedik wagty kontrstaliý wagtyna goşulýar.

**119-njy madda. Kontrstaliý wagty üçin töleg (demerej)**

1. Demerej taraplaryň ylalaşygy esasynda kesgitlenilýär, eger şeýle ylalaşyk bolmasa - degişli deňiz portunda adatça kabul edilen nyrhlara laýyklykda kesgitlenilýär.

2. Şeýle nyrhlaryň bolmadyk halatynda, demerej gämini we ekipaž agzalaryny saklamak üçin edilýän çykdajylar bilen kesgitlenilýär.

**120-nji madda. Ýük ýüklemegiň möhletinden öň tamamlanylandygy üçin sylag**

Ýük ýüklemegiň staliý wagtyndan öň tamamlananlygy üçin, taraplaryň ylalaşmagy bilen gämini frahtlaýana pul haky (dispaç) bellenilip bilner, şeýle ylalaşygyň bolmadyk halatynda dispaçyň möçberi işsiz durulmagy üçin tölenýän hakyň ikiden bir bölegi möçberinde hasaplanylýar.

**121-nji inadda. Daşaýjynyň kontrstaliý wagty gutarandan soň, gämini ýüzüşe ugratmak hukugy**

1. Daşaýjynyň kontrstaliý wagty gutarandan soň, hat-da şertleşilen ähli ýüküň möçberi gämä ýüklenilmedik bolsa-da, daşaýjynyň gämini ýüzüşe ugratmaga haky bardyr. Şunda daşaýjy doly frahty almak hukugyny özünde saklaýar.

2. Eger ýük daşamak üçin tutuş gämi berlen bolsa, ýüküň kabul edilip alynmagy we ýerleşdirilmegi gämini bellenilen möhletden artyk saklap bilse-de, şeýle wagt barada ylalaşyk bolan ýagdaýynda, daşaýjynyň staliý ýa-da kontrstaliý wagty gutarmazdan öň, getirilen ýüki kabul edip almakdan boýun gaçyrmaga haky ýokdur.

3. Eger gämi ýük daşamak üçin tutuşlygyna berilmedik bolsa, onda daşaýjy şeýle wagt barada ylalaşyk bolan ýagdaýynda staliý ýa-da kontrstaliý wagty tamamlanýança, ýüküň

gijä galyp berilmegi diňe gämini saklap, beýleki ýüklere zyýan ýetirilmän degişli ýagdaýda ýüklenilse-de, ýüki kabul edip almakdan boýun gaçyrmaga haklydyr. Şunda daşaýjy doly frahty almak hukugyny özünde saklaýar.

**122-nji madda. Gäminiň wagtyndan artyk saklanylanlygy üçin çekilen zyýanyň öweziniň dolunmagy**

Eger gämi daşaýja bagly bolmadyk sebäplere görä saklanan bolsa, onda frahtlaýan daşaýja gäminiň kontrstaliý wagtyndan artyk saklanylanlygy üçin, çekilen zyýanyň öwezini dolmaga borçludyr.

**123-nji madda. Şu Kodeksiň 118-120-nji we 122-nji maddalarynda bellenilen düzgünleriň ulanylmagy**

Şu Kodeksiň 118-120-nji we 122-nji maddalarynda bellenilen düzgünler düşüriş portunda ýüküň düşürilen ýagdaýynda ulanylýar.

**124-nji madda. Gäminiň frahtlaýanyň talap etmegi boýunça möhletinden öň ýüzüşe ugradylmagy**

Eger frahtlaýana ýük daşamak üçin tutuş gämi berlen bolsa, daşaýjy hat-da şertleşilen ähli ýüküň möçberi gämä doly ýüklenilmedik bolsa-da, frahtlaýanyň talap etmegi bilen gämini ýüzüşe ugratmaga borçludyr. Şunda daşaýjy doly frahty almak hukugyny özünde saklaýar.

**125-nji madda. Ýüküň gaplanmagy we belgilenmegi**

1. Daşalanda doly abat saklanmagyny üpjün etmek üçin gaplanylmagy we danylmagy talap edilýän ýükler daşalmak üçin oňat ýagdaýdaky gapda we daňyda getirilmelidir. Döwlet standartlary ýa-da tehniki şertleri bellenilen gaplar we daňylar şol şertlere laýyk gelmelidir. Şeýle talaplar iberiji tarapyndan berilýän konteýnerlerede ulanylýar.

2. Iberiji ýüki talaba laýyk belgilemäge we daşaýja şol baradaky zerur maglumatlary bermäge borçludyr. Eger ýük aýratyn çemeleşilmegi talap edýän bolsa, iberiji ýüküň häsiýetleri we oňa çemeleşmegiň tertibi hakynda daşaýjyny habarly etmäge borçludyr.

**126-njy madda. Ýüküň çalşyrylmagy**

Kysymy ýa-da görnüşi çarterde kesgitlenilen ýük diňe daşaýjynyň razylygy bilen başga kysymly ýa-da görnüşli ýük bilen çalşyrylyp bilner.

**127-nji madda. Palubadaky ýük**

1. Daşaýjynyň diňe özi bilen iberijiniň arasynda baglaşylan ylalaşyga ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygyna ters gelmeýän iş dolanyşygynyň adatlaryna laýyklykda, daşaýjynyň ýüki palubada daşamaga haky bardyr.

2. Eger ýüküň palubada daşalmagy ýa-da daşalyp bilinjekdigi hakynda daşaýjy bilen iberijiniň arasynda ylalaşyk gazanylan bolsa, daşaýjy şeýle ylalaşygyň gazanylanlygy hakynda deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasyny tassyklaýan konosamentde ýa-da beýleki resminamada görkezip beýan etmelidir. Eger görkezme beýan edilmedik bolsa, daşaýjy ýüki palubada daşamak hakyndaky ylalaşygyň özi bilen iberijiniň arasynda gazanylandygyny subut etmelidir. Daşaýjynyň konosamenti ak ýürek bilen edinen üçünji bir şahs babatda, şol sanda alyjy babatda şeýle ylalaşyga salgylanmaga hakly däldir.

3. Eger ýük şu maddanyň birinji böleginde bellenilen düzgünleriň bozulmagy bilen daşalan bolsa ýa-da şu maddanyň ikinji bölegine laýyklykda, daşaýjy ýüki palubada daşamak hakyndaky ylalaşyga salgylanyp bilmese, daşaýjy şu Kodeksiň 154-nji we 155-nji maddalarynda bellenilen düzgünlere garamazdan, ýüküň diňe palubada daşalmagy sebäpli, ýüke zeper ýetmegi, ýitgilere uçramagy ýa-da onuň eltilmeli möhletiniň geçirilenligi üçin jogapkärçilik çekýär.

Daşaýjynyň jogapkärçiliginiň çägi emele gelen ýagdaýlara baglylykda, şu Kodeksiň 158-nji ýa-da 160-njy maddalarynda bellenilen düzgünlere laýyklykda kesgitlenilýär.

4. Eger ýüki trýumda daşamak hakynda ylalaşyk bar bolsa, onda ýüküň palubada daşalmagy şu Kodeksiň 160-njy maddasynda bellenilen jogapkärçiligi çäklendirmäge bolan hukugyň ýitirilmegine getiren daşaýjynyň hereketi (ýa-da hereketsizligi) hökmünde garalýar.

**128-nji madda. Keseki ýük**

1. Eger ýük daşamak üçin tutuş gämi, gäminiň bir bölegi ýa-da belli bir gämi otaglary berlen bolsa, iberiji ýüküň ugradylýan portunda keseki ýüki gämiden, gäminiň bir böleginden ýa-da gämi otaglaryndan aýyrmaga, ýük daşamak üçin tutuş gäminiň berlen halatynda bolsa, islendik portda aýyrmaga haky bardyr.

2. Eger keseki ýük gämiden, gäminiň bir böleginden ýa-da gämi otaglaryndan öz wagtynda aýrylmadyk bolsa, frahtlaýanyň töleýän hakynyň degişli suratda azaldylmagyny hem-de ýetirilen zyýanyň öweziniň dolunmagyny talap etmäge haky bardyr.

**129-njy madda. Ýüke degişli resminamalar**

Iberiji daşaýja ýüke degişli port, gümrük, arassaçylyk ýa-da gaýry administratiw düzgünlerine laýyklykda talap edilýän ähli beýleki resminamalary öz wagtynda bermelidir hem-de şeýle resminamalaryň öz wagtynda berilmänligi, hakykata laýyk gelmeýänligi ýa-da doly däldigi netijesinde, çekilen zyýan üçin daşaýjynyň öňünde jogapkärçilik çekýär.

## 3 bap. Konosament

**130-njy madda. Konosamentiň berilmegi**

1. Ýük, daşamak üçin kabul edilenden soň, daşaýjy iberijiniň talap etmegine görä, iberijä konosament bermäge borçludyr.

Konosament şu Kodeksiň 132-nji maddasynyň birinji bölüminiň 3-8-nji bentlerinde görkezilen maglumatlary saklaýan, iberiji tarapyndan gol çekilen resminama esasynda düzülýär.

2. Iberiji daşaýja konosamente girizmek üçin berlen maglumatlaryň dogrulygyny kepillendirýär hem-de şeýle maglumatlaryň nädogrulygy netijesinde, daşaýja ýetirilen zyýan üçin, jogapkärçilik çekýär.

Daşaýjynyň iberiji tarapyndan ýetirilen zyýanyň öwezini doldurmaga bolan hukugy deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasy boýunça daşaýjynyň iberijiden başga islendik şahsyň öňündäki jogapkärçiligini aradan aýyrmaýar.

**131-nji madda. Konosamentiň görnüşleri**

Konosament belli bir alyjynyň adyna (atly konosament), iberijiniň ýa-da alyjynyň buýrugy boýunça (order konosamenti) ýa-da görkeziji üçin berlip bilner. Iberijiniň ýa-da alyjynyň buýrugyna berilmeli diýen görkezmeleri bolmadyk order konosamenti iberijiniň buýrugy boýunça berlen diýlip hasap edilýär.

**132-nji madda. Konosamentiň mazmuny**

1. Konosamente şu aşakdaky maglumatlar girizilmelidir:

1) daşaýjynyň ady we onuň bolýan ýeri;

2) deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasyna laýyklykda, ýükleme portunyň ady hem-de ýükleme portunda daşaýjynyň ýüki kabul eden senesi;

3) iberijiniň ady we onuň bolýan ýeri;

4) deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasyna laýyklykda, düşüriş portunyň ady;

5) eger iberiji tarapyndan görkezilen bolsa, alyjynyň ady;

6) ýüküň ady, ýüki anyklaşdyrmak üçin zerur bolan esasy belgiler, degişli halatlarda ýüküň howply häsiýetiniň ýa-da aýratyn sypatlarynyň görkezilmegi, orunlarynyň ýa-da zatlaryň sany hem-de ýüküň massasy ýa-da onuň başga hili aňladylan sany. Şunda maglumatlar iberijiniň belleýişi ýaly görkezilýär;

7) ýükuň we onuň gabynyň daşky ýagdaýy;

8) alyjynyň tölemeli frahtynyň möçberi ýa-da onuň tölemeli bolan frahty baradaky başga hili görkezme;

9) konosamentiň berlen wagty we ýeri;

10) eger konosamentiň asyl nusgasynyň sany birden köp bolsa, olaryň sany;

11) daşaýjynyň ýa-da onuň adyndan hereket edýän şahsyň goly. Taraplaryň ylalaşygy esasynda, konosamente beýleki maglumatlar hem girizilip bilner.

Gäminiň kapitany tarapyndan gol çekilen konosament daşaýjynyň adyndan çekilen gol diýlip hasaplanylýar.

2. Ýük gäminiň bortuna ýüklenilenden soň, daşaýjy iberijiniň talap etmegi boýunça oňa bort konosamentini berýär, onda bolsa şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan maglumatlara goşmaça hökmünde ýüküň belli bir gäminiň ýa-da gämileriň bortunda durýandygy, şeýle-de ýüküň ýüklenen senesi (seneleri) görkezilmelidir.

3. Eger daşaýjy ýüküň gäminiň bortuna ýüklenmezinden öň, daşaýja daşalmaga kabul edilen ýüke konosamenti ýa-da şol ýüke degişli haryda ygtyýarlyk etmek baradaky gaýry resminama beren bolsa, iberiji daşaýjynyň haýyşy boýunça şeýle resminamany bort konosamenti bilen çalyşmak üçin yzyna gaýtaryp bermelidir.

4. Eger iberijiniň bort konosamenti boýunça talaby bar bolsa, daşaýjy öňki berlen islendik resminamanyň üstüni doldurmak arkaly şol talaby kanagatlandyrmaga borçludyr, şunda şeýle üsti doldurylan resminama bort konosamentinde bolmaly ähli maglumatlary öz içine almalydyr.

**133-nji madda. Konosamentdäki bellikler. Konosamentiň subut ediş güýji**

1. Eger konosamentde ýüküň ady, onuň esasy belgileri, orunlarynyň ýa-da zatlaryň sany, ýüküň massasy ýa-da sany baradaky maglumatlar bar bolsa hem-de şolar barada daşaýjy ýa-da onuň adyndan konosamenti berýän şahs şeýle maglumatlaryň hakykatda kabul edilen ýa-da ýüklenen ýüke laýyk gelmeýändigini bilýän bolsalar ýa-da şeýle hasap etmäge ýeterlik esas bar bolsa, bort konosamenti berlende ýa-da daşaýjyda ýa-da şonuň ýaly başga bir şahsda şol görkezilen maglumatlary barlamak üçin göwnejaý mümkinçiligiň bolmadyk halatynda, daşaýjy ýa-da başga bir şonuň ýaly şahs konosamente nätakyklygy anyk görkezýän şert-belligi, çaklamalara esaslaryny ýa-da şol görkezilen maglumatlary barlamak üçin göwnejaý mümkinçiligiň ýoklugyny girizmelidir.

2. Eger daşaýjy ýa-da onuň adyndan konosament berýän şahs konosamentde ýüküň daşky ýagdaýyny görkezmeýän bolsa, konosamentde ýüküň daşky ýagdaýy oňat diýlip görkezilen hasap edilýär.

3. Şu maddanyň birinji bölegine laýyklykda ýol berilýän bellik girizilen maglumatlary hasap etmezden, konosament, eger başgasy subut edilmedik bolsa, daşaýjynyň ýüki daşamak üçin, onuň konosamentde beýan edilişi ýaly kabul edenligini tassyklaýar. Eger konosament üçünji bir şahsa berlen bolsa, ol hem ýüküň konosamentde beýan

edilişinden ugur alyp, ak ýürekden hereket eden bolsa, daşaýjynyň gaýry subut etmegine ýol berilmeýär.

**134-nji madda. Konosamentiň nusgalarynyň köplügi**

Iberijä onuň islegi boýunça konosamentiň birnäçe nusgasy (asyl nusgalary) berlip bilner. Olaryň her birinde konosamentiň bar bolan asyl nusgalarynyň sany bellenilýär. Konosamentiň ilkinji görkezilen asyl nusgasy esasynda ýük berlenden soň, onuň galan asyl nusgalary öz güýjüni ýitirýärler.

**135-nji madda. Konosamentiň gowşurylyşy**

Konosament şu aşakdaky düzgünleriň berjaý edilmegi bilen gowşurylýar:

1) atly konosament atly gowşuryş ýazgylary boýunça ýa-da talabyň berilmegi üçin bellenilen düzgünleriň berjaý edilmeginde başga görnüşde gowşurylýar;

2) order konosamenti atly ýa-da blankly gowşuryş ýazgylary boýunça berlip bilner;

3) görkezijä berilýän konosament ýönekeý gowşurmak arkaly berlip bilner.

**136-njy madda. Konosamentiň ornuna gaýry resminamanyň berilmegi**

Iberijiniň konosamentiň ornuna ýüküň daşalmak üçin kabul edilmegini tassyklaýan deňiz nakladnoýynyň ýa-da gaýry resminamanyň berilmegini daşaýjydan talap etmäge haky bardyr. Şeýle resminamalar boýunça şu bapda bellenilen düzgünler ulanylýar, ýöne haryda ygtyýarlyk ediji resminama hökmünde bolan konosamente degişli düzgünler hem-de şu Kodeksiň 132-nji maddasynyň üçünji böleginde, 131-nji, 134-nji, 135-nji maddalarynda we 137-nji maddasynyň ikinji böleginde bellenilen düzgünler muňa girmeýär.

**137-nji madda. Ýüke ygtyýarlyk etmek hukugy**

1. Iberijiniň ýüki alyja berýänçä ýa-da şeýle hukugy alyja ýa-da üçünji bir şahsa berýänçä, ýüke ygtyýarlyk etmäge haky bardyr, iberiji bu barada daşaýjyny habarly etmelidir.

2. Iberijiniň gämi ugramanka ugradylýan ýerde ýüküň yzyna berilmegini, aralyk portda ýüküň berilmegini ýa-da eger-de iberijä berlen konosamentleriň asyl nusgalarynyň ählisiniň görkezilen ýagdaýynda ýa-da degişli üpjünçiligiň berlen ýagdaýynda we şu Kodeksiň 143-nji we 144-nji maddalaryna bellenilen düzgünleri berjaý etmek bilen ýük daşaýyş resminamasynda görkezilen alyjydan başga alyja bermegi talap etmäge haky bardyr.

## 4 bap. Deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasynyň ýerine ýetirilmegi

**138-nji madda. Daşaýjynyň ýüki ýüklemek, daşamak, düşürmek we onuň abat saklanylmagyny üpjün etmek babatdaky borçlary**

1. Daşaýjy ýüküň kabul edilen pursatyndan onuň berlen pursatyna çenli, ýüküň ýokary hilli ýüklenilmegini, işlenilip taýýarlanylmagyny, ýerleşdirilmegini, daşalmagyny, saklanylmagyny we düşürilmegini amala aşyrmaga borçludyr.

2. Eger daşamak üçin kabul edilen ýük deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasynda görkezilen aýratyn we seresaply çemeleşilmegi talap edýän bolsa, daşaýjy şeýle görkezijilere eýerip, ýüküň abat saklanylmagyny üpjün etmäge borçludyr.

3. Taraplaryň şu maddanyň birinji bölegine ters gelýän ylalaşygy ujypsyzdyr.

**139-njy madda. Howply ýük**

1. Eger ýük öz tebigaty boýunça aňsat ot alýan, partlaýan ýa-da howply bolup, nädogry at bilen tabşyrylan bolsa we ýük kabul edilende, daşaýjy tarapyndan ýüküň daşynyň gözegçiliginde hem onuň häsiýetine göz ýetirip bilinmedik bolsa, şeýle ýük emele gelen ýagdaýlara baglylykda, islendik wagt daşaýjy tarapyndan ýük iberijä ýetirilen zyýanyň öwezi dolunmazdan, düşürilip ýa-da zyýansyzlandyrylyp bilner.

Şeýle ýüki ýüklemegiň netijesinde, özüne ýetirilen zyýan üçin, iberiji daşaýjynyň öňünde jogapkärçilik çekýär.

Şeýle ýüküň daşalanlygy üçin, alnan fraht gaýtarylyp berilmeýär. Eger ýük iberilende, fraht tölenilmedik bolsa, daşaýjy ony doly töledip almaga haklydyr.

2. Eger, şu maddanyň birinji böleginde görkezilen, daşaýjynyň habarly bolmagy we razylygy bilen ýüklenen ýük gämi üçin, başga ýük üçin ýa-da gämidäki adamlar üçin howp döretse, emele gelen ýagdaýlara baglylykda, daşaýjy iberijä çekilen zyýanlaryň öwezini dolmazdan, şeýle ýüki düşürmäge ýa-da zyýansyzlandyrmaga haklydyr, ýöne umumy awariýa muňa girmeýär.

Daşaýjy gäminiň şeýle ýük bilen hakyky geçen aralygyna proporsional möçberde frahta haky bardyr.

**140-njy madda. Ýük daşamagyň möhleti we ugry**

Daşaýjy ýüki barmaly portuna öz möhletinde hem-de taraplaryň ylalaşygynda bellenilen ugur bilen eltmäge borçludyr. Şeýle ylalaşyk bolmadyk halatynda, ýük öz möhletinde eltilmelidir, ony bolsa anyk ýagdaýlary we adaty ugry nazara alyp, ak ýürekli daşaýjydan talap etmek göwnejaý bolar.

**141-nji madda. Barmaly porta gäminiň girmegine päsgel berýän ýagdaýlar**

1. Eger degişli häkimiýetleriň gadagan etmegi, tebigy hadysalaryň ýüze çykmagy ýa-da daşaýja bagly bolmadyk gaýry sebäpler netijesinde, gämi barmaly porta girip bilmeýän bolsa, daşaýjy bu barada haýal etmän iberijä ýa-da frahtlaýana ýa-da ýüke doly ygtyýarly şahsa, haçan-da şeýle şahs daşaýja belli bolsa, habar etmäge borçludyr.

2. Eger ýük daşamak üçin tutuş gämi berlen bolsa we daşaýjy tarapyndan habaryň iberilen pursatyndan beýläk, göwnejaý möhletiň içinde iberijiden ýa-da frahtlaýandan ýa-da ýüke doly ygtyýarly şahsdan görkezme gelmedik bolsa, gäminiň kapitany öz islegine görä, ýüki iň ýakyn portlaryň birinde düşürmäge ýa-da gäminiň kapitanynyň pikirine görä, iberiji ýa-da frahtlaýan üçin ýa-da ýüke doly ygtyýarly şahs üçin has amatly hasap etse, ýüki onuň iberilen portuna yzyna gaýtarmaga haky bardyr.

3. Eger ýük daşamak üçin tutuş gämi berilmedik bolsa we ýük barmaly portuna eltilip bilinmejek bolsa, gäminiň kapitany iberijiniň ýa-da frahtlaýanyň ýa-da ýüke doly ygtyýarly şahsyň görkezmesine laýyklykda, ýüki başga portda düşürmelidir. Daşaýjynyň habar iberen pursatyndan beýläk, üç gije-gündiziň dowamynda şeýle görkezme alynmasa, gäminiň kapitanynyň öz islegine görä, iň ýakyn portlaryň birinde ýüki düşürmäge haky bardyr hem-de bu barada iberijini ýa-da frahtlaýany ýa-da ýüke doly ygtyýarly şahsy habarly etmäge borçludyr. Gäminiň kapitany özüniň alan görkezmesini gämidäki beýleki ýüklere eýelik edýänlere zyýan çekdirtmän ýerine ýetirip bilmejek halatlarynda hem şeýle etmage haklydyr.

4. Daşaýjynyň, iberijiniň ýa-da frahtlaýanyň ýa-da ýüke doly ygtyýarly şahsyň görkezmesine göwnejaý möhletiň içinde garaşmak bilen bagly bolan çykdajylaryň we ýüke çykdajylaryň öweziniň dolunmagyna şeýle-de gäminiň hakyky geçen aralygyna proporsional möçberde frahta haky bardyr.

## 5 bap. Deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasy boýunça borçnamalaryň ýatyrylmagy

### 142-nji madda. Daşaýjynyň deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasyny ýerine ýetirmekden boýun gaçyrmagy

1. Eger ýüklenilen ýüküň gymmaty frahty ýa-da daşaýjynyň ýüke beýleki çykdajylaryny ýapmaýan bolsa, ýük iberiji ýa-da frahtlaýan bolsa gämi ugradylmazdan öň, frahty doly möçberde tölemedik we goşmaça üpjünçiligi berjaý etmedik bolsa, onda daşaýjynyň gämi gatnawa ugramanka deňiz arkaly ýük daşamak şertnamasyny ýerine ýetirmekden boýun gaçyrmaga haky bardyr. Şeýle halatda iberiji ýa-da frahtlaýan daşaýja doly frahtyň ikiden bir bölegini tölemelidir, eger işsiz durlanda - işsiz durulany üçin hak tölemelidir hem-de daşaýjynyň ýüküň hasabyna çykaran beýleki çykdajylarynyň öwezini dolmalydyr.

2. Ýük düşürmek ugradyjynyň ýa-da frahtlaýanyň hasabyna amala aşyrylýar.

### 143-nji madda. Iberijiniň ýa-da frahtlaýanyň deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasyny ýerine ýetirmekden boýun gaçyrmagy

1. Eger ýük daşamak üçin tutuş gämi berlen bolsa, iberijiniň ýa-da frahtlaýanyň aşakdakylary tölemek şerti bilen deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasyny ýerine ýetirmekden boýun gaçyrmaga haky bardyr:

1) doly frahtyň ikiden bir bölegi möçberinde, işsiz durma bolanda – daşaýjy tarapyndan ýüküň hasabyna edilen we frahtyň jemine girizilmedik, işsiz durma üçin hak tölenende, eger iberijiniň ýa-da frahtlaýanyň boýun gaçyrmagy ýük ýüklemek üçin bellenilen staliý ýa-da kontrstaliý wagty geçmänkä ýa-da gämi gatnawa çykmanka görkezilen pursatlaryň haýsy biriniň ir gelip ýetenligine baglylykda, gelip ýeten bolsa;

2) doly fraht, şu bölegiň 1-nji bendinde görkezilen beýleki pullar, eger iberijiniň ýa-da frahtlaýanyň boýun gaçyrmagy şu bölegiň 1-nji bendinde görkezilen pursatlaryň haýsy-da bolsa birinden soň ýüze çykan bolsa we deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasy bir gatnaw üçin baglaşylan bolsa;

3) birinji gatnaw üçin doly fraht, şu bölegiň 1-nji bendinde görkezilen beýleki pullar we galan gatnaw üçin frahtyň ikiden bir bölegi möçberinde, eger iberijiniň ýa-da frahtlaýanyň boýun gaçyrmagy şu bölegiň 1-nji bendinde görkezilen pursatlaryň birinden soň ýüze çykan bolsa we deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasy birnäçe gatnaw üçin baglaşylan bolsa;

Eger iberiji ýa-da frahtlaýan deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasyny ýerine ýetirmekden gämi gatnawa çykmanka boýun gaçyran bolsa, hatda düşüriş gäminiň bellenilen möhletden artyk saklanmagyna getirip biljek bolsa-da, daşaýjy ýüki iberijä ýa-da frahtlaýana bermäge borçludyr.

Iberiji ýa-da frahtlaýan deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasyny ýerine ýetirmekden gatnaw wagtynda boýun gaçyrsa, iberijiniň ýa-da frahtlaýanyň gäminiň diňe deňiz arkaly ýük daşamak şertnamasyna laýyklykda girmeli portunda ýa-da zerurlyk zerarly giren portunda ýüküň berilmegini talap etmäge haky bardyr.

2. Eger ýük daşamak üçin tutuş gämi berilmedik bolsa, iberijiniň ýa-da frahtlaýanyň doly fraht tölemek, işsiz durlanda, işsiz durulan wagt üçin toleg tölemek, daşaýjynyň ýüküň hasabyna çykaran we fraht tölegine girizilmedik çykdajylarynyň öwezini dolmak şerti bilen deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasyny ýerine ýetirmekden boýun gaçyrmaga haky bardyr. Daşaýjy iberijiniň ýa-da frahtlaýanyň talap etmegine görä, daşaýja we beýleki ugradyja ýa-da frahtlaýana şeýle edilende diňe zyýan ýetirmejek ýagdaýlarynda, ýüki onuň barmaly portuna eltilmezinden öň bermäge borçludyr.

**144-nji madda. Taraplaryň her biriniň deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasyny ýerine ýetirmekden boýun gaçyrmagy**

1. Eger gämi ýük ýüklenilýän ýerden ugramanka şu aşakdaky ýagdaýlar bolup geçende, deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasyna gatnaşýan taraplaryň her biriniň, ýetirilen zyýanyň öwezini beýleki tarapa doldurtmazdan, şol şertnamany ýerine ýetirmekden boýun gaçyrmaga haky bardyr:

1) gäminiň ýa-da ýüküň basylyp alynmagy, gämidäki adamlaryň janyna howp salýan harby we beýleki hereketler bolanda;

2) iberilýän ýer ýa-da barmaly ýer gabawa düşende;

3) deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasyna gatnaşýan taraplara bagly bolmadyk sebäplere görä, degişli häkimiýetleriň görkezmesi boýunça gämi saklananda;

4) adatdan daşary ýagdaýlarda gämi döwlet hajatlary üçin işe çekilende;

5) daşamak üçin niýetlenilen ýüküň iberilmeli ýerinden äkidilmegi ýa-da barmaly ýerine eltilmegi degişli häkimiýetler tarapyndan gadagan edilende.

Eger gämi gysga wagtlaýyn saklanar diýlip çak edilýän bolsa, şu bölegiň 3-nji we 5-nji bentlerinde göz öňünde tutulan ýagdaýlar çekilen zyýanyň öwezini beýleki tarapa doldurtmazdan, deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasyny ýerine ýetirmekden boýun gaçyrmak üçin esas bolup hyzmat edip bilmez.

Şu bölekde göz öňünde tutulan ýagdaýlar dörände, daşaýjy ýüki düşürmek üçin çykdajy çykarmaýar.

2. Deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasyna gatnaşýan taraplaryň her biri şu maddanyň birinji böleginde şeýle-de gatnaw wagtynda göz öňünde tutulan ýagdaýlaryň haýsy-da bolsa biriniň döremegi netijesinde şertnamany ýerine ýetirmekden boýun gaçyrmaga haklydyr. Şunda iberiji ýa-da frahtlaýan daşaýja ýüke ähli çykdajylaryň öwezini, şol sanda ony düşürmek üçin edilen çykdajylaryň öwezini, şeýle-de geçilen aralyga proporsional möçberdäki frahty töleýär.

**145-nji madda. Deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasynyň borçnamalaryny ýerine ýetirmegiň mümkin dälligi sebäpli, olaryň ýatyrylmagy**

1. Eger deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasy baglaşylandan soň hem-de gämi ýük ýüklenilýän ýerden ugramazyndan öň, taraplara bagly bolmadyk ýagdaýlar netijesinde:

1) gämi heläkçilige uçrasa ýa-da zorluk bilen basylyp alnan bolsa;

2) gämi ýüzüş üçin ýaramsyz diýlip ykrar edilen bolsa;

3) her bir aýratynlykda kesgitlenilen ýük heläk bolsa;

4) ýük ýüklemek üçin iberiji tarapyndan tabşyrylandan soň we iberiji ýüklemek üçin başga ýüki tabşyrmaga ýetişmese, kysym alamatlary boýunça kesgitlenilen ýük heläkçilige uçrasa, şertnamanyň ýatyrylmagy netijesinde çekilen zyýanyň öwezini bir tarapyň şertnama gatnaşýan beýleki tarapa dolmazlyk şerti bilen ýatyrylýar.

2. Deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasy şu maddanyň birinji böleginde görkezilen ýagdaýlaryň döremegi netijesinde, gatnaw wagtynda hem ýatyrylýar. Şeýle halatda ýük daşaýja halas edilen we tabşyrylan ýüküň sanyndan ugur alnyp, gäminiň hakyky geçen aralygyna proporsional möçberde fraht tölenilmelidir.

## 6 bap. Ýüküň düşürilmegi we berilmegi

### 146-njy madda. Ýüki almaga hukugy bolan şahs

1. Konosament esasynda daşalýan ýük düşüriş portunda konosamentiň asyl nusgasy görkezilen wagtynda, daşaýjy tarapyndan aşakdaky halatlarda berilýär:

1) atly konosament - konosamentde görkezilen ýük alyja ýa-da atly gowşuryş ýazgysy boýunça ýa-da talaby başga birine bermek üçin bellenilen düzgünlere laýyklykda, başga hili görnüşde özüne konosament berlen şahsa;

2) orderli konosament - buýrugyna konosament düzülen şahsa – eger konosamentde tabşyryş ýazgylarynyň üznüksiz hataryndan iň soňkusynda görkezilen şahsa ýa-da soňky blanka ýazgyly konosamenti görkezijä;

3) görkezijä degişli konosament - konosamenti görkezijä.

2. Eger ýük daşamak deňiz nakladnoýy esasynda ýa-da şoňa meňzeş başga resminama esasynda amala aşyrylýan bolsa, daşaýjynyň ýüki şeýle resminamada görkezilen alyja ýa-da iberiji tarapyndan görkezilen alyja bermäge haky bardyr.

### 147-nji madda. Ýüküň saklanmaga tabşyrylmagy

1. Eger ýük daşamak üçin gäminiň bir bölegi berlen bolsa we düşüriş portunda alyjy ýüki talap etmedik bolsa ýa-da ondan boýun gaçyran bolsa, ýa-da onuň kabul edilmegini saklap, bellenilen möhletde ýüki düşürip bolmasa, daşaýjynyň bu barada iberijä ýa-da frahtlaýana, şeýle-de haçan-da ol ýük daşaýja belli bolsa alyja mälim etmek bilen, ýüki saklamak üçin ammara tabşyrmaga ýa-da ýüke doly ygtyýarly
şahsyň hasabyna we töwekgelçiligine başga talaba laýyk ýere tabşyrmaga haky bardyr.

2. Eger ýüki daşamak üçin tutuş gämi berilýän bolsa hem-de staliý we kontrstaliý wagtynyň dowamynda iberijiniň ýa-da frahtlaýanyň ýa-da ýüke doly ygtyýarly şahsyň gaýry görkezmesi bolmadyk ýagdaýynda, ýüki düşürmek we ony saklamaga tabşyrmak staliý we kontrstaliý wagty tamamlanandan soň, daşaýjy tarapyndan amala aşyrylýar. Ýüki saklamaga tabşyrmak üçin, daşaýjynyň sarp eden wagty işsiz durma hasap edilýär.

3. Eger saklamaga tabşyrylan ýük gäminiň düşürme portuna gelen gününden beýläk, iki aýyň dowamynda alynmasa we iberiji ýa-da frahtlaýan ýa-da ýüke doly ygtyýarly şahs daşaýja şol ýüküň daşalmagy üçin tölenilmeli ähli tölegleri tölemese, daşaýjynyň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, bellenilen tertipde ýüki satmaga haky bardyr.

4. Alynmadyk tiz zaýalanýan ýük, şeýle-de saklamak üçin harç edilýän çykdajysy öz gymmatyndan artyk bolan ýük onuň eltilmeli möhletinden ir bolmadyk iki aý möhlet geçenden soň, daşaýjy tarapyndan satylyp bilner.

5. Ýüküň satylmagyndan düşen puldan daşaýja tölenmeli hem-de ýüki saklamak we satmak üçin edilen çykdajylary üçin hasaplanylyp alnandan soň, puluň galan möçberi daşaýjy tarapyndan iberijä ýa-da frahtlaýana berilýär.

6. Eger ýüküň satylmagyndan düşen pul daşaýja tölenilmeli tölegleriň we ýüki saklamak hem-de satmak üçin çykdajylaryň üstüni ýapyp bilmese, daşaýjynyň özüniň kem alan pulunyň üstüni iberijiden ýa-da frahtlaýandan töledip almaga haky bardyr.

**148 nji madda. Alyja ýük berlende tölenilýän tölegler. Ýüki saklamaga hukuk**

1. Alyjy ýük berlende daşaýjynyň ýüküň hasabyna eden çykdajylarynyň öwezini dolmaga, düşürme portunda gäminiň işsiz durmasyny tölemäge, şeýle-de fraht tölemäge hem-de ýükleme portunda gäminiň işsiz durmasyny tölemäge borçludyr, eger bu barada konosamentde ýa-da ýük daşamagy amala aşyrmak üçin esas bolup durýan başga resminamada görkezilen bolsa, umumy awariýa bolan ýagdaýynda awariýa gatanjyny tölemäge ýa-da degişli üpjünçiligi döretmäge borçludyr.

2. Daşaýjy şu maddanyň birinji böleginde görkezilen töleg tölenilýänçä ýa-da üpjünçilik döredilýänçä ýüki bermän saklamaga haklydyr.

Ýük saklamak üçin, alyja degişli bolmadyk ammara tabşyrylan halatynda, daşaýjy ýüki bermän saklamak hukugyny özünde saklaýar, ýöne bu barada ammara eýelik edýäne haýal etmän habar edilmelidir.

3. Eger ýük alyja berlen bolsa, daşaýjy alyjynyň tölemedik puluny iberijiden ýa-da frahtlaýandan talap etmek hukugyny ýitirýär, ýöne daşaýjynyň özüne bagly bolmadyk sebäplere görä, ýüki bermän saklamak hukugyny amala aşyryp bilmedik halatlary muňa girmeýär.

4. Ýüki bermän saklaýan daşaýjynyň talaplary ýüküň bahasynyň hasabyna Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, bellenilen möçberde we tertipde kanagatlandyrylýar.

5. Ýüküň satylmagyndan alnan pul möçberi şu maddanyň birinji bölegine laýyklykda, daşaýja berilmeli edilen we ýüki satmak üçin edilen göwnejaý çykdajylaryň öwezi dolunandan soň, daşaýjy tarapyndan alyja berilýär.

6. Eger ýüküň satylmagyndan düşen pul, şu maddanyň birinji bölegine laýyklykda ýük daşaýja düşýän töleg puluny tölemek üçin ýeterlik bolmasa, daşaýjynyň öziniň kem alan pulunyň üstüni iberijiden ýa-da frahtlaýandan töledip almaga haky bardyr.

**149-njy madda. Ýüki gözden geçirmek ýa-da ýüküň ýagdaýyny barlamak**

Ýük hakyky ýa-da doly ýa-da bölekleýin ýitirilen ýa-da oňa zeper ýetirilen diýlip çak edilen halatynda, alyjy we daşaýjy ýük alyja berilmänkä, ýüki gözden geçirmek ýa-da onuň ýagdaýyny barlamak üçin biri-birine mümkinçilik döretmäge borçludyrlar. Şunda

ýüze çykan çykdajylary bu gözden geçirilişi ýa-da barlagy talap eden şahs çekýär. Eger alyjynyň talaby boýunça ýük gözden geçirilende ýa-da onuň ýagdaýy barlanylanda, daşaýjy jogapkärçilik çekýän ýüküň ýitirilendigi ýa-da oňa zeper ýetirilendigi belli edilen bolsa, ýüki gözden geçirmek ýa-da onuň ýagdaýyny barlamak üçin edilen çykdajylaryň öwezi daşaýjy tarapyndan dolunýar.

**150-nji madda. Ýüküň ýitirilenligini ýa-da oňa zeper ýetirilenligini mälim etmek**

1. Eger ýük berilmezden öň ýa-da onuň berlen wagtynda alyjy ýüküň doly ýa-da bölekleýin ýitirilendigini ýa-da oňa zeper ýetirilendigini ýazmaça görnüşde mälim etmedik bolsa we ýüküň ýitirilişiniň ýa-da oňa zeper ýetirilişiniň umumy häsiýetini görkezmedik bolsa, gaýry subutnamanyň ýoklugynda ýük konosamentiň şertlerine laýyklykda alnan diýlip hasap edilýär.

2. Eger ýüküň ýitirilendigi ýa-da oňa zeper ýetirilendigi ýüki kabul etmegiň adaty usulynda belli edilip bilinmejek bolsa, alyjy ýük berlenden soň, ony üç günüň dowamynda daşaýja mälim edip biler.

3. Eger alyjy ýüki daşaýjy bilen bilelikde gözden geçiren ýa-da onuň ýagdaýyny ýüküň berilýän wagtynda gözden geçiren bolsa, şu maddanyň birinji böleginde görkezilen habary mälim etmezlige haky bardyr.

*(2014-nji ýylyň 1-nji martyndakyTürkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda-Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., № 1, 49-njy madda)*

**7 bap. Fraht**

**151-nji madda.Ýükler daşalanda tölenilýän tölegler**

Daşaýja tölenilmeli ähli tölegleri iberiji ýa-da frahtlaýan töleýär. Iberijiniň ýa-da frahtlaýanyň we daşaýjynyň arasynda baglaşylan ylalaşykda göz öňünde tutulan halatlarda hem-de şol maglumatlar konosamente girizilende tölegleriň alyja geçirilmegine ýol berilýär.

**152-nji madda. Frahtyň möçberi**

1. Frahtyň möçberi taraplaryň ylalaşygy bilen bellenilýär. Ylalaşyk bolmadyk halatynda, frahtyň möçberi ýüklew ýerinde we ýüküň ýüklenilýän wagtynda ulanylýan nyrhlardan ugur alnyp hasaplanylýar.

2. Eger gämä deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasynda göz öňünde tutulandan köp sanly ýük ýüklenilen bolsa, frahtyň möçberi degişlilikde artýar.

3. Eger gämä deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasynda göz öňünde tutulan ýüküň deregine başga ýük ýüklenen bolsa, daşamak üçin frahtyň möçberi deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasynda göz öňünde tutulandan köp bolsa, fraht hakyky ýüklenilen ýüküň daşalanlygy üçin tölenilýär.

4. Eger hakyky ýüklenilen ýüküň daşalanlygy üçin tölenilmeli frahtyň möçberi, deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasynda göz öňünde tutulan ýüküň daşalanlygy üçin tölenilmeli frahtdan az bolsa, deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasynda göz öňünde tutulan fraht tölenilýär.

**153-nji madda. Daşalan wagtynda ýitirilen ýük üçin fraht**

1. Daşalan wagtynda ýitirilen ýük üçin fraht alynmaýar we eger ol öňünden tölenilen bolsa, yzyna gaýtarylýar. Eger ýitirilen ýük halas edilen bolsa, daşaýjynyň gäminiň hakyky geçen aralygyna proporsional möçberde hak almaga haky bardyr.

Gäminiň hakyky geçen aralygy üçin tölenmeli fraht hasaplanylanda gäminiň ýükli geçen ýolunyň bölekleriniň gäminiň gatnawynda şertlendirilen bütin ýoluň uzynlygy bilen baglanyşygy, şeýle-de gäminiň ýükli geçen aralygy bilen baglanyşygy bolan çykdajylaryň, sarp edilen wagtyň we zähmetiň, howplaryň hem-de ýoluň galan böleginde duş gelýän gaýry zatlaryň biri-biri bilen baglanyşygy nazara alynýar.

2. Eger ýük özüniň tebigy häsiýetleri (zaýalanmagy, çüýremegi we ş.m.) netijesinde ýa-da iberijä bagly bolan ýagdaýlara görä ýük heläk bolan ýa-da oňa zeper ýeten bolsa, fraht doly möçberde tölenilýär.

**8 bap. Daşaýjynyň, iberijiniň we frahtlaýanyň jogapkärçiligi**

**154-nji madda. Daşaýjynyň jogapkärçiligi**

1. Daşaýjy daşamak üçin kabul edilen ýüküň ýitirilenligi ýa-da oňa zeper ýetirilenligi, şeýle-de ýüküň barmaly portuna eltiliş möhletiniň geçirilenligi üçin, ýüküň daşalmaga kabul edilen pursatyndan, onuň berlen pursatyna çenli jogapkärçiligik çekýär.

2. Eger ýük deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasynda göz öňünde tutulan düşüriş portunda, taraplaryň ylalaşygy bilen kesgitlenilen möhletde berilmedik bolsa, şeýle ylalaşygyň bolmadyk wagtynda bolsa - ätiýaçly daşaýjynyň adaty şertlerde berjaý etmeli möhleti bozulan bolsa, ýük bölekleýin ýüklenilende ýüküň böleklerini birleşdirmek üçin zerur bolan anyk wagtyň kesgitlenmegi bilen baglanyşykly ýagdaýlary hasaba almak bilen, adatça daşamak üçin zerur bolan möhletde berilmedik bolsa, daşaýjy ýük daşamak möhletini geçiren diýlip ykrar edilýär.

3. Eger ýük berilmeli ylalaşylan möhlet geçenden soň, otuz senenama gününiň dowamynda ýa-da şeýle möhlet şertleşilmedik bolsa, daşaýjy tarapyndan ýük alnandan altmyş gün geçenden soň, düşüriş portunda ýüke doly ygtyýarly şahsa berilmedik bolsa, onda ýüküň ýitirilmegi sebäpli daşaýja talap bildirmäge hukugy bolan şahs ýük ýitirilen diýip hasap edip biler.

4. Eger daşaýjy daşalýan ýüküň ýitirilmeginiň ýa-da oňa zeper ýetirilmeginiň ýa-da onuň eltilmeli möhletiniň geçirilmeginiň:

1) öňüni alyp bolmajak güýjüň täsiri netijesinde;

2) deňizde we gami gatnaýan beýleki suwlarda howplaryň ýa-da tötänlikleriň bolmagy netijesinde;

3) deňizde adamlary halas etmek boýunça islendik çäreler ýa-da deňizdäki emlägi halas etmek boýunça göwnejaý çäreler netijesinde;

4) daşaýjynyň günäsi bilen bolmadyk ýangyn dörände;

5) harby hereketler netijesinde;

6) degişli döwlet edaralarynyň hereketleri ýa-da görkezmeleri (tutup saklamak, tussag etmek, karantin we başgalar) netijesinde;

7) iberijiniň ýa-da alyjynyň hereketi (hereketsizligi) netijesinde;

8) ýüküň ýaşyryn kemçilikleri, onuň häsiýetleri ýa-da tebigy azalyşy netijesinde;

9) ýüküň gaplarynyň, danylarynyň ýa-da konteýnerleriň ýaşyryn ýetmezçilikleri netijesinde;

10) ýüküň belgilenişiniň ýeterliksizligi ýa-da aýdyň dälligi netijesinde;

11) deňiz portunyň işiniň wagtlaýyn togtadylmagyna ýa-da doly ýa-da bölekleýin çäklendirilmegine getiren garaşylmadyk ýagdaýlar netijesinde;

12) daşaýjynyň, onuň işgärleriniň, agentleriniň, beýleki ynanylan şahslaryň günäsi bilen baglanyşykly bolmadyk gaýry ýagdaýlaryň döremegi netijesinde, bolandygyny subut etse, onda ol daşalýan ýüküň ýitirilenligi ýa-da oňa zeper ýetirilenligi ýa-da onuň eltilmeli möhletiniň geçirilenligi üçin jogapkärçilik çekmeýär.

**155-nji madda. Nawigasion ýalňyşlyk**

Daşaýjy, eger daşalmak üçin alnan ýüküň ýitirilmegine, oňa zeper ýetirilmegine ýa-da onuň eltilmeli möhletiniň geçirilmegine gämini sürmekde ýa-da gämini dolandyrmakda gäminiň kapitanynyň, gäminiň ekipažynyň beýleki agzalarynyň ýa-da losmanyň hereketiniň (hereketsizliginiň) (nawigasion ýalňyşlyk) sebäp bolandygyny subut etse, daşamak üçin kabul edilen ýüküň ýitirilenligi ýa-da oňa zeper ýetirilenligi üçin, ýa-da ýüküň eltilmeli möhletiniň geçirilenligi üçin jogapkärçilik çekmeýär, kabotažda daşalýan ýük muňa girmeýär.

**156-njy madda. Ýüküň abat saklanylýandygyna şaýatlyk edýän alamatlar bolanda, daşaýjynyň jogapkärçilikden boşadylmagy**

Daşaýjy, eger alyjy daşalýan ýüküň daşaýjynyň, onuň agentleriniň ýa-da işgärleriniň günäsi boýunça ýitirilendigini, ýa-da zeper ýetirilendigini subut etmese, deňiz arkaly ýük

daşamagyň şertnamasynda kesgitlenilen, iberijiniň abat plombaly abat gämi otaglarynda, ýolda açylmak alamatlary bolmadyk abat gapda ýa-da konteýnerde getirilen, şeýle-de ýany bilen iberijiniň ýa-da alyjynyň wekiliniň gitmegi bilen daşalyp, barmaly portuna gelen ýüküň ýitirilenligi ýa-da oňa zeper ýetirilenligi üçin jogapkärçilik çekmeýär.

**157-nji madda. Daşaýjynyň ýüküň ýitirilenligi ýa-da oňa zeper ýetirilenligi üçin jogapkärçiliginiň möçberi**

1. Daşaýjynyň daşamak üçin kabul edilen ýüküň ýitirilenligi ýa-da oňa zeper ýetirilenligi üçin jogapkärçiligi aşakdaky möçberlerde hasaplanylýar:

1) ýüküň ýitirilenligi üçin - ýitirilen ýüküň bahasy möçberinde;

2) ýüke zeper ýetirilenligi üçin - ýüküň bahasy näçe aşak düşen bolsa, şol möçberde;

3) daşamak üçin kabul edilip, bahasy yglan edilen ýüküň ýitirilenligi üçin - ýüküň yglan edilen bahasy möçberinde.

Bahasy yglan edilen ýüküň daşalanlygy üçin iberijiden ýa-da alyjydan goşmaça töleg alynýar, onuň möçberi deňiz arkaly ýük daşamak şertnamasynda kesgitlenilýär.

Ýüküň ýitirilmegi ýa-da oňa zeper ýetirilmegi netijesinde kesgitlenilen zyýanyň öwezini dolmakdan başga-da daşaýjy iberijä (alyja), eger ýüküň bahasyna girmeýän bolsa, şol ýitirilen ýa-da zeper ýetirilen ýüküň daşalanlygy üçin alnan frahty gaýtaryp berýär.

2. Öwezi dolmaga degişli bolan umumy pul möçberi ýüküň deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasyna laýyklykda ýüküň gämiden düşürilen gününde ýa-da düşürilmeli bolan gününde we ýerinde onuň bahasyndan ugur alnyp hasaplanylýar.

Daşamaga kabul edilen ýüküň bahasy haryt biržasyndaky bahadan, eger şeýle baha ýok bolsa, dowam edip gelýän bazar bahasyndan, eger birža bahasy-da, bazar bahasy-da bolmasa - şol kysymdaky we hildäki ýüküň adaty bahasyndan ugur alnyp kesgitlenilýär.

Ýüküň ýitirilenligi ýa-da oňa zeper ýetirilenligi üçin onuň öweziniň tölenmäge degişli bolan möçberinden ýüke eýelik edýäniň amala aşyrmaly bolan, ýöne ýüküň ýitirilenligi ýa-da oňa zeper ýetirilenligi sebäpli ýük daşamak üçin amala aşyrylmadyk çykdajylary (fraht, paçlar we başgalar) hasaplanyp aýrylýar.

**158-nji madda. Daşaýjynyň jogapkärçiliginiň çäklendirilmegi**

1. Eger ýüküň kysymy we görnüşi, şeýle-de bahasy iberiji tarapyndan ýük ýüklenilmänkä aýan edilmedik we konosamente girizilmedik bolsa, ýüküň ýitirilenligi ýa-da oňa zeper ýetirilenligi üçin daşaýjynyň jogapkärçiliginiň möçberi ýüküň daşalmagy barada her orun üçin 666,67 hasaplaşyk birliginden ýa-da beýleki birlikden ýa-da tölemeli puluň haýsysynyň köpdügine baglylykda, ýitirilen ýa-da zeper ýetirilen ýüküň brutto massasynyň bir kilogramy üçin iki hasaplaşyk birliginden ýokary bolup bilmez.

2. Daşamak üçin kabul edilen ýüküň eltilmeli möhletiniň geçirilenligi üçin, daşaýjynyň jogapkärçiligi deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasyna laýyklykda tölenilmäge degişli frahtyň möçberinden artyk bolup bilmez.

3. Daşaýjynyň şu maddanyň birinji we ikinji bölekleri esasynda öwezini dolmaga degişli jemi tölegi, şeýle jogapkärçilik ýüze çykan, ýüküň doly ýitirilenligi üçin şu maddanyň birinji bölegine laýyklykda, bellenen jogapkärçiligiň çäginden artyk bolup bilmez.

4. Eger ýük daşamak üçin konteýner, poddon ýa-da başga hili tilsimler peýdalanylýan bolsa, konosamentde şeýle tilsimde daşalýan hökmünde sanalyp geçilen orunlar ýa-da ýükläp ugratma birlikler şu maddanyň maksatlary üçin, daşalýan ýüküň orunlary ýa-da ýükläp ugratma birlikleri diýlip hasap edilýär. Şu görkezilen ýagdaýdan başga halatda şeýle tilsim ýük orny ýa-da ýük birligi hasap edilýär.

5. Deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasyna gatnaşýan taraplar özleriniň ylalaşygy bilen şu maddanyň birinji-üçünji böleklerinde bellenilenden ýokarlandyrylan jogapkärçilik çäklerini belläp bilerler.

**159-njy madda. Daşaýja, onuň işgärlerine we agentlerine edilýän talaplar**

1. Daşaýjynyň jogapkärçiligi hakynda we jogapkärçiligi çäklendirmek hakynda şu Kodeksiň 154-nji we 158-nji maddalarynda bellenilen düzgünler daşamak üçin kabul edilen ýüküň ýitirilmegi ýa-da oňa zeper ýetirilmegi sebäpli ýa-da deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasynyň degişli bolan ýük eltmek möhletiniň geçirlenligi sebäpli, şol şertnamadan talabyň ýa-da zyýan ýetirilmegi netijesinde ýagdaýyň döremegine garamazdan, daşaýja bolan islendik talap boýunça ulanylýar.

2. Eger daşamak üçin kabul edilen ýüküň ýitirilmegi ýa-da oňa zeper ýetirilmegi, ýa-da ýüki eltmek möhletiniň geçirilmegi sebäpli, daşaýjynyň işgärlerine ýa-da agentine talap bildirilen bolsa we ol öz borçlarynyň (ygtyýarlyklarynyň) çäklerinde hereket edendigini subut etse, onda onuň daşaýjynyň salgylanmaga hukugy bolan jogapkärçilik hakyndaky düzgünlerinden we ony çäklendirmek hakyndaky düzgünlerden peýdalanmaga haky bardyr.

3. Şu Kodeksiň 160-njy maddasynda göz öňünde tutulan halatdan başga halatda, daşaýjydan, onuň işgärlerinden we agentlerinden töledilip alynmaly töleg jemi alnanda şu Kodeksiň 158-nji maddasynda göz öňünde tutulan jogapkärçiligiň çäklerinden artyk bolmaly däldir.

**160-njy madda. Jogapkärçiligi çäklendirmäge bolan hukugyň ýitirilmegi**

1. Eger daşamak üçin kabul edilen daşaýjynyň özüniň bilkastlaýyn ýa-da gödek seresapsyzlygy bilen amala aşyran hereketi (hereketsizligi) netijesinde ýitirlendigi ýa-da oňa zeper ýetirilendigi, ýa-da ony eltmek möhletiniň geçirilendigi subut edilen bolsa, onuň şu Kodeksiň 158-nji maddasynda göz öňünde tutulan jogapkärçiligiň çäklendirilmegine haky ýokdur.

2. Eger daşamak üçin kabul edilen ýüküň ýitirilmegine ýa-da oňa zeper ýetirilmegine, ýa-da ony eltmek möhletiniň geçirilmegine daşaýjynyň işgäriniň we agentiniň özüniň bilkastlaýyn ýa-da gödek seresapsyzlygy bilen amala aşyran hereketleriň (hereketsizliginiň) sebäp bolandygy subut edilen bolsa, onda olaryň şu Kodeksiň 159-njy maddasynyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan jogapkärçiligiň çäklendirilmegine haklary ýokdur.

**161-nji madda. Hakyky daşaýjynyň jogapkärçiligi**

1. Eger ýüki (ýüküň bir bölegini) daşamak hakyky daşaýja tabşyrylan bolsa, eger muňa hatda deňiz arkaly ýük daşamak şertnamasynyň şertleri bilen ýol berilýän bolsa-da, muňa garamazdan, daşaýjy şu bölümde bellenilen düzgünlere laýyklykda, ýüküň bütin daşalyşy üçin jogapkärçilik çekýär. Ýüküň hakyky daşaýjy tarapyndan daşalmagy babatda bolsa, daşaýjy özüniň borçlarynyň (ygtyýarlarynyň)
çäklerinde hereket eden hakyky daşaýjynyň, onuň işgärleriniň we agentleriniň hereketi (hereketsizligi) üçin jogapkärçilik çekýär.

2. Daşaýjy bilen hakyky daşaýjynyň arasyndaky ylalaşyga laýyklykda, daşaýjynyň jogapkärçiligi hakynda şu bapda bellenilen düzgünler hakyky daşaýjynyň ýük daşamagy amala aşyrany üçin jogapkärçiligine hem ulanylýar.

Şu Kodeksiň 159-njy maddasynyň ikinji we üçünji böleklerinde hem-de 160-njy maddasynyň ikinji böleginde bellenilen düzgünler şu bölegiň birinji bendinde göz öňünde tutulan ylalaşyk gazanylan halatynda hem, şonuň ýaly-da, hakyky daşaýjynyň işgärine ýa-da agentine talap bildirilende hem ulanylýar.

3. Daşaýjynyň şu bölümde bellenilen düzgünlerde göz öňünde tutulmadyk borçlary öz üstüne alýan ýa-da şu bölümde bellenilen düzgünlerde göz öňünde tutulan hukuklardan boýun gaçyrýan islendik ylalaşygy, eger hakyky daşaýjy ýazmaça görnüşde razylyk beren bolsa oňa hem degişli bolýar. Hakyky daşaýjynyň şeýle razyçylygynyň bardygyna ýa-da ýokdugyna garamazdan, daşaýjy şeýle ylalaşykdan gelip çykýan borçnamadan ýa-da hukuklardan boýun gaçyrmak bilen
baglanyşykly bolmagynda galýar.

4. Eger jogapkärçiligi daşaýjy we hakyky daşaýjy çekýän bolsalar, olaryň jogapkärçiligi raýdaş jogapkärçilik bolýar.

5. Daşamak üçin kabul edilen ýüküň ýitirilenligi ýa-da oňa zeper ýetirilendigi, ýa-da ony eltmek möhletiniň geçirilendigi üçin daşaýjydan ýa-da hakyky daşaýjydan töledilip alynmaly tölegiň möçberi jemi alnanda, şu bapda göz öňünde tutulan jogapkärçiligiň çäginden artyk bolmaly däldir.

6. Şu bapda bellenilen düzgünler daşaýjynyň we hakyky daşaýjynyň biri-birine regres hukugyna galtaşmaýar.

**162-nji madda. Ýüküň göni bir ugra daşalmagy**

1. Eger daşaýjy ýüki göni bir ugra daşamak konosamentini berýän bolsa, onda hem ýüküň bir böleginiň daşaýjy tarapyndan däl-de, başga şahs tarapyndan daşalmalydygy göz öňünde tutulýan bolsa, onda ýüki göni bir ugra daşamak konosamentinde ýüküň bir böleginiň başga şahsyň ygtyýarynda daşalan wagty, ýüküň ýitirilenligi ýa-da oňa zeper ýetirilenligi, ýa-da onuň eltiliş möhletiniň geçirilenligi üçin, daşaýjynyň jogapkärçilik çekmeýänligi göz öňünde tutulyp bilner.

Daşamak üçin kabul edilen ýüküň ýitirilenligine ýa-da oňa zeper ýetirilenligine ýa-da onuň eltiliş möhletiniň geçirilendigine şeýle ýagdaýlaryň sebäp bolandygyny subut etmek borjy daşaýjynyň üstüne düşýär.

2. Ýük daşamagyň bir bölegini amala aşyran şahs daşamak üçin kabul edilen ýüküň öz garamagynda duran wagty dörän sebäplere görä ýüküň ýitirilenligi ýa-da oňa zeper ýetirilenligi ýa-da onuň eltiliş möhletiniň geçirilendigi üçin, daşaýjynyň jogapkärçiligi hakynda, şu bapda göz öňünde tutulan düzgünlere laýyklykda jogapkärçilik çekýär.

**163-nji madda. Daşaýjynyň jogapkärçilikden boşadylmagy ýa-da onuň jogapkärçiliginiň çäkleriniň azaldylmagy hakynda ylalaşyk**

1. Eger ýük daşamaklyk, konosament esasynda ýa-da çartere laýyklykda berlen konosament esasynda amala aşyrylýan bolsa we daşaýjy bilen frahtlaýan bolmadyk konosament saklaýjynyň arasyndaky gatnaşyklary düzgünleşdirýän bolsa, şu bapda bellenilen düzgünlerde göz öňünde tutulan jogapkärçilikden daşaýjyny boşatmak ýa-da onuň jogapkärçiliginiň çäklerini azaltmak hakynda ylalaşmak mümkinçiligi ujypsyzdyr.

2. Daşaýjy şu maddanyň birinji böleginde bellenilen düzgünlere bagly bolmazdan, şu bapda bellenilen düzgünlerde göz öňünde tutulan jogapkärçilikden özüniň boşadylmagy ýa-da jogapkärçiliginiň çäkleriniň azaldylmagy hakynda ylalaşyk baglaşmaga şu aşakdaky halatlarda haklydyr:

1) ýüküň kabul edilen pursatyndan, onuň gämä ýüklenilmegine çenli we düşürilenden soň, onuň tabşyrylmagyna çenli;

2) eger konosament berilmeýän bolsa we ýüki daşamagyň ylalaşylan şertleri haryda ygtyýarlyk etmek baradaky resminama däl bolsa we bu barada bellik edilen bolsa.

Şu bentde bellenilen düzgünler, eger ýüküň görnüşi we kysymy, onuň ýagdaýy, ýüki daşamagyň möhletleri, şeýle-de ýüküň daşalmagyny amala aşyrmagyň şertleri aýratyn ylalaşygyň baglaşylmagyny ödeýän bolsa, belli bir ýüküň daşalmagy boýunça ulanylýar.

**164-nji madda. Iberijiniň we frahtlaýanyň jogapkärçiligi**

Eger iberiji we frahtlaýan zyýanyň özleriniň günäsi, şeýle-de hereketi (hereketsizligi) üçin özleriniň jogap berýän şahslarynyň günäsi boýunça ýetirilmändigini subut etmeseler, daşaýja ýetirilen zyýan üçin, jogapkärçilik çekýärler.

## X BÖLÜM. DEŇIZ ARKALY ÝOLAGÇY GATNATMAGYŇ ŞERTNAMASY

### 165-nji madda. Deňiz arkaly ýolagçy gatnatmagyň şertnamasynyň kesgitlenilişi

Deňiz arkaly ýolagçy gatnatmagyň şertnamasy boýunça daşaýjy ýolagçyny barmaly ýerine eltmegi, ýolagçy goşlaryny tabşyran halatynda bolsa, goşuny eltilmeli ýerine eltmegi we ony ýolagça ýa-da goşy almaga doly ygtyýarly şahsa bermegi borç edinýär, ýolagçy bolsa bellenilen ýol tölegini tölemegi, goşuny tabşyranda bolsa, goşunyň äkidilýänligi üçin tölegi tölemegi borç edinýär.

### 166-njy madda. Şu bölümde bellenilen düzgünleriň ulanylmagy

Eger taraplaryň ylalaşygynda başgaça bellenilmedik bolsa, şu bölümde bellenilen düzgünler ulanylýar. Taraplaryň şu bölümde gönüden-göni görkezilen halatlarda şu bölümde bellenilen düzgünlere laýyk gelmeýän ylalaşygy ujypsyzdyr.

### 167-nji madda. Gatnadyş resminamalary

Ýolagçynyň satyn alan petegi deňiz arkaly ýolagçy gatnatmak şertnamasynyň baglaşylandygyny, goş töleg haty bolsa - ýolagçynyň goşy tabşyranlygyny tassyklaýan resminama bolup durýar.

### 168-nji madda. Goşlar we kaýuta goşlary

1. Ýolagçynyň öz goşuny we kaýuta goşuny barmaly ýerine äkitmäge haky bardyr.

2. Deňiz arkaly ýolagçy gatnatmagyň şertnamasy esasynda äkidilmegi amala aşyrylýan islendik zat ýa-da islendik awtoulag goş hasaplanylýar, ýöne daşalmagy deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasy boýunça amala aşyrylýan zat ýa-da awtoulag, ýa-da haýwan muňa girmeýär.

3. Ýolagçynyň kaýutasynda durýan ýa-da onuň eýeçiliginde onuň öz goragy ýa-da gözegçiligi astynda durýan goş kaýuta goşy hasaplanylýar. Kaýuta goşy ýolagçynyň öz awtoulagynda ýa-da onuň üstünde durýan goşuny öz içine alýar, ýöne şu Kodeksiň 170-nji maddasynda we 177-nji maddasynyň ikinji-bäşinji böleklerinde bellenilen düzgünleriň ulanylýan halatlary muňa girmeýär.

### 169-njy madda. Ýolagçynyň ýol tölegi we onuň goş tölegi

1. Taraplar öz ylalaşygy bilen ýolagçynyň ýol tölegini we onuň goş tölegini kesgitleýärler.

2. Umumy peýdalanylýan ulag bilen äkidilýän ýolagçynyň ýol tölegi we onuň goş tölegi Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde tassyklanylan nyrhnamalar bilen kesgitlenilýär.

3. Ýolagçynyň bellenilen möçberdäki çäklerde öz ýany bilen mugt kaýuta goşuny äkitmäge, belli bir töleg töläp, goşuny äkitmäge tabşyrmaga, şeýle-de Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, ýol tölegini tölemekde ýeňillik almaga haky bardyr.

**170-nji madda. Ýolagçy gatnatmagyň döwürleri**

Ýolagçy gatnatmak aşakdaky döwürleri öz içine alýar:

1) ýolagçy we onuň kaýuta goşy babatda - ýolagçynyň we (ýa-da) onuň kaýuta goşunyň gäminiň bortunda durýan döwri, ýolagçynyň gämä mündürilýän we gämiden düşürilýän döwri, şeýle-de, şeýle äkitmegiň bahasy petegiň bahasyna girizilen bolsa ýa-da daşaýjy ýolagçynyň ygtyýaryna daşamak üçin kömekçi gämi beren bolsa - ýolagçynyň we onuň kaýuta ýüküniň suw ýoly bilen kenardan gämä we gämiden kenara eltilýän döwri. Ýolagçy babatda gatnatmak ýolagçynyň deňiz meňzilinde, gämi duralgasynda ýa-da islendik başga port desgasynda ýa-da onuň üstünde duran döwrüni öz içine almaýar;

2) kaýuta goşy babatda - şeýle-de, şol goş daşaýjy, onuň işgäri ýa-da agenti tarapyndan kabul edilip, ýolagça berilmedik bolsa, ýolagçynyň deňiz meňzilinde, gämi duralgasynda ýa-da islendik başga port desgasynda ýa-da onuň üstünde bolan döwri;

3) kaýuta goşy hasaplanmaýan gaýry goş babatda - şeýle goşun daşaýjy, onuň işgäri ýa-da agenti tarapyndan kenarda ýa-da gäminiň bortuna kabul edilen pursatyndan daşaýjy, onuň işgäri ýa-da agenti tarapyndan ýolagça berlen pursatyna çenli bolan döwür.

**171-nji madda. Ýolagçynyň deňiz arkaly ýolagçy gatnatmagyň şertnamasyndan boýun gaçyrmagy**

1. Ýolagçynyň gämi ugramanka, şeýle-de gatnaw başlan wagtyndan soň, gäminiň ýolagçylary düşürmek we mündürmek üçin giren islendik portunda deňiz arkaly ýolagçy gatnatmagyň şertnamasyndan boýun gaçyrmaklyga haky bardyr.

2. Eger ýolagçy, deňiz arkaly ýolagçylary gatnatmak hakynda Suw ulaglary boýunça ygtyýarly edara tarapyndan tassyklanylan düzgünlerde bellenilen möhletden gijä galman, deňiz arkaly ýolagçy gatnatmagyň şertnamasyndan boýun gaçyran bolsa ýa-da näsaglanlygy sebäpli, gämi ugraýança gelip bilmedik bolsa, ýa-da näsaglygy sebäpli, ýa-da daşaýja bagly bolan sebäplere görä, deňiz arkaly ýolagçy gatnatmagyň şeitnamasyndan boýun gaçyran bolsa, Suw ulaglary boýunça ygtyýarly edara tarapyndan tassyklanylan düzgünlere laýyklykda oňa özüniň we ýüküniň äkidilmegi üçin tölän tölegi gaýtarylyp berilýär.

**172-nji madda. Daşaýjynyň deňiz arkaly ýolagçy gatnatmagyň şertnamasyndan boýyn gaçyrmagy**

1. Daşaýjynyň özüne bagly bolmadyk şu aşakdaky ýagdaýlar dörände, deňiz arkaly ýolagçy gatnatmagyň şertnamasyny ýerine ýetirmekden boýun gaçyrmaga haky bardyr:

1) gäminiň basylyp alynmak howpuny döredýän harby hereketler ýa-da gaýry hereketler (hereketsizlik) bolanda;

2) gäminiň ugradylýan ýeriniň ýa-da barmaly ýeriniň gabalmagy;

3) gämi şertnama gatnaşýan taraplara bagly bolmadyk sebäplere görä, degişli häkimiýetleriň görkezmesi boýunça saklanylşa;

4) gämi döwlet hajatlary üçin işe çekilse;

5) gämi heläk bolsa ýa-da ol basylyp alynsa;

6) gämi ýüzüşe ýaramsyz diýlip yglan edilen bolsa;

7) Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan gaýry ýagdaýlarda.

2. Eger daşaýjy gämi ugramanka, deňiz arkaly ýolagçy gatnatmagyň şertnamasyny ýerine ýetirmekden boýun gaçyran bolsa, ol ýolagçy gatnadylmagy we onuň yüküniň äkidilmegi üçin tölenilen ähli tölegi, gatnawa başlandan soň bolsa, ýolagçynyň gatnadylyp bilinmedik aralygyna proporsional möçberde tölegiň bir bölegini ýolagça gaýtaryp bermäge borçludyr.

3. Eger daşaýjy şu maddada göz öňünde tutulan ýagdaýlar dörände, deňiz arkaly ýolagçy gatnatmagyň şertnamasyny ýerine ýetirmekden boýun gaçyran bolsa, ol ýolagçynyň talap etmegine görä, öz hasabyna nireden ugran bolsa, ony şol ýere eltmäge ýa-da ýolagçynyň hakyky çykaran çykdajylarynyň öwezini dolmaga borçludyr.

**173-nji madda. Deňiz arkaly ýolagçy gatnatmagyň şertnamasynyň üýtgedilmegi**

1. Ýolagçylaryň ugradylýan ýerinde, gäminiň barmaly ýerinde ýa-da ýolagçyny gatnatmagyň ugry boýunça gatnaw wagtynda, dürli häsiýetdäki adatdan daşary ýagdaýlar dörände, gatnadyja bagly bolmadyk beýleki ýagdaýlarda zerurlyk bolan ýagdaýynda, daşaýjynyň gäminiň ugramagyny gijikdirmäge, ýolagçyny gatnatmagyň ugruny, ýolagçynyň mündürilýän we (ýa-da) düşürilýän ýerini üýtgetmäge haky bardyr.

Şu bölekde görkezilen halatlarda daşaýjy öz hasabyna ýolagçynyň talap etmegine görä, ony gäminiň ugran ýerine eltmäge ýa-da ýolagçynyň çykaran hakyky çykdajylarynyň öwezini dolmaga borçludyr.

2. Şu maddanyň birinji böleginde bellenilen düzgünler ýolagçynyň deňiz arkaly ýolagçy gatnatmagyň şertnamasyndan boýun gaçyrmak hukugyna degişli däldir.

**174-nji madda. Daşaýjynyň jogapkärçiligi**

1. Eger ýolagça zyýan ýetirilmegine getiren hadysa öz borçlarynyň (ygtyýarlyklarynyň) çäklerinde hereket eden daşaýjynyň, onuň işgärleriniň we agentleriniň günäsi bilen, ýolagçynyň we onuň goşunyň gämide äkidilip barýan wagtynda bolan bolsa, daşaýjy

ýolagçynyň aradan çykanlygy we onuň saglygyna şikes ýetirilenligi, şeýle-de ýolagçynyň goşunyň ýitirilenligi ýa-da oňa zeper ýetirilenligi üçin, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen jogapkärçiligi çekýär.

Ýolagçynyň goşunyň ýitirilmegi ýa-da oňa zeper ýetirilmegi şol goşun getirilen ýa-da getirilmeli bolan gämisi gelenden soň, bellenilen möhletde ýolagça berilmänligi netijesinde ýetirilen zyýany hem öz içine alýar.

2. Ýolagça zeper ýetirilmegine getiren hadysanyň ýolagçy we onuň goşy gämide barýarka bolandygynyň, şeýle-de ýetirilen zyýanyň möçberiniň subut edilmek borjy talap edijiniň üstüne düşýär.

3. Öz borçlarynyň (ygtyýarlyklarynyň) çäklerinde hereket eden daşaýjynyň, onuň işgärleriniň ýa-da agentleriniň günäsi, eger başgaça subut edilmedik bolsa, ýolagçynyň aradan çykmagyna ýa-da onuň saglygyna şikes ýetirilmegine, ýa-da kaýuta goşunyň ýitirilmegine, ýa-da oňa zeper ýetirilmegine gämi heläkçiliginiň, çaknyşmagyň, gäminiň saýa çökmeginiň, partlamanyň ýa-da ýangynyň, ýa-da gäminiň kemçilikleriniň netijesinde bolanlygy çak edilýär. Kaýuta goşy bolmadyk başga goşun ýitirilmegi ýa-da oňa zeper ýetirilmegi babatda gaýry subut edilmedik bolsa, şeýle goşun ýitirilmegine ýa-da oňa zeper ýetirilmegine getiren hadysanyň häsiýetine garamazdan, ýokarda görkezilen şahslaryň günäsi çak edilýär. Beýleki halatlarda günäni subut etmeklik talap edijiniň üstüne düşýär.

**175-nji madda. Gymmat bahaly zatlaryň ýitirilmegi we olara zeper ýetirilmegi**

Eger gymmat bahaly zatlar olary abat ýagdaýda saklamaga razy bolan gatnadyja saklamak üçin tabşyrylmadyk bolsa, onda ol pullaryň, gymmatly kagyzlaryň, altynyň, kümüşden ýasalan önümleriň, gymmatly zatlaryň, şaý-sepleriň, sungat eserleriniň ýa-da beýleki gymmatlyklaryň ýitirilenligi we olara zeper ýetirilenligi üçin daşaýjy jogap bermeýär. Daşaýjy, eger şu Kodeksiň 178-nji maddasyna laýyklykda, jogapkärçiligiň has ýokary çägi ylalaşylmadyk bolsa, saklamak üçin tabşyrylan gymmat bahaly zatlar üçin Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, şu Kodeksiň 177-nji maddasynyň dördünji böleginde göz öňünde tutulan çäkden ýokary bolmadyk jogapkärçiligi çekýär.

**176-njy madda. Ýolagçynyň niýeti ýa-da gödek seresapsyzlygy**

Eger daşaýjy ýolagçynyň niýetiniň ýa-da gödek seresapsyzlygynyň ýolagçynyň ölmegine ýa-da onuň saglygyna şikes ýetirilmegine sebäp bolandygyny, ýa-da ýolagçynyň ölmegine ýa-da onuň saglygyna şikes ýetirilmegine, ýa-da ýolagçynyň goşunyň ýitirilmegine ýa-da oňa zeper ýetirilmegine getirendigini subut etse, daşaýjy doly ýa-da bölekleýin jogapkärçilikden boşadylyp bilner.

**177-nji madda. Daşaýjynyň jogapkärçiliginiň çäkleri**

1. Ýolagçynyň janyna ýa-da saglygyna ýetirilen zyýan üçin daşaýjynyň jogapkärçiligi tutuş ýolagçy gatnatmak babatynda 175 müň hasaplaşyk birliginden artyk bolmaly

däldir. Eger zyýanyň öwezi döwürleýin tölegler görnüşinde tölenilýän bolsa, şeýle tölegleriň degişli umumy möçberi daşaýjynyň jogapkärçiliginiň ýokarda görkezilen çäginden ýokary bolmaly däldir.

2. Daşaýjynyň kaýuta goşunyň ýitirilenligi ýa-da oňa zeper ýetirilenligi üçin jogapkärçiligi tutuş ýolagçy gatnatmak babatynda her ýolagça 1,8 müň hasaplaşyk birliginden artyk bolmaly däldir.

3. Daşaýjynyň awtoulagynyň, şol sanda onuň içindäki ýa-da üstündäki getirilýän goşun ýitirilenligi ýa-da oňa zeper ýetirilenligi üçin jogapkärçiligi tutuş ýolagçy gatnatmak babatynda her awtoulaga 10 müň hasaplaşyk birliginden artyk bolmaly däldir.

4. Daşaýjynyň şu maddanyň ikinji we üçünji böleklerinde görkezilen goşdan başga hili goşun ýitirilenligi ýa-da oňa zeper ýetirilenligi üçin jogapkärçiligi tutuş ýolagçy gatnatmak babatynda her ýolagça 2,7 müň hasaplaşyk birliginden artyk bolmaly däldir.

5. Daşaýjy bilen ýolagçy, awtoulaga zeper ýetirilen halatynda, franşiz hasaplanyp aýrlanda 300 hasaplaşyk birliginden artyk bolmadyk we başga goşun ýitirilen ýa oňa zeper ýetirilen halatynda her ýolagça 135 hasaplaşyk birliginden artyk bolmadyk jogapkärçiligi daşaýjynyň üstüne ýüklemek hakynda ylalaşyk baglaşyp bilerler. Şunda görkezilen pullar awtoulagyň ýa-da başga goşun ýitirilmeginiň ýa-da oňa zeper ýetirilmeginiň pul möçberinden hasaplanyp aýrylmalydyr.

6. Ýetirilen zyýanyň tölenmeli öweziniň hasaplanylyp çykarylan göterimleri we kazyýet çykdajylary şu maddanyň birinji-bäşinji böleklerinde göz öňünde tutulan jogapkärçiligiň çäklerine girizilmeýär.

**178-nji madda. Daşaýjynyň jogapkärçiliginiň çäkleriniň ýokarlandyrylmagy**

Daşaýjy bilen ýolagçy özleriniň ýazmaça görnüşdäki ylalaşygynda daşaýjynyň şu Kodeksiň 177-nji maddasynyň birinji-bäşinji böleklerinde göz öňünde tutulandan has ýokary jogapkärçilik çäklerini belläp bilerler.

**179-njy madda. Daşaýjynyň jogapkärçilik çäkleriniň ulanylmagy**

1. Eger daşaýjynyň işgärine ýa-da agentine, ýa-da daşaýja şu bölümde bellenilen düzgünlere laýyklykda, ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak talaby bildirilen bolsa, eger işgär ýa-da agent öz borçlarynyň (ygtyýarlyklarynyň) çäklerinde hereket edendigini subut etse, şu bölümde daşaýjy we hakyky daşaýjy barada bellenilen düzgünlerde göz öňünde tutulan jogapkärçilik çäklerinden peýdalanmaga haky bardyr.

2. Daşaýjynyň jogapkärçiliginiň şu Kodeksiň 177-nji maddasynyň birinji-bäşinji böleklerinde göz öňünde tutulan çäkleri bir ýolagçynyň aradan çykmagy ýa-da bir ýolagçynyň saglygyna şikes ýetirilmegi, ýa-da onuň goşunyň ýitirilmegi ýa-da oňa zeper ýetirilmegi sebäpli ýüze çykan ähli talaplar boýunça öwezi dolmaga degişli bolan tölegiň tutuş jemine ulanylýar.

3. Ýolagçynyň hakyky daşaýjy tarapyndan gatnadylmagy barasynda daşaýjynyň, hakyky daşaýjynyň, şeýle-de olaryň öz borçlarynyň (ygtyýarlyklarynyň) çäklerinde hereket eden işgärleriniň ýa-da agentleriniň tölemäge degişli öwez dolmasynyň jemi möçberi şu bölümde bellenilen düzgünlere laýyklykda, öwezini dolmagyň has köp möçberinden ýokary bolmaly däldir we ol daşaýjydan ýa-da hakyky daşaýjydan töledilip alnyp bilner. Şunda ýokarda görkezilen şahslaryň her biri özi barada ulanylmaga degişli bolan jogapkärçiligiň çäklerinden ýokary jogapkärçilik çekmeli däldir.

4. Eger daşaýjynyň, ýa-da hakyky daşaýjynyň işgäriniň ýa-da agentiniň şu maddanyň birinji bölegine laýyklykda, şu Kodeksiň daşaýjynyň jogapkärçiliginiň 177-nji maddasynyň birinji-bäşinji böleklerinde göz öňünde tutulan çäklerinden peýdalanmagyna haky bar bolsa, daşaýjynyň ýa-da degişli halatda hakyky daşaýjynyň, daşaýjynyň ýa-da hakyky daşaýjynyň işgäriniň ýa-da agentiniň öwezini dolmaly töleginiň jemi möçberi ýokarda görkezilen çäklerden ýokary bolmaly däldir.

**180-nji madda. Jogapkärçiligi çäklendirmäge hukugyň ýitirilmegi**

1. Daşaýjy, eger ýolagça ýetirilen zyýan onuň özüniň bilkastlaýyn ýa-da gödek seresapsyzlygy bilen eden hereketiniň (hereketsizliginiň) netijesinde sebäp bolanlygy subut edilen bolsa, onuň şu Kodeksiň 177-nji maddasynyň birinji-bäşinji böleklerinde we 178-nji maddasynda göz öňünde tutulan jogapkärçiligiň çäklerinden peýdalanmaga haky ýokdur.

2. Daşaýjynyň ýa-da hakyky daşaýjynyň işgäriniň we agentiniň, eger ýolagça ýetirilen zyýana olaryň özleriniň bilkastlaýyn ýa-da gödek seresapsyzlygy bilen eden hereketleriniň (hereketsizliginiň) netijeleriniň sebäp bolanlygy subut edilen bolsa, onda daşaýjy babatda jogapkärçiligiň şu Kodeksiň 177-nji maddasynyň birinji-bäşinji böleklerinde we 178-nji maddada göz öňünde tutulan çäklerinden peýdalanmaga haky ýokdur.

**181-nji madda. Daşaýjynyň gäminiň giç ugradylanlygy ýa-da gäminiň gijä galyp gelenligi üçin jogapkärçiligi**

Ýolagçy gatnadýan gäminiň ugradylmagy gijikdirilen halatynda ýa-da eger gämi barmaly ýerine gijä galyp gelen bolsa, eger gäminiň gatnadyja bagly bolmadyk ýagdaýlara görä saklanandygyny ýa-da barmaly ýerine gijä galyp gelendigini subut etmese, daşaýjy ýolagça onuň ýol tölegi hem-de goş tölegi üçin tölegiň elli göterimine çenli jerime töleýär.

**182-nji madda. Goşun ýitirilendigini ýa-da oňa zeper ýetirilendigini mälim etmek**

1. Ýolagçy şu aşakdaky halatlarda gatnadyja ýa-da onuň agentine ýazmaça görnüşde mälim etmelidir:

1) kaýuta goşuna mese-mälim zeper ýetendigini - ýolagçy gämiden düşmezinden öň ýa-da düşen pursatynda, başga goşuna mese-mälim zeper ýetendigini - düşürilmezinden öň ýa-da onuň düşürilen pursatynda;

2) goşunyň mese-mälim bolmadyk halda ýitirilmegi ýa-da oňa zeper ýetirilmegi - ýolagçynyň gämiden düşen gününden ýa-da goşuň berlen gününden ýa-da goşun berilmeli bolan pursatyndan soň on bäş günüň içinde.

2. Eger ýolagçy şu maddada göz öňünde tutulan talaby ýerine ýetirmedik bolsa, eger ýolagçynyň öz goşuny zeper ýetirilmedik halda alandygy başga hili subut edilmedik bolsa ýolagçy öz goşuny zeper ýetirilmedik halda aldy diýlip hasap edilýär.

3. Eger goşun alynýan pursatynda, ol daşaýjy hem-de ýolagçy bilen bilelikde gözden geçirilen bolsa ýa-da onuň ýagdaýy barlanan bolsa, ýolagçynyň ýazmaça görnüşdäki mälim etmesi gerek bolmaýar.

**183-nji madda. Daşaýjyny jogapkärçilikden boşatmak ýa-da onuň jogapkärçiliginiň çäklerini azaltmak hakynda ylalaşyk**

Şu bölümde bellenilen düzgünlerde göz öňünde tutulan daşaýjyny jogapkärçilikden boşatmak ýa-da jogapkärçiligiň azaldylan çäklerini bellemek hakyndaky, ýolagçynyň aradan çykmagyna ýa-da saglygyna zyýan ýetirilmegine ýa-da onuň goşunyň ýitirilmegine ýa-da oňa zeper ýetirilmegine sebäp bolan hadysa döremezden öň baglaşylan ylalaşygyň mümkinçiligi ujypsyzdyr, ýöne muňa şu Kodeksiň 177-nji maddasynyň bäşinji böleginde göz öňünde tutulan ýagdaý ýa-da daşaýja degişli bolan borçnamalary geçirmek hakynda subut etmeler girmeýär.

**184-nji madda. Gatnadyja bagly bolmadyk sebäplere görä, ýolagçynyň öz goşuny alyp bilmezligi**

1. Eger ýolagçy öz goşuny gatnadyja bagly bolmadyk sebäplere görä alyp bilmedik bolsa, daşaýjy şol goşy onuň satyn alan petegine görä gelen deňiz portuna tabşyrmaga haklydyr.

2. Şeýle goşa doly ygtyýarlyk etmegiň tertibi we ony saklamagyň möhletleri Suw ulaglary boýunça ygtyýarly edara tarapyndan bellenilýär.

**185-nji madda. Hakyky daşaýjy**

1. Eger ýolagçyny gatnatmaklyk ýa-da gatnatmaklygyň bölegini amala aşyrmaklyk hakyky gatnadyja tabşyrylan bolsa, muňa garamazdan, daşaýjy şu bölümde bellenilen düzgünlere laýyklykda, ýolagçynyň doly gatnadylmagyna jogapkärçilik çekýär. Şunda hakyky daşaýjy özüniň gatnadýan bölegi barada şu bölümde bellenilen düzgünlerde göz öňünde tutulan borjy berjaý edýär we göz öňünde tutulan hukuklara eýe bolýar.

2. Hakyky daşaýjy tarapyndan amala aşyrylýan ýolagçy gatnatmak babatda daşaýjy öz borçlarynyň (ygtyýarlyklarynyň) çäklerinde hereket eden hakyky daşaýjynyň, onuň işgärleriniň ýa-da agentleriniň hereketi (hereketsizligi) üçin jogapkärçilik çekýär.

3. Şu bölümde bellenilen düzgünlerde öz üstüne ýüklenilmedik islendik goşmaça borçlar, şonuň ýaly-da şeýle düzgünlerde berlen hukuklardan hakyky daşaýjynyň boýun gaçyrmagynyň diňe muňa ol ýazmaça görnüşde razylyk beren wagtynda hakyky daşaýjy üçin güýji bardyr.

4. Eger jogapkärçiligi daşaýjy we hakyky daşaýjy çekýän bolsalar, olaryň jogapkärçiligi raýdaş jogapkärçilik hasaplanylýar.

5. Şu bölümde bellenilen düzgünler daşaýjy bilen hakyky daşaýjynyň biri-birine bolan regres hukugyna galtaşmaýar.

**186-njy madda. Ýolagçylary gatnatmagyň gatnaw tertibi**

Ýolagçy gatnatmagyň Suw ulaglary boýunça ygtyýarly edara tarapyndan bellenilen düzgünlerine laýyklykda, daşaýjy ýolagçy gatnadýan gämi bilen ýolagçylary gatnatmagyň gatnaw tertibini we ony üýtgetmegiň tertibini düzýär.

**187-nji madda. Şu bölümde bellenilen düzgünleriň ulanylýan çygry**

1. Ýolagçynyň janyna ýa-da saglygyna ýetirilen zyýan üçin daşaýjynyň jogapkärçiligi hakynda we şeýle jogapkärçiligiň çäklendirilmegi hakynda şu bölümde bellenilen düzgünler, eger diňe daşaýjy bilen ýolagçy Türkmenistanyň guramalary ýa-da raýatlary däl bolanda, ýolagçynyň daşary ýurt gatnawynda ulanylýar.

2. Eger daşaýjy bilen ýolagçy Türkmenistanyň guramalary ýa-da raýatlary bolup durýan bolsalar, daşaýjynyň ýolagçynyň janyna ýa-da saglygyna ýetiren zyýan üçin jogapkärçiligi Türkmenistanyň raýat kanunçylygynyň kadalaryna laýyklykda kesgitlenilýär.

3. Goşun ýitirilenligi ýa-da oňa zeper ýetirilenligi üçin, daşaýjynyň jogapkärçiligi hakynda we şeýle jogapkärçiligi çäklendirmek hakynda şu bölümde bellenilen düzgünler goş kabotažda äkidilende ulanylmaýar.

Goş kabotažda äkidilende goşun ýitirilenligi ýa-da oňa zeper ýetirilenligi üçin ýa-da goşy bermek möhletiniň geçirilenligi üçin, daşaýjynyň jogapkärçiligi Türkmenistanyň raýat kanunçylygynyň kadalaryna laýyklykda kesgitlenilýär.

## XI BÖLÜM. GÄMINI BELLI BIR WAGTA FRAHTLAMAGYŇ ŞERTNAMASY (TAÝM-ÇARTER)

**188-nji madda. Taým-çarteriň mazmuny we görnüşi**

1. Taým-çarterde taraplaryň ady, gäminiň ady, onuň tehniki we ulanylyş häsiýetnamalary (ýük göterijiligi, ýük sygymlylygy, tizligi we başgalar), ýüzýän sebiti, gämini frahtlamagyň

maksady, gämini eltip bermegiň we yzyna almagyň wagty we ýeri, frahtyň nyrhy, taým-çarteriň hereket ediş möhleti görkezilmelidir.

2. Taým-çarter ýazmaça görnüşde baglaşylýar.

**189-njy madda. Gämini belli bir wagta subfrahtlamagyň şertnamasy (subtaým-çarter)**

1. Eger taým-çarterde gaýry göz öňünde tutulmadyk bolsa, frahtlaýan taým-çarter arkaly özüne berlen hukuklaryň çäklerinde öz adyndan taým-çarteriň bütin hereket ediş möhletine ýa-da şeýle möhletiň bir bölegine subtaým-çarter baglaşyp biler.

Subtaým-çarteriň baglaşylmagy frahtlaýany gämä eýelik edýän bilen baglaşan taým-çarteri ýerine ýetirmekden boşatmaýar.

2. Subtaým-çarter boýunça şu bölümde bellenilen düzgünler ulanylýar.

**190-njy madda. Gäminiň deňizde ýüzmäge ukyplylyk ýagdaýy**

1. Gämä eýelik edýän gämini frahtlaýana berilmeli pursatyna gabat, ony deňizde ýüzmäge ukyplylyk ýagdaýyna getirmäge – gäminiň (onuň gabarasynyň, hereketlendirijisiniň we enjamlarynyň) frahtlamagyň taým-çarterde göz öňünde tutulan maksatlaryna ýaramlylygyny üpjün etmek, gämini göwnejaý enjamlaşdyrmak we ekipaž bilen üpjün etmek boýunça çäreleri görmäge borçludyr.

2. Eger gämä eýelik edýän gäminiň deňizde ýüzmäge ukypsyzlyk ýagdaýynyň, degişli çäreler görlen wagtynda hem ýüze çykaryp bolmadyk ýetmezçilikleriň (ýaşyryn ýetmezçilikler) sebäp bolandygyny subut etse, jogapkärçilik çekmeýär.

3. Gämä eýelik edýän taým-çarteriň hereket ediş möhletiniň içinde gämini deňizde ýüzmäge ukyplylyk ýagdaýynda saklamaga, gämini ätiýaçlandyrmak üçin hem-de öz jogapkärçiligi üçin şeýle-de ekipaž agzalaryny saklamak üçin edilýän çykdajylary tölemäge borçludyr.

**191-nji madda. Frahtlaýanyň gämini ulanmak we ony yzyna gaýtaryp bermek boýunça borçlary**

1. Frahtlaýan gämiden, gaminiň ekipaž agzalarynyň hyzmatyndan olaryň taým-çarterde kesgitlenilen şertlerine we maksatlaryna laýyklykda peýdalanmaga borçludyr.

Frahtlaýan gäminiň täjirçilik maksatlary üçin ulanylmagy bilen baglanyşykly çykdajylary we ýygymlary töleýär.

Frahtlanan gäminiň we onuň ekipaž agzalarynyň hyzmatyndan peýdalanylmagy netijesinde alnan girdejiler frahtlaýanyň eýeçiligi diýlip hasaplanylýar, ýöne muňa halas etmekden alnan girdejiler girmeýär, bu girdejiler şu Kodeksiň 197-nji maddasyna laýyklykda, gämä eýelik edýän bilen frahtlaýanyň arasynda paýlaşylýar.

2. Frahtlaýan taým-çarteriň hereket ediş möhleti tamamlanandan soň, gäminiň kadaly könelişini nazara alyp, ony özüniň alan wagtyndaky ýagdaýynda gämä eýelik edýäne gaýtaryp bermäge borçludyr.

3. Frahtlaýan gäminiň öz wagtynda gaýtarylyp berilmedik halatynda, gäminiň saklananlygy üçin, taým-çarterde göz öňünde tutulan fraht nyrhy boýunça ýa-da ol eger taým-çarterde göz öňünde tutulan fraht nyrhyndan ýokary bolsa, frahtyň bazar nyrhy boýunça töleýär.

*(2014-nji ýylyň 1-nji martyndakyTürkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda-Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., № 1, 49-njy madda)*

**192-nji madda. Frahtlaýanyň ýüke eýelik edýäniň öňündäki jogapkärçiligi**

Eger gämi frahtlaýana ýük daşamak üçin berlen bolsa, onuň öz adyndan ýük daşamagyň şertnamalaryny baglaşmaga, çarterlere gol çekmäge, konosamentleri, deňiz we beýleki daşaýyş resminamalaryny bermäge haky bardyr. Ýöne şunuň bilen birlikde, frahtlaýan şu Kodeksiň 154-164-nji maddalarynda bellenilen düzgünlere laýyklykda, ýüke eýelik edýäniň öňünde jogapkärçilik çekýär.

**193-nji madda. Gäminiň ekipaž agzalarynyň tabynlylygy**

1. Gäminiň kapitany we gäminiň ekipažynyň beýleki agzalary gämä eýelik edýäniň gämini dolandyrmaga, şol sanda gäminiň sürülişine, gämidäki içerki tertip-düzgüne we gäminiň ekipažynyň düzümine degişli görkezmelerine tabyn bolýarlar.

2. Gämini täjirçilik maksatlary üçin ulanmak babatda frahtlaýanyň görkezmesi gäminiň kapitany we beýleki ekipaž agzalary üçin hökmanydyr.

**194-nji madda. Gäminiň halas edilmegi, onuň heläk bolmagy ýa-da oňa zeper ýetirilmegi netijesinde ýetirilen zyýan üçin, frahtlaýanyň jogapkärçilikden boşadylmagy**

Eger frahtlaýanyň günäsi bilen zyýan ýetirilendigi subut edilmedik bolsa, frahtlaýan şol frahtlanan gäminiň halas edilmegi, heläk bolmagy ýa-da oňa zeper ýetirilmegi sebäpli ýetirilen zyýan üçin jogapkärçilik çekmeýär.

**195-nji madda. Fraht tölemek**

1. Frahtlaýan gämä eýelik edýäne taým-çarterde göz öňünde tutulan tertipde we möhletlerde fraht töleýär. Frahtlaýan deňizde gatnap bolmajak ýagdaýyň döremegi sebäpli, gäminiň ulanyşa ýaramsyzlygy näçe wagta çeken bolsa, bütin şol wagt üçin fraht we gämide edilen çykdajylary tölemekden boşadylýar.

Eger frahtlaýanyň günäsi bilen gämi ulanyp bolmajak ýagdaýa düşen bolsa, frahtlaýanyň gämä eýelik edýäne ýetiren zyýanlarynyň öwezini dolandygyna garamazdan, gämä eýelik edýäniň taým-çarterde göz öňünde tutulan frahty almaga haky bardyr.

2. Eger frahtlaýan fraht tölemegiň möhletini on dört senenama gününden artyk geçiren bolsa, gämä eýelik edýäniň öňünden duýdurmazdan, frahtlaýandan gämini yzyna almaga we ondan möhletiň geçirilmegi sebäpli, çekilen ýitginiň öwezini töledip almaga haky bardyr.

**196-njy madda. Gäminiň heläk bolmagy we frahtyň tölenmegi**

Gämi heläk bolan halatynda, taým-çarterde göz öňünde tutulan gününden gäminiň heläk bolan gününe çenli, eger şol güni belli etmek mümkin bolmasa – gämi barada soňky habaryň alnan gününe çenli fraht tölenmelidir.

**197-nji madda. Halas etmek boýunça ýerine ýetirilen hyzmat üçin sylag**

Taým-çarteriň hereket edişi tamamlanmanka, gämini halas etmek boýunça ýerine ýetirilen hyzmat üçin, gämä berilmeli sylagy gämini halas etmek üçin edilen çykdajylar hem-de ekipaža düşýän sylag paýy hasaplanyp aýrylandan soň, galan sylag gämä eýelik edýän bilen frahtlaýanyň arasynda deň paýlaşylýar.

**198-nji madda. Şu bölümde bellenilen düzgünleriň ulanylmagy**

Eger taraplaryň ylalaşygynda başgasy bellenilmedik bolsa, şu bölümde bellenilen düzgünler ulanylýar.

## XII BÖLÜM. GÄMINI EKIPAŽSYZ FRAHTLAMAGYŇ ŞERTNAMASY (BERBOUT-ÇARTER)

**199-njy madda. Berbout-çarteriň mazmuny we görnüşi**

1. Berbout-çarterde taraplaryň ady, gäminiň ady, klasy, baýdagy, tehniki we ulanyş häsiýetnamalary (ýük göterijiligi, ýük sygymlylygy, tizligi we başgalar), sarp edýän ýangyjynyň möçberi, ýüzýän sebiti, frahtlamagyň maksady, gäminiň eltip berlen we yzyna gaýtarylan wagty, ýeri, frahtyň nyrhy, berbout-çarteriň hereket ediş möhleti görkezilmelidir.

2. Berbout-çarter ýazmaça görnüşde baglaşylýar.

**200-nji madda. Gäminiň deňizde ýüzmäge ukyplylyk ýagdaýy**

1. Gämä eýelik edýän gäminiň frahtlaýana berilýän pursatyna gabat ony deňizde ýüzmäge ukyplylyk ýagdaýyna getirmäge - berbout-çarterde göz öňünde tutulan frahtlamagyň maksatlary üçin, gäminiň ýaramlylygyny (onuň gabarasyny, hereketlendirijisini we enjamlaryny) üpjün etmek boýunça çäreleri görmäge borçludyr.

2. Frahtlaýan berbout-çarteriň hereket ediş möhletiniň dowamynda gämini deňizde ýüzmäge ukyplylyk ýagdaýynda saklamaga borçludyr, şonuň bilen birlikde hem, gäminiň ýaşyryn ýetmezçiliklerini aradan aýyrmaklyk gämä eýelik edýäniň borjy bolup durýar.

**201-nji madda. Gäminiň ekipažynyň toplanylmagy**

1. Frahtlaýan gäminiň ekipažyny toplaýar.

2. Frahtlaýanyň öň şu gämide ekipažyň agzalary bolmadyk şahslardan ýa-da berbout-çarteriň şertlerine laýyklykda, öň şol gäminiň ekipažynyň agzalary bolup, şu Kodeksiň 49-njy maddasynda bellenilen düzgünleri berjaý etjek şahslardan ekipaž toplamaga haky bardyr.

3. Gäminiň ekipažynyň nähili usulda toplanýandygyna garamazdan, gäminiň kapitany we ekipažyň beýleki agzalary frahtlaýana tabyn bolmaga borçludyrlar.

**202-nji madda. Frahtfaýanyň gämini ulanmak we ony yzyna gaýtaryp bermek borçlary**

1. Frahtlaýan berbout-çarteriň şertlerine laýyklykda, gämini ulanýar we ony ulanmak bilen baglanyşykly ähli çykdajylary, şol sanda ekipaž agzalaryny saklamak üçin edilýän çykdajylary hem çekýär.

Frahtlaýan gämini ätiýaçlandyrmak we öz jogapkärçiligi üçin edilýän çykdajylaryň, şeýle-de gämiden töledilip alynýan ýygymlaryň öwezini hem dolýar.

2. Berbout-çarteriň hereket ediş möhleti tamamlanandan soň, frahtlaýan gäminiň kadaly könelişini nazara alyp, ony özüniň alan wagtyndaky ýagdaýynda, gämä eýelik edýäne gaýtaryp bermäge borçludyr.

**203-nji madda. Frahtlaýanyň üçünji bir şahsyň öňündäki jogapkärçiligi**

Frahtlaýan üçünji bir şahsyň gämini ulanmak bilen baglanyşykly islendik talaplary boýunça onuň öňünde jogapkärçilik çekýär, ýöne muňa gämileriň nebit bilen hapalanmagyndan ýetirilen zyýanyň hem-de howply we zyýanly maddalaryň deňiz arkaly daşalmagy netijesinde ýetirilen zyýanyň öwezini dolmagyň talaplary girmeýär.

**204-nji madda. Gäminiň halas edilmegi, heläk bolmagy ýa-da oňa zeper ýetirilmegi netijesinde ýetirilen zyýanlar**

Frahtlaýan gäminiň halas edilmegi, heläk bolmagy ýa-da oňa zeper ýetirilmegi netijesinde ýitgileri, eger ýitgileriň çekilmeginde özüniň günäsiniň ýokdugyny subut etmese, özi çekýär.

**205-nji madda. Gämä eýelik edýäne fraht tölemek**

1. Frahtlaýan taraplaryň ylalaşan nyrhy boýunça gämä eýelik edýäne bir aý öňünden fraht töleýär.

Frahtlaýan deňizde ýüzmäge ýagdaýynyň bolmanlygy üçin, gäminiň deňizde ýüzmäge ukypsyzlyk ýagdaýy netijesinde, ulanyşa ýaramsyz ýagdaýa düşen wagtyndaky ähli

döwür üçin, eger gäminiň ulanyşa ýaramsyzlygy frahtlaýanyň günäsi bilen bolmadyk bolsa, frahty tölemekden we gämä çykdajylardan boşadylýar.

2. Frahty tölemek on dört senenama günden gijikdirilen halatynda, gämä eýelik edýäniň hiç bir duýdurmazdan, gämini frahtlaýandan yzyna almaga haky bardyr - ýöne şu Kodeksiň 206-njy maddasynda göz öňünde tutulan ýagdaý muňa girmeýär hem-de möhletiň şeýle geçirilmegi netijesinde ýetirilen zyýany frahtlaýandan töledip almaga haky bardyr.

3. Gämi heläk bolan halatynda, berbout-çarterde göz öňünde tutulan günden beýläk, gäminiň heläk bolan gününe çenli, eger şol güni belli etmek mümkin bolmasa, gämi barada soňky habaryň alnan gününe çenli fraht tölenilmelidir.

**206-njy madda. Frahtlaýanyň elinden gäminiň alynmagyna ýol berilmezligi**

Gämä eýelik edýän şu Kodeksiň 207-nji maddasyna laýyklykda, gämini satyn almak şertli berbout-çarter boýunça fraht tölemek möhletini gämini frahtlaýanyň on dört senenama gününden artyk geçiren halatynda, eger möhletiň şeýle geçirilmegine frahtlaýana bagly bolmadyk ýagdaýlar sebäp bolan bolsa, gämini onuň elinden almaga haky ýokdur, ýöne möhletiň geçirilmegi sebäpli çekilen zyýany frahtlaýandan töledip almaga haklydyr.

**207-nji madda. Gämini töläp yzyna almak**

Eger frahtlaýan berbout-çarter boýunça öz borçlaryny ýerine ýetiren bolsa hem-de şu Kodeksiň 205-nji maddasynyň birinji bölegine laýyklykda, iň soňky frahty tölän bolsa, frahtlaýanyň berbout-çarter boýunça gämini töläp yzyna almak şerti bilen berbout-çarteriň hereket ediş möhleti tamamalanandan soň, gämi frahtlaýanyň eýeçiligine geçýär.

**208-nji madda. Tölenip yzyna alnan gäminiň ýetmezçilikleri üçin jogapkärçilik**

Gämä eýelik edýän frahtlaýan tarapyndan tölenip yzyna alnan gäminiň islendik ýetmezçiligi üçin, şol sanda ýaşyryn ýetmezçilikleri üçin, eger şeýle ýetmezçilikleriň gämi oňa berilmezden öň ýüze çykanlygyny ýa-da oňa berilmezinden öň ýüze çykan sebäpler boýunça dörändigini frahtlaýan subut eden bolsa jogapkärçilik çekýär.

**209-njy madda. Subfrahtlamagyň şertnamasy (subberbout-çarter)**

1. Frahtlaýan berbout-çarter tarapyndan özüne berlen hukuklaryň çäklerinde, eger berbout-çarterde gaýry göz öňünde tutulmadyk bolsa, berbout-çarteriň bütin hereket ediş möhletine ýa-da şol möhletiň bölegine (subberbout-çarter) üçünji bir şahs bilen öz adyndan frahtlamagyň ekipažsyz şertnamalaryny baglaşmaga haky bardyr.

2. Subberbout-çarteriň baglaşylmagy frahtlaýany frahtlaýjy bilen baglaşan berbout-çarteri ýerine ýetirmekden boşatmaýar.

**210-njy madda. Şu bölümde bellenilen düzgünleriň ulanylmagy**

1. Eger taraplaryň ylalaşygynda başgasy bellenilmedik bolsa, şu bölümde bellenilen düzgünler ulanylýar.

2. Şu bölümiň düzgünleri subberbout-çarter babatda hem ulanylýar.

## XIII BÖLÜM. TIRKEGE ALMAGYŇ ŞERTNAMASY

### 211-nji madda. Tirkege almagyň şertnamasy we onuň görnüşleri

1. Tirkege almagyň şertnamasy boýunça bir gämä eýelik edýän sylag üçin, başga bir gämini ýa-da başga bir ýüzüji desgany belli bir aralyga (deňizde tirkege almak) ýa-da portuň akwatoriýasynda manýowr işlerini ýerine ýetirmek üçin, şol sanda gämini ýa-da başga bir ýüzüji desgany porta girizmek ýa-da olary portdan çykarmak üçin (portda tirkege almak) tirkege almagy borç edinýär.

2. Deňizde tirkege almagyň şertnamasy ýazmaça görnüşde baglaşylýar.

3. Portda tirkege almagyň şertnamasy dilden hem baglaşylyp bilner. Tirkegi dolandyrmak borçlaryny tirkege alýan gäminiň kapitanynyň üstüne ýüklemek hakyndaky ylalaşyk ýazmaça görnüşde baglaşylmalydyr.

### 212-nji madda. Tirkege almagyň şertnamasyna gatnaşýan taraplaryň borçlary

1. Tirkege almagyň şertnamasyna gatnaşýan taraplaryň her biri öňünden, öz gämisini ýa-da başga ýüzüji desgany tirkege almaga ýaramly ýagdaýa getirmelidir.

2. Tirkege almak, ýagdaýyň talap edişi ýaly ussatlyk bilen, gaty zerurlyk bolaýmasa, arakesmesiz we bökdençsiz hem-de oňat deňiz tejribesine laýyk amala aşyrylmalydyr.

3. Başga gäminiň ýa-da başga ýüzýän desganyň kapitanynyň dolandyrmagyndaky gämi ýa-da başga ýüzüji desga hem tirkeg kerweniniň howpsuz ýüzmegi barada alada etmäge borçludyrlar.

### 213-nji madda. Deňizde tirkege almakda jogapkärçilik

1. Deňizde tirkege almak tirkege alýan gäminiň kapitanynyň dolandyrmagy astynda amala aşyrylýar.

Tirkege alýan gämä eýelik edýän eger öz günäsi bilen zyýan çekilmändigini subut etmese, deňizde tirkege alnan halatynda, tirkege alynýan gämä ýa-da ýüzýän başga bir desga ýa-da olardaky adamlara ýa-da emläge ýetirilen zyýan üçin jogapkärçilik çekýär.

2. Deňizde tirkege almagyň şertnamasyna gatnaşýan taraplar ýazmaça görnüşdäki ylalaşyk bilen, deňiz tirkegini dolandyrmak borjuny tirkege alynýan gäminiň ýa-da suwda ýüzýän başga bir desganyň kapitanynyň üstüne ýükläp bilerler. Şeýle ýagdaýda, deňizde tirkege almak wagtynda, tirkege alynýan gämä ýa-da ondaky adamlara ýa-da emläge

ýetirilen zyýan üçin jogapkärçiligi, ýetirilen zyýanda özüniň günäsiniň ýokdugyny subut etmese, tirkege alýan gämä ýa-da gaýry ýüzýän desga eýelik edýän çekýär.

**214-nji madda. Portda tirkege alnanda jogapkärçilik**

1. Portda tirkege almak tirkege alynýan gäminiň ýa-da ýüzýän başga desganyň kapitanynyň dolandyrylmagynda amala aşyrylýar.

Eger öz günäsi bilen zyýan çekilmändigini subut etmese, tirkege alynýan gäminiň ýa-da gaýry ýüzýän desga eýelik edýän portda tirkege alnan halatynda, tirkege alýan gämä ýa-da ýüzýän başga bir desga, ýa-da olardaky adamlara, ýa-da emläge ýetirilen zyýan üçin jogapkärçilik çekýär.

2. Portda tirkege almagyň şertnamasyna gatnaşýan taraplar ýazmaça görnüşdäki ylalaşyk bilen, portda tirkege almaklygy dolandyrmak boýunça borjuny tirkege alýan gäminiň kapitanynyň üstüne ýükläp bilerler. Şeýle ýagdaýda portda tirkege alnan wagtynda, tirkege alynýan gämä ýa-da başga bir ýüzýän desga ýa-da olardaky adamlara, ýa-da emläge ýetirilen zyýan üçin jogapkärçiligi, eger ýetirilen zyýanda özüniň günäsiniň ýokdugyny subut etmese, tirkege alýan gämä eýelik edýän çekýär.

**215-nji madda. Buzly şertlerde tirkege almak**

Tirkege alýan gämä eýelik edýän, eger onuň günäsi bilen zyýan çekilendigi subut edilmedik bolsa, buzly şertlerde tirkege alynýan wagtynda tirkege alynýan gämä ýa-da ýüzýän başga bir desga, ýa-da olardaky adamlara, ýa-da emläge ýetirilen zyýan üçin jogapkärçilik çekmeýär.

**216-njy madda. Şu bölümde bellenilen düzgünleriň ulanylmagy**

Şu bölümde bellenilen düzgünler, eger taraplaryň ylalaşygynda başgasy bellenilmedik bolsa, ulanylýar.

## XIV BÖLÜM. DEŇIZ AGENTIRLEMEGIŇ ŞERTNAMASY

**217-nji madda. Deňiz agentirlemegiň şertnamasynyň kesgitlenilişi**

Deňiz agentirlemegiň şertnamasy boýunça deňiz agenti gämä eýelik edýäniň tabşyrmagy boýunça we onuň hasabyna Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, belli bir portda ýa-da belli bir çäkde öz adyndan ýa-da gämä eýelik edýäniň adyndan ýuridik we gaýry hereketleri etmegi borç edinýär.

**218-nji madda. Deňiz agentiniň umumy ygtyýarlyklarynyň çäklendirilmegi**

Gämä eýelik edýän tarapyndan deňiz agentiniň gämä eýelik edýäniň adyndan geleşik baglaşmak baradaky umumy ygtyýarlyklary çäklendirilen halatynda, deňiz agentiniň hereket edýän ak ýürekli üçünji bir şahs bilen baglaşan geleşigi, eger diňe şeýle

çäklendirme barada üçünji şahs habarly bolmasa, hakyky diýlip hasap edilýär hem-de gämä eýelik edýän üçin baglaşylan geleşik boýunça hukuklary we borçlary döredýär.

**219-njy madda. Deňiz agentiniň dürli taraplaryň bähbitleri üçin edýän hereketleri**

Deňiz agenti gämä eýelik edýäniň razyçylygy bilen, özüne şeýle hereketleri etmäge ygtyýar beren beýleki tarapyň peýdasyna hem ýuridik we gaýry hereketleri amala aşyryp biler.

**220-nji madda. Deňiz subagentirlemegiň şertnamasy**

1. Deňiz agenti deňiz agentirleme şertnamasyny ýerine ýetirmek maksady üçin, beýleki şahslar bilen deňiz subagentirleme şertnamalaryny baglaşmaga haklydyr, şunda ol deňiz subagentiniň hereketleri üçin gämä eýelik edýäniň öňünde jogapkär bolmagynda galýar.

2. Deňiz subagenti, eger ol ýöne ynanylan şahsyň öz gezeginde başga bir şahsa ynanmagy esasynda hereket etmeýän bolsa, üçünji bir şahs bilen gäminiň eýesiniň adyndan geleşik baglaşmaga haky ýokdur.

**221-nji madda. Deňiz agentiniň hukuklary we borçlary**

1. Deňiz agenti gäminiň porta gelmegi, gäminiň portda bolmagy we gäminiň portdan çykmagy bilen baglanyşykly dürli formallyklary ýerine ýetirýär, port we ýerli häkimiýetler bilen arabaglanyşygy ýola goýmakda hem-de gäminiň üpjünçiligini we portda gämä hyzmat etmegi guramakda kapitana kömek berýär, ýüke degişli resminamalary resmileşdirýär, deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasyndan gelip çykýan talaplar boýunça tölemeli frahty we gämä eýelik edýäne düşýän gaýry pullary inkassirleýär, gämä eýelik edýäniň we gäminiň kapitanynyň görkezmesi boýunça, gäminiň portda bolmagy bilen bagly tölemeli bolan tölegleri töleýär, bir ugurly gatnaw boýunça daşamak üçin ýükleri çekýär, fraht ýygymyny, ýüki ibermegi amala aşyrýar hem-de deňiz agentirlemesi boýunça beýleki hereketleri ýerine ýetirýär.

2. Deňiz agenti:

1) öz alyp barýan işini gämä eýelik edýäniň bähbitleri üçin ak ýürekden hem-de deňiz agentirlemegi baradaky tejribä laýyklykda amala aşyrmaga;

2) öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde hereket etmäge;

3) deňiz agentirlemegiň şertnamasynda göz öňünde tutulan tertipde we möhletlerde serişdeleriň harçlanylyşynyň hasabyny ýöretmäge hem-de gämä eýelik edýäne hasabat bermäge borçludyr.

**222-nji madda. Gämä eýelik edýäniň borçlary**

Gämä eýelik edýän:

1) deňiz agentirlemegiň şertnamasyna laýyklykda, hereket etmek üçin ýeterlik serişdeleri deňiz agentine bermäge;

2) deňiz agentiniň çykaran çykdajylarynyň öwezini oňa dolmaga;

3) eger deňiz agenti gämä eýelik edýäniň adyndan we öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde hereketleri amala aşyrýan bolsa, deňiz agentiniň hereketleriniň getiren netijeleri üçin jogapkärçilik çekmäge;

4) deňiz agentirlemegiň şertnamasynda bellenilen möçberde we tertipde deňiz agentine sylag bermäge borçludyr.

**223-nji madda. Deňiz agentirlemegiň şertnamasynyň ýatyrylmagy**

1. Eger deňiz agentirlemegiň şertnamasy belli bir möhlete baglaşylan bolsa, şeýle şertnamanyň hereket ediş möhletiniň tamamlanmagy onuň ýatyrylmagyna getirýär.

2. Eger deňiz agentirlemegiň şertnamasy kesgitlenilmedik möhlete baglaşylan bolsa, taraplaryň her biriniň şeýle şertnamany ýatyrmaga haky bardyr, şunda, bu barada beýleki tarapa şertnamanyň ýatyryljak senesinden azyndan üç aý öň mälim edilmelidir.

**224-nji madda. Şu bölümde bellenilen düzgünleriň ulanylmagy**

Eger taraplaryň ylalaşygynda başgasy bellenilmedik bolsa, şu bölümde bellenilen düzgünler ulanylýar.

## XV BÖLÜM. DEŇIZ DELLALÇYLYGYNYŇ ŞERTNAMASY

**225-nji madda. Deňiz dellalçylygynyň şertnamasynyň kesgitlenilişi**

1. Deňiz dellalçylygynyň şertnamasy boýunça dellal (deňiz dellaly) ynanç hatyny berijiniň tabşyrygy boýunça onuň adyndan we onuň hasabyna Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, gämileri satyn almagyň - satmagyň, gämileri tirkege almagyň, frahtlamagyň; deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamalary baglaşylanda, dellalçylyk hyzmatlaryny etmegi borç edinýär.

2. Deňiz dellaly, şu maddanyň birinji böleginde görkezilen şertnamalar baglaşylanda, şertnamalar onuň dellalçylyk tagallalary bilen baglaşylan bolsa, eden dellalçylyk hyzmatlary üçin sylag almaga hukugy bardyr.

**226-njy madda. Deňiz dellalynyň deňiz agentiniň hereketlerini amala aşyrmagy**

Deňiz dellaly ynanç hatyny berijiniň tabşyrygy boýunça, gäminiň porta gelmegi, gäminiň portda bolmagy we gäminiň portdan çykmagy bilen baglanyşykly formallyklary, şeýle-de şu Kodeksiň 221-nji maddasyna laýyklykda, deňiz agentiniň adatça ýerine ýetirýän beýleki hereketlerini amala aşyryp biler. Şeýle halatda, şu Kodeksiň 217-224-nji maddalarynda bellenilen deňiz agentirlemegiň şertnamasynyň düzgünleri ulanylýar.

### 227-nji madda. Deňiz dellalynyň iki tarapyň bähbitleri üçin hereket etmegi

Şu Kodeksiň 225-nji maddasynda görkezilen şertnamalar baglaşylanda, deňiz dellaly şeýle şertnamalaryň iki tarapyna-da wekilçilik edip biler. Bu halatda, deňiz dellaly özüniň beýleki tarapa wekilçilik edýändigi barada her bir tarapy habarly etmäge we dellalçylyk hyzmatlaryny edende, taraplaryň ikisiniň bähbitleri üçin hem hereket etmäge borçludyr.

### 228-nji madda. Deňiz dellalynyň hasabat bermek borjy

Ynanç hatyny berijiniň tabşyrygyny ýerine ýetirenden soň, deňiz dellaly ynanç hatyny berijiden alnan pul möçberi boýunça hasabat bermelidir.

## XVI BÖLÜM. DEŇIZ ÄTIÝAÇLANDYRMAGYNYŇ ŞERTNAMASY

### 229-njy madda. Deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasy we onuň görnüşi

1. Deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasyna laýyklykda, ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş obýektiniň sezewar bolýan (ätiýaçlandyryjynyň bähbitleri) deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasynda göz öňünde tutulan waka (ätiýaçlandyryş halaty) bolanda, ätiýaçlandyryş tölegine (ätiýaçlandyryş baýragyna) çekilen ýitgileriň öwezini ätiýaçlandyrana ýa-da haýryna şeýle şertnama baglaşylan başga şahsa dolmagy borç edinýär.

2. Deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasy ýazmaça görnüşde baglaşylmalydyr.

*(2014-nji ýylyň 1-nji martyndakyTürkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda-Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., № 1, 49-njy madda)*

### 230-njy madda. Deňiz ätiýaçlandyrmagynyň obýekti

1. Söwda deňiz gatnawy bilen baglanyşykly her emläk bähbidi - gämi, gurulýan gämi, ýük, fraht, şeýle-de ýolagçynyň gatnawy üçin we onuň goşy üçin tölenýän töleg, gämiden peýdalanylanlygy üçin tölenýän töleg, ýük daşamakdan garaşylýan girdeji we beýleki gämi, ýük hem-de fraht arkaly üpjün edilýän talaplar, zähmet haky hem-de gäminiň kapitanyna we gäminiň ekipaž agzalaryna berilmeli gaýry pullar, şol sanda repatriasiýa üçin edilýän çykdajylar, gämä eýelik edýäniň jogapkärçiligi we ätiýaçlandyryjynyň özüne kabul eden töwekgelligi (täzeden ätiýaçlandyrma) deňiz ätiýaçlandyrmagynyň obýekti bolup biler.

2. Deňiz ätiýaçlandyrmagynyň obýekti deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasynda görkezilmelidir.

### 231-nji madda. Töwekgellik hakyndaky maglumat

1. Ätiýaçlandyrýan deňiz ätiýaçlandyrmasy hakynda şertnama baglaşanda, özüne mälim bolan ýa-da mälim bolmaly bolan töwekgelligiň derejesini kesgitlemek üçin düýpli ähmiýeti bolan ýagdaýlar hakyndaky jikme-jik maglumatlary, şeýle-de ätiýaçlandyryjynyň soraýan maglumatlaryny ätiýaçlandyryja mälim etmäge borçludyr.

Ätiýaçlandyrýan hemmelere mälim bolan maglumatlary, şeýle-de ätiýaçlandyryja mälim bolan ýa-da mälim bolmaly bolan maglumatlary ätiýaçlandyryja habar bermek borjundan boşadylýar.

2. Ätiýaçlandyrýan töwekgelligiň derejesini kesgitlemek üçin düýpli ähmiýete eýe bolan ýagdaýlar hakyndaky maglumatlary habar bermese ýa-da nädogry habar berse, ätiýaçlandyryjynyň deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasyny ýerine ýetirmekden boýun gaçyrmaga haklydyr. Şunda, eger ätiýaçlandyrýan habar berilmezlikde ýa-da nädogry habar berilmekde öz günäsiniň ýokdugyny subut etmese, ätiýaçlandyrma baýragy ätiýaçlandyryja berilýär.

3. Eger töwekgelligiň derejesini kesgitlemek üçin, düýpli ähmiýete eýe bolan ýagdaýlar we ätiýaçlandyrýanyň habar bermedik ýagdaýlary aradan aýrylan bolsa, ätiýaçlandyryjy deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasyny ýerine ýetirmekden boýun çagyrmaga hakly däldir.

4. Eger deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasy baglaşylan halatynda, ätiýaçlandyryjynyň maglumatlar hakyndaky soraglaryna ätiýaçlandyrýanyň jogaplary bolmasa, ätiýaçlandyryjy soň özüne şeýle maglumatlar berilmedi diýen delil bilen, deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasyny ýerine ýetirmekden boýun gaçyryp bilmez.

**232-nji madda. Ätiýaçlandyryş polisi we ätiýaçlandyrmagyň şertleri**

Ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyrýana deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasynyň (ätiýaçlandyrmagyň şertnamasy ýa-da ätiýaçlandyrma polisi ýa-da başga bir ätiýaçlandyryş resminamasy) baglaşylandygyny tassyklaýan resminamany berýär, şeýle-de ätiýaçlandyrýana ätiýaçlandyrmanyň şertlerini gowşurýar.

**233-nji madda. Ätiýaçlandyryş baýragy**

1. Ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryja deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasynda şertleşilen möhletde ätiýaçlandyryş baýragyny tölemäge borçludyr.

2. Ätiýaçlandyrmagyň şertnamasynyň baglaşylan gününde, sagat 24-de başlanýar we şertnamada göz öňünde tutulan möhletiň soňky gününde sagat 24-de tamamlanýar.

3. Ätiýaçlandyryjy birinji ýa-da bir gezekki ätiýaçlandyryş gatanjy öz wagtynda tölenýänçä, öz borçlaryndan boşadylýar.

**234-nji madda. Şertnamada üçünji bir şahsyň adynyň görkezilendigine ýa-da görkezilmändigine garamazdan, onuň peýdasyna deňiz ätiýaçlandyrmasynyň şertnamasynyň baglaşylmagy**

1. Şertnamada başga bir şahsyň adynyň görkezilendigine garamazdan, deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasy ätiýaçlandyrýanyň peýdasyna ýa-da başga biriniň peýdasyna baglaşylyp bilner.

Deňiz ätiýaçlandyrmasynyň şertnamasy peýdasyna baglaşylýan başga bir şahsyň ady görkezilmän baglaşylanda, ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyrýana ätiýaçlandyryş polisini ýa-da resminamany görkezjek şahsyň adyna gaýry ätiýaçlandyryş resminamany berýär.

2. Deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasynda başga bir şahsyň peýdasyna baglaşylan halatynda, ätiýaçlandyrýan şol şertnama boýunça ähli borçlary çekýär. Eger şertnama onuň tabşyrmagy bilen ýa-da tabşyrmazlygynda, ýöne şol tarap gelejekde ätiýaçlandyrma özüniň razylygyny bildirjekdigi şertinde baglaşylan bolsa, haýryna şertnama baglaşylan başga şahs hem deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasy boýunça ähli borçlary çekýär.

3. Ätiýaçlandyryş başga bir şahsyň peýdasyna edilen halatynda, ätiýaçlandyrýan başga bir şahsyň ynanç haty bolmazdan, deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasy boýunça ähli hukuklardan peýdalanýar.

**235-nji madda. Ätiýaçlandyryş öwez dolmasy tölenende, ätiýaçlandyryş polisiniň görkezilmegi**

Ätiýaçlandyryş öwez dolmasy tölenende, ätiýaçlandyryjynyň ätiýaçlandyryş şertnamasyny ýa-da ätiýaçlandyryş polisini, ýa-da deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasynyň baglaşylandygyny tassyklaýan başga bir resminamanyň berilmegini talap etmäge haky bardyr.

**236-njy madda. Ätiýaçlandyrylan ýüküň başganyň haýryna alynmagy**

1. Ätiýaçlandyrylan ýük başganyň haýryna alnan halatynda, deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasy öz güýjüni saklaýar, şunda ätiýaçlandyrýanyň ähli hukuklary we borçlary şeýle ýüki alana geçýär.

2. Eger ätiýaçlandyrylan ýük başganyň eýeçiligine berilmezden öň, ätiýaçlandyrma baýragy tölenilmedik bolsa, ony tölemek borjuny ýüki ätiýaçlandyrýan hem-de ony alan çekýär. Ätiýaçlandyrma baýragyny tölemek talaby ätiýaçlandyryş polisini saklaýja ýa-da ätiýaçlandyryş baýragynyň tölenilendigi görkezilmedik, başga ätiýaçlandyryş resminamasyny saklaýja degişli däldir.

**237-nji madda. Ätiýaçlandyrylan gäminiň başganyň haýryna alynmagy**

1. Ätiýaçlandyrylan gämi başganyň haýryna berlen halatynda, gämi başganyň haýryna berlen pursatyndan başlap, deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasy ýatyrylýar. Ätiýaçlandyrylan gämi, gatnaw amala aşyrýan wagtynda başganyň haýryna alnan halatynda, deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasy ätiýaçlandyrýanyň talaby boýunça gatnaw tamamlanýança, öz güýjünde galýar we şeýle gämä eýelik eden şahsa ätiýaçlandyrýanyň ähli hukuklary we borçlary geçýär.

Şu bölegiň birinji bendinde göz öňünde tutulan netijeler ätiýaçlandyrylan gäminiň berbout-çarter boýunça frahtlaýanyň peýdalanmagyna we onuň eýeçiligine berlen halatynda hem döreýär.

2. Şu maddada bellenilen düzgünler, şeýle-de gämä eýelik edýäniň jogapkärçiliginiň deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasyna hem ulanylýar.

**238-nji madda. Ätiýaçlandyryş pulunyň möçberi**

1. Deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasy baglaşylanda, ätiýaçlandyrýan degişli bähbidini ätiýaçlandyrma edýän pul möçberini (ätiýaçlandyryş pul möçberi) yglan etmäge borçludyr.

2. Gämi, ýük ýa-da başga emläk ätiýaçlandyrylanda, ätiýaçlandyryş pul möçberi onuň deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasynyň baglaşylan pursatyndaky hakyky bahasyndan (ätiýaçlandyryş bahasy) ýokary bolmaly däldir. Eger ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyrýanyň bilkastlaýyn ýalňyşlyga getirenligini subut etmese, taraplar emlägiň deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasynda kesgitlenilen ätiýaçlandyryş bahasyna garşylyk bildirip bilmezler.

3. Eger deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasynda görkezilen ätiýaçlandyryş pulunyň möçberi emlägiň ätiýaçlandyryş bahasyndan ýokary bolsa, deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasy ätiýaçlandyryş pulunyň möçberiniň ätiýaçlandyryş bahasyndan artýan böleginde hakyky däl hasaplanylýar.

4. Eger ätiýaçlandyryş pul möçberi emlägiň ätiýaçlandyryş bahasyndan pes diýlip yglan edilen bolsa, ätiýaçlandyryş öwez dolmasynyň möçberi ätiýaçlandyryş pul möçberiniň ätiýaçlandyryş bahasyna gatnaşygy proporsional möçberde azalýar.

**239-njy madda. Iki gezekki ätiýaçlandyryş**

1. Eger obýekt birnäçe ätiýaçlandyryjylarda ätiýaçlandyrlyp, netijede bellenen pul desganyň ätiýaçlandyryş bahasyndan artýan bolsa (iki gezekki ätiýaçlandyryş) ätiýaçlandyryjylaryň hemmesi diňe ätiýaçlandyryş bahasy möçberinde jogap berýärler; şunda olaryň her biri baglaşylan deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasyna laýyklykda, ätiýaçlandyryş pul möçberinde, ýagny şol obýekt babatda baglaşylan deňiz ätiýaçlandyrmagynyň ähli şertnamalary boýunça umumy ätiýaçlandyryş pul möçberiniň proporsional gatnaşygyna barabar möçberde jogap berýärler.

2. Eger gämä eýelik edýäniň şol bir jogapkärçiligi birnäçe ätiýaçlandyryjylarda ätiýaçlandyrylan bolsa, (iki gezekki ätiýaçlandyryş) ätiýaçlandyryjylaryň her biri olaryň baglaşan deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamalaryna laýyklykda, özüniň jogapkärçiligine barabar möçberde jogap berýär.

Eger ätiýaçlandyryş halaty dörände, gämä eýelik edýäniň jogapkärçiliginiň möçberi ähli ätiýaçlandyryjylaryň jogapkärçiliginiň möçberinden az bolsa, ätiýaçlandyryjylaryň her biri

özüniň jogapkärçiliginiň möçberiniň ätiýaçlandyryjylaryň ählisiniň jogapkärçiliginiň möçberine proporsional gatnaşykdaky möçberde jogap berýär.

**240-njy madda. Zyýanlaryň deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasynyň baglaşylmazyndan öň ýüze çykmagy ýa-da olaryň bolmazlygy**

1. Deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasy hatda onuň baglaşylan pursatyna gabat öwezi dolunmaly ýitgileriň ýüze çykmak mümkinçiligi aýrylan hem bolsa ýa-da şeýle zyýanlar eýýäm ýüze çykan bolsa-da, güýjüni saklaýar.

Eger ätiýaçlandyryjy deňiz ätiýaçlandyrmasy hakyndaky şertnama baglaşylanda, ätiýaçlandyrma halatynyň döremek mümkinçiliginiň bolmajakdygy bilen ýa-da bilmeli bolan, ýa-da ätiýaçlandyrýan deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasy öz peýdasyna baglaşylan başga bir şahs ýüze çykan we ätiýaçlandyryjy tarapyndan öwezi dolunmagyna degişli zyýanlary bilen ýa-da bilmeli bolan bolsa, şeýle ýagdaýlar özüne mälim bolmadyk tarap üçin, deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasyny ýerine ýetirmek hökman däldir.

2. Eger deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasyny ýerine ýetirmek özi üçin hökmany bolmadyk halatda-da, ätiýaçlandyryja ätiýaçlandyryş baýragy berilýär.

**241-nji madda. Baş polis**

Aýratyn ylalaşyk (baş polis) boýunça ätiýaçlandyrýanyň belli bir möhletiň dowamynda alýan ýa-da iberýän ähli ýükleri ätiýaçlandyrylyp bilner.

**242-nji madda. Ýükler hakynda maglumat bermek**

1. Ätiýaçlandyrýan baş polisiň täsirine düşýän ýüküň her bir ugradylmasy barada zerur maglumatlary alandan soň, şol maglumatlary haýal etmän ätiýaçlandyryja habar bermäge borçludyr, ol hususan-da, ýük daşalýan gäminiň adyny, ýüküň barýan ýoluny hem-de ätiýaçlandyrylan pul möçberini habar bermelidir.

Ätiýaçlandyrýan, hatda ýük barmaly portuna hiç bir zepersiz ýagdaýda eltilenden soň, ýüküň iberilmegi hakynda maglumat alsa-da, ol şeýle borçlardan boşadylmaýar.

2. Ätiýaçlandyrýan seresapsyzlyk zerarly ýükleriň aýry-aýry iberilişi hakynda zerur maglumatlary habar etmedik ýa-da wagtyndan giç habar eden bolsa, ätiýaçlandyryjynyň ýükleriň şeýle iberilişinde çekilen zyýanyň öwezini dolmakdan boýun gaçyrmaga haklydyr. Şunda ätiýaçlandyrýandan ýokarda görkezilen maglumatlary öz wagtynda we doly möçberde alyp bilen halatynda berilýän ätiýaçlandyryş baýragynyň hemme pul möçberini almak hukugy ätiýaçlandyryjyda saklanyp galýar.

3. Eger ätiýaçlandyryjy bilkastlaýyn:

1) ýükleriň aýry-aýry iberilişi hakyndaky zerur maglumatlary habar etmedik bolsa ýa-da olary öz wagtynda habar etmedik bolsa;

2) ýüküň kysymyny we görnüşini ýa-da onuň ätiýaçlandyrylan pulunyň möçberini nädogry görkezen bolsa, ätiýaçlandyryjynyň baş polis boýunça ätiýaçlandyrmakdan boýun gaçyrmaga haklydyr.

Şeýle halatlarda ätiýaçlandyryjy deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasyny göwnejaý ýerine ýetiren halatynda, onuň alyp biläýjek ätiýaçlandyrma baýragynyň bütin möçberini almak hukugyny özünde saklaýar.

**243-nji madda. Ýükleriň aýry-aýry ugradylmalarynyň ätiýaçlandyryş polisleri**

1. Ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyrýanyň talap etmegi boýunça, baş polisiň täsirine düşýän ýükleriň aýry-aýry ugradylmalaryna ätiýaçlandyrma polislerini bermäge borçludyr.

2. Ýükleriň aýry-aýry ugradylmalarynyň ätiýaçlandyrma polisiniň mazmunynyň baş polise laýyk gelmeýän halatynda, ätiýaçlandyrma polis ileri tutulýar.

**244-nji madda. Ätiýaçlandyrýanyň ýa-da öz peýdasyna deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasy baglaşylan başga bir şahsyň betniýetliligi we gödek seresapsyzlygy**

Ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyrýanyň ýa-da öz peýdasyna deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasy baglaşylan başga bir şahsyň ýa-da onuň wekiliniň betniýetliligi ýa-da gödek seresapsyzlygy sebäpli, ýetirilen zyýanlar üçin jogapkärçilik çekmeýär.

**245-nji madda. Gämi ätiýaçlandyrylanda ätiýaçlandyryjynyň jogapkärçilikden boşadylmagy**

Gämi ätiýaçlandyrylanda, ätiýaçlandyryjy şu Kodeksiň 244-nji maddasynda görkezilen halatlardan başga halatlarda:

1) gäminiň suwda ýüzmäge ukypsyzlyk ýagdaýynda iberilmegi, eger gäminiň deňizde ýüzmäge ukypsyzlyk ýagdaýy gäminiň ýaşyryn kemçilikleri bilen ýüze çykmadyk bolsa;

2) gäminiň we onuň degişli espablarynyň çagşamagy, olaryň könelmegi netijesinde;

3) ätiýaçlandyrýanyň ýa-da öz peýdasyna deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasy baglaşylan başga bir şahsyň ýa-da onuň wekiliniň rugsat bermegi bilen, ýöne ätiýaçlandyryjydan birugsat partlama we öz-özünden ot alyş howpy bolan maddalaryň we zatlaryň ýüklenmegi netijesinde, ýetirilen ýitgi üçin jogapkärçilik çekmeýär.

**246-njy madda. Ýük ätiýaçlandyrylanda ätiýaçlandyryjynyň jogapkärçilikden boşadylmagy**

Ýük ätiýaçlandyrylanda, ätiýaçlandyryjy şu Kodeksiň 244-nji maddasynda görkezilen halatlardan başga halatlarda ýetirilen ýitgiler üçin eger olaryň:

1) iberijiniň ýa-da alyjynyň, ýa-da onuň wekiliniň bilkastlaýyn ýa-da gödek seresapsyzlygy netijesinde;

2) ýüküň tebigy häsiýetleri (zaýalygy, kemelmegi, poslamagy, henlemegi, syzyp akmagy, döwülmegi, öz-özünden ot almagy we başgalar) netijesinde;

3) göwnejaý gaplanylmazlygy netijesinde,

bolandygyny subut etse, ýetirilen ýitgiler üçin jogapkärçilik çekmeýär.

**247-nji madda. Fraht ätiýaçlandyrylanda, ätiýaçlandyryjynyň jogapkärçilikden boşadylmagy**

Fraht ätiýaçlandyrylanda, şu Kodeksiň 245-nji we 246-njy maddalarynda bellenilen düzgünler ulanylýar.

**248-nji madda. Ýadro hadysasy netijesinde çekilen zyýan**

Eger şu Kodeksde bellenilen düzgünlerden başgasy göz öňünde tutulmadyk bolsa, ätiýaçlandyryjy ýadro partlamasy, radiasiýa ýa-da radioaktiw zäherlenme netijesinde çekilen zyýan üçin jogapkärçilik çekmeýär.

**249-njy madda. Harby hereketler ýa-da gaýry hereketler netijesinde çekilen zyýan**

Ätiýaçlandyryjy harby hereketleri, deňiz garakçylygy ýa-da başga hereketler netijesinde, şeýle-de degişli häkimiýetleriň talap etmegi boýunça gäminiň ýa-da ýüküň konfiskasiýasy, rekwizisiýasy, gäminiň ýa-da ýüküň tussag edilmegi ýa-da ýok edilmegi netijesinde çekilen zyýan üçin jogap bermeýär.

**250-nji madda. Töwekgelligiň üýtgemegi**

1. Ätiýaçlandyrýan ýa-da peýdasyna deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasy baglaşylan başga bir şahs ätiýaçlandyryş obýekti bilen ýa-da ätiýaçlandyryş obýekti babatda düýpli üýtgeşmäniň (agdyk ýük ýüklenilmegi, ýük daşamagyň usulynyň, düşürme portunyň üýtgemegi, gäminiň şertlenilen ýa-da adaty gitmeli ugrundan çykmagy, gäminiň gyş möwsümi sebäpli goýulmagy we başgalar) mälim bolan dessine, haýal etmän ätiýaçlandyryja habar etmäge borçludyr.

2. Töwekgelligi artdyrýan islendik üýtgeşme, eger ol adamlary, gämileri ýa-da ýükleri halas etmek ýa-da gatnawy howpsuz dowam etmek zerurlygy bilen döremedik bolsa, ätiýaçlandyryja deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasynyň şertlerine täzeden garamak ýa-da goşmaça ätiýaçlandyryş baýragynyň tölenmegini talap etmek hukugyny berýär. Eger ätiýaçlandyrýan munuň bilen ylalaşmasa, deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasy şeýle üýtgeşikligiň dörän pursatyndan başlap ýatyrylýar.

3. Eger ätiýaçlandyrýan we peýdasyna deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasy baglaşylan başga bir şahs şu maddanyň birinji böleginde bellenilen borçlary ýerine ýetirmese, ätiýaçlandyryja ätiýaçlandyrma obýekti bilen ýa-da ätiýaçlandyrma obýekti babatda düýpli üýtgeşiklikleriň dörän pursatyndan başlap, deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasyny ýerine ýetirmekden boşadylýar.

Eger ätiýaçlandyrýan ýa-da peýdasyna deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasy baglaşylan başga bir şahs ýokarda görkezilen borçlaryň ýerine ýetirilmezliginde özüniň günäsiniň ýokdugyny subut etmese, ätiýaçlandyryş baýragy doly möçberde ätiýaçlandyryjyda galýar.

**251-nji madda. Zyýan çekmeleriň öňüniň alynmagy ýa-da onuň azaldylmagy**

1. Ätiýaçlandyrma hadysasy dörände, ätiýaçlandyrýan şol emele gelen ýagdaýlarda zyýan çekmeleriň öňüni almak ýa-da ony azaltmak boýunça özüne bagly bolan ähli çäreleri görmäge borçludyr. Ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş hadysasynyň dörändigini haýal etmän ätiýaçlandyryja mälim etmelidir, eger ol şeýle görkezmeler beren bolsa, ätiýaçlandyryjynyň görkezmelerine eýermelidir.

2. Atiýaçlandyryjy peýdasyna deňiz atiýaçlandyrmasynyň şertnamasy baglaşylan ätiýaçlandyrýanyň ýa-da başga bir şahsyň godek seresapsyzlygy boýunça ýa-da bilkastlaýyn çekilen zyýanlaryň öňüni almak ýa-da azaltmak boýunça degişli çäreleri görmänligi sebäpli ýüze çykan zyýan çekmeler üçin, jogapkärçilikden boşadylýar.

**252-nji madda. Ätiýaçlandyryjynyň umumy awariýa boýunça gatançlary üpjün etmegi**

Atiýaçlandyryjy ätiýaçlandyrýanyň ýa-da peýdasyna deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasy baglaşylan başga bir şahsyň talap etmegi boýunça, ätiýaçlandyryş şertleri bilen üsti doldurylýan umumy awariýa boýunça gatançlaryň ätiýaçlandyryş puly möçberinde tölenmegini üpjün etmäge borçludyr.

**253-nji madda. Ätiýaçlandyrýanyň dispaşa düzülende, ätiýaçlandyryjynyň bähbitlerini goramagy**

Ätiýaçlandyryş şertleri bilen üsti doldurylýan umumy awariýa boýunça dispaşa düzülende, özüni ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryjynyň bähbitlerini goramaga borçludyr.

**254-nji madda. Ätiýaçlandyryjynyň ätiýaçlandyrýanyň çykdajylarynyň öwezini dolmagy**

1. Ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyrýana ýa-da peýdasyna deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasy baglaşylan başga bir şahsa olaryň:

1) ätiýaçlandyryjynyň jogapkärçilik çekýän ýitgileriň öňüni almak ýa-da ony azaltmak üçin eger hatda ätiýaçlandyrýana ýa-da peýdasyna deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasy baglaşylan başga bir şahs tarapyndan ýitgileriň öňüni almak ýa-da ony azaltmak boýunça gören çäreleri şowsuz bolan hem bolsa;

2) şu Kodeksiň 251-nji maddasyna laýyklykda, ätiýaçlandyryjynyň görkezmelerini ýerine ýetirmek üçin;

3) ätiýaçlandyryjy tarapyndan öwezi dolunmaga degişli ýitgileriň möçberini aýdynlaşdyrmak we bellemek üçin;

4) umumy awariýa boýunça dispaşa düzmek üçin, zerur çykdajylarynyň öwezini dolmaga borçludyr.

2. Şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan çykdajylaryň öwezi ätiýaçlandyrma pul möçberiniň ätiýaçlandyrma bahasyna bolan gatnaşygyna proporsional möçberinde dolunýar.

**255-nji madda. Ätiýaçlandyryjynyň ätiýaçlandyrma pul möçberinden artyk jogapkärçiligi**

1. Ätiýaçlandyryjy ýitgiler üçin ätiýaçlandyrma pul möçberinde jogapkärçilik çekýär, emma şu Kodeksiň 254-nji maddasynda görkezilen çykdajylaryň şeýle-de umumy awariýa boýunça gatançlaryň öwezi dolunmaga degişli bolan ýitgiler bilen bilelikde, ätiýaçlandyryş pul möçberinden artyk bolmagynyň mümkinligine garamazdan, ätiýaçlandyryjy tarapyndan dolunýar.

2. Ätiýaçlandyryjy biri-biriniň yzyndan gelýän birnäçe ätiýaçlandyryş hadysalarynyň ýetiren ýitgileri üçin, hatda eger şeýle ýitgileriň umumy pul möçberi ätiýaçlandyryş pul möçberinden artýan hem bolsa, jogapkärçilik çekýär.

**256-njy madda. Gäminiň dereksiz ýitmegi**

1. Şu Kodeksiň 41-nji maddasynda görkezilen halatda gämi dereksiz ýiten bolsa, ätiýaçlandyryjy bütin ätiýaçlandyrma pul möçberinde jogap berýär.

2. Gäminiň deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasy boýunça ätiýaçlandyryjy, eger gämi baradaky iň soňky habar gäminiň deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasy tamamlanmazdan öň alnan bolsa we eger ätiýaçlandyryjy gäminiň görkezilen möhlet tamamlanandan soň, heläk bolandygyny subut etmese, gäminiň dereksiz ýitendigi üçin jogap berýär.

**257-nji madda. Abandon**

1. Eger emläk heläk bolmakdan ätiýaçlandyrylan bolsa, ätiýaçlandyrýan ýa-da peýdasyna deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasy baglaşylan başga bir şahs ätiýaçlandyran emlägine bolan hukuklaryndan ýüz öwürýändiklerini (abandon) aýdyp bilerler we eger:

1) gämi dereksiz ýiten bolsa;

2) gämi we (ýa-da) ýük ýok edilen bolsa (hakykatda doly heläk bolan bolsa);

3) gämini täzeden dikeltmek ýa-da abatlamak ykdysady taýdan maksadalaýyk däl bolsa (gäminiň gurluş taýdan doly derejede heläk bolmagy);

4) gäminiň zeper ýeten ýerlerini düzetmek ýa-da ýüki eltmeli portuna eltmek ykdysady taýdan maksadalaýyk däl bolsa;

5) howpdan ätiýaçlandyrma edilen gäminiň ýa-da ýüküň basylyp alynmagy, eger basyp alyşlyk alty aýdan köp dowam edýän bolsa, bütin ätiýaçlandyrma puluny alyp bilerler.

Ýokarda görkezilen halatlarda:

a) emläk doly bahasynda ätiýaçlandyrma edilende şol ätiýaçlandyrma edilen emläge bolan ähli hukuklar;

b) emläk doly bahasynda ätiýaçlandyrylmadyk wagtynda ätiýaçlandyrma pul möçberiniň ätiýaçlandyrma bahasyna bolan gatnaşygyna proporsional möçberinde, ätiýaçlandyrylan emlägiň paýyna bolan hukuklary, ätiýaçlandyryja geçýär.

2. Taraplaryň şu maddada bellenilen düzgünlere ters gelýän ylalaşygy ujypsyzdyr.

**258-nji madda. Abandon hakynda habar etmek**

1. Abandon hakyndaky habar ätiýaçlandyryja şu Kodeksiň 256-njy we 257-nji maddalarynda görkezilen möhletiň tamamlanan ýa-da ýagdaýlaryň dörän pursatyndan beýläk, alty aýyň dowamynda berilmelidir.

2. Şu maddanyň birinji böleginde görkezilen möhlet tamamlanandan soň, ätiýaçlandyrýan ýa-da peýdasyna deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasy baglaşylan başga bir şahs abandona bolan hukugyny ýitirýär we ýitgileriň öweziniň umumy esaslarda dolunmagyny talap edip biler.

3. Ätiýaçlandyrýanyň ýa-da öz peýdasyna deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasy baglaşylan başga bir şahsyň abandon hakyndaky habary gürrüňsizdir we ony ol yzyna alyp bilmez.

4. Taraplaryň şu maddada bellenilen düzgünlere ters gelýän ylalaşygy ujypsyzdyr.

**259-njy madda. Ätiýaçlandyrma öwez dolmagynyň gaýtarylyp berilmegi**

Eger gämi heläk bolmadyk bolsa, ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyrýanyň ýa-da öz peýdasyna deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasy baglaşylan başga bir şahsyň emlägi özüne goýup, alnan ätiýaçlandyryş öwez dolmagynyň yzyna gaýtaryp bermegini talap edip biler, şunda ätiýaçlandyrýana we peýdasyna deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasy baglaşylan başga bir şahsyň ýetirilen hakyky ýitgi onuň näçe bölegine laýyk gelýän bolsa, şoňa laýyk möçberde tölemeli töleg çykarylýar.

**260-njy madda. Ätiýaçlandyrýanyň ýa-da peýdasyna deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasy baglaşylan başga bir şahsyň ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak baradaky hukugynyň ätiýaçlandyryja geçmegi (subrogasiýa)**

1. Ätiýaçlandyrýanyň ýa-da peýdasyna deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasy baglaşylan başga bir şahsyň ýetirilen zyýan üçin jogapkär bolan şahsyň tölän pulunyň möçberinde talap etmek hukugy ätiýaçlandyryş öwezini dolan ätiýaçlandyryja geçýär. Şeýle hukuk ätiýaçlandyryjy tarapyndan ätiýaçlandyryş öwez dolmagyny alan şahs üçin bellenilen tertibiň berjaý edilmegi bilen amala aşyrylýar.

2. Eger ätiýaçlandyrýan ýa-da peýdasyna deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasy baglaşylan başga bir şahs ýetirilen zyýan üçin jogapkär bolan şahsa özüniň talap bildirmek hukugyndan boýun gaçyrýan bolsa ýa-da şeýle hukugy amala aşyrmak ätiýaçlandyrýanyň ýa-da peýdasyna deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasy baglaşylan başga bir şahsyň günäsi bilen mümkin bolmasa, ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş öwezini dolmakdan doly möçberde ýa-da onuň degişli böleginde boşadylýar.

### 261-nji madda. Ätiýaçlandyryja resminamalaryň we subutnamalaryň gowşurylmagy

Şu Kodeksiň 257-nji we 260-njy maddalarynda göz öňünde tutulan halatlarda, ätiýaçlandyrýan ýa-da peýdasyna deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasy baglaşylan başga bir şahs ätiýaçlandyryja ähli resminamalary we subutnamalary gowşurmaga hem-de ätiýaçlandyryja geçen hukuklary onuň amala aşyrmagy üçin zerur bolan ähli maglumatlary mälim etmäge borçludyr.

### 262-nji madda. Ýitgileriň öweziniň üçünji bir şahslar tarapyndan dolunmagynyň netijeleri

Ýitgileriň öwezi ätiýaçlandyrýan ýa-da peýdasyna deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasy baglaşylan başga bir şahsa üçünji bir şahslar tarapyndan dolunan halatynda, ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyrýana ýa-da peýdasyna deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasy baglaşylan başga bir şahsa deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasynyň şertlerine laýyklykda, diňe tölenmeli pul möçberi bilen ätiýaçlandyrýanyň ýa-da peýdasyna deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasy baglaşylan başga bir şahsyň üçünji bir şahslardan alan pul möçberiniň arasyndaky tapawudy töleýär.

## XVII BÖLÜM. UMUMY AWARIÝA

### 263-nji madda. Umumy awariýa we ony paýlamagyň esaslary

1. Umumy howpsuzlyk maksatlary we umumy howpdan umumy deňiz işine gatnaşýan emlägi - gämini, frahty, gäminiň daşaýan ýüküni abat saklamak maksatlary üçin, bilgeşleýin hem-de paýhasly harç edilen adatdan daşary çykdajylaryň ýa-da haýyr-yhsanlaryň netijesinde çekilen ýitgiler umumy awariýa diýlip ykrar edilýär.

2. Diňe şu maddanyň birinji böleginde görkezilen hereketleriň gönüden-göni netijesi bolup durýan ýitgiler umumy awariýa diýlip ykrar edilýär.

3. Umumy awariýa gäminiň, ýüküň we frahtyň arasynda umumy deňiz işiniň tamamlanan wagtyndaky we ýerindäki olaryň şu Kodeksiň 282-nji maddasynda bellenilen düzgünlere laýyklykda kesgitlenilýän gymmatyna ölçegdeş paýlanylýar.

4. Umumy deňiz işi, eger olaryň hemmesi halas ediş işine däl-de, täjirçilik işine gatnaşýan bolsalar, bir ýa-da birnäçe gämileriň başga gämini ýa-da başga gämileri tirkege alýan ýa-da iterýän halatynda hem bolup bilýär.

Şu bölümde bellenilen düzgünler aşakdaky halatlarda ulanylýar, eger:

1) gämileri we olaryň ýüklerini, eger olaryň ýükleri bar bolsa, umumy howpdan aman saklamak boýunça çäreler görülýän bolsa;

2) taraplaryň ylalaşygy bilen başgasy bellenilmedik bolsa, ýöne şu Kodeksiň şu maddasynyň birinji böleginde we 283-286-njy maddalarynda bellenilen we taraplaryň ylalaşygy bilen üýtgedilip bilinmeýän düzgünler muňa girmeýär.

Eger gämi beýleki gämiden ýa-da beýleki gämilerden ýönekeý aýrylmagy netijesinde, howpsuz ýagdaýda duran bolsa, gämi beýleki gämiler bilen birlikde umumy howpa sezewar bolmaýar. Eger gämini gämiden aýyrmak umumy awariýa hereketi bolup durýan bolsa, umumy deňiz işi dowam edýär.

**264-nji madda. Gäminiň gaçybatalga ýerine girmegi netijesinde ýüze çykan umumy awariýa**

1. Eger betbagtçylykly hadysa ýa-da başga bir adatdan daşary ýagdaý bolup, umumy howpsuzlygyň hatyrasyna gäminiň porta ýa-da gaçybatalga ýerine girmegi ýa-da gäminiň porta ýa-da ýük ýüklenilýän başga ýere dolanyp gelmek zerurlygyny döreden bolsa, şeýle ýerlere girmek ýa-da dolanyp gelmek bilen baglanyşykly çykdajylar umumy awariýa diýlip ykrar edilýär.

2. Eger gäminiň gaçybatalga ýerine girmek ýa-da onuň ýük ýüklenilýän ýere dolanyp gelmegi üçin edilen çykdajylary umumy awariýa diýlip ykrar edilse, oňa gäminiň ilki başdaky ýüki ýa-da onuň bir bölegi bilen şeýle ýerden çykmagy bilen baglanyşykly çykdajylar hem degişlidir.

3. Şu maddanyň birinji böleginde görkezilen ýagdaýlar bolanda, gäminiň gaçybatalga ýerine girmegi ýa-da onuň ýük ýüklenilýän ýere dolanyp gelmegi sebäpli, gatnawyň uzaldylmagy bilen ýangyç we üpjünçilik zatlary üçin, gaminiň ekipaž agzalaryna zähmet haklaryny we eklenç üpjünçiligini tölemek üçin edilen çykdajylar umumy awariýa diýlip ykrar edilýär.

4. Şu maddanyň birinji-üçünji böleklerinde bellenilen düzgünler gämini abatlamagyň mümkin bolmadyk gaçybatalga giren ýerinden başga porta ýa-da başga ýere barmak üçin edilen çykdajylara, şol sanda gäminiň wagtlaýyn abatlanmagy, onuň tirkege

alynmagy we gatnawynyň uzaldylmagy bilen baglanyşykly çykdajylara degişli suratda ulanylýar.

**265-nji madda. Gäminiň bortunda ýüküň, ýangyjyň ýa-da üpjünçilik zatlaryň ýeriniň üýtgedilmegine, olaryň gämiden düşürilmegine ýa-da yzyna ýüklenilmegine çykdajylar**

1. Betbagtçylykly hadysanyň ýa-da beýleki adatdan daşary ýagdaýlaryň gämä ýetiren zeperlerini aradan aýyrmaga mümkinçilik almak maksady bilen, eger gämä ýetirilen zeperleri düzetmek gatnawyň dowam etdirilmegi üçin zerur bolsa, umumy howpsuzlygyň hatyrasyna gäminiň bortunda ýüküň, ýangyjyň ýa-da üpjünçilik zatlaryň ýeriniň üýtgedilmegi ýa-da olaryň ýük ýüklenilen ýerde, gäminiň giren ýerinde ýa-da gäminiň gaçybatalga ýerinde düşürilmegi üçin edilen çykdajylar umumy awariýa diýlip ykrar edilýär.

Gäminiň bortunda ýüküň, ýangyjyň ýa-da üpjünçilik zatlarynyň ýeriniň üýtgedilmegi ýa-da olaryň düşürilmegi aşakdaky halatda umumy awariýa diýlip ykrar edilmeýär:

1) eger çykdajylar ýüküň, ýangyjyň ýa-da üpjünçilik zatlarynyň gatnaw wagtynda ýeriniň üýtgemegi sebäpli, olaryň diňe täzeden ýerli-ýerinde goýulmagy hem-de olary ýerli-ýerinde goýmak işiniň umumy howpsuzlyga dahylsyzlygy bilen baglanyşykly edilen bolsa;

2) ýüküň ýüklenilýän ýerinde gämini abatlamak zerurlygy haýsydyr bir betbagtçylykly hadysa bilen ýa-da şol gatnaw wagtynda dörän başga bir adatdan daşary ýagdaýlar bilen baglanyşykly bolmadyk ýagdaýda zeper alanlygy ýüze çykarylan bolsa.

2. Ýüki, ýangyjy ýa-da üpjünçilik zatlaryny yzyna ýüklemek ýa-da ýerleşdirip goýmak, düşürmek ýa-da ýerini üýtgetmek işleri şu maddanyň birinji böleginiň birinji bendinde görkezilen halatlarda geçirilen bolsa, şonuň üçin edilen çykdajylar hem, olary saklamak üçin, şol sanda ätiýaçlandyryş üçin edilýän çykdajylar bilen birlikde umumy awariýa diýlip ykrar edilýär.

Şu Kodeksiň 267-nji maddasynda bellenilen düzgünler ýüküň, ýangyjyň ýa-da üpjünçilik zatlaryň yzyna ýüklenilmegi ýa-da ýerleşdirilip goýulmagy netijesinde gäminiň gijikdirilip saklanylmagy sebäpli edilen çykdajylara ulanylýar.

**266-njy madda. Gäminiň wagtlaýyn abatlanmagy netijesinde döran çykdajylar**

Umumy howpsuzlyk üçin ýa-da umumy awariýa bagyş etme netijesinde ýetirilen zeperleri düzetmek üçin, ýüküň ýüklenilýän ýerinde, gäminiň girýän ýerinde ýa-da gäminiň gaçybatalga ýerinde gäminiň wagtlaýyn abatlanmagy üçin edilen çykdajylar umumy awariýa degişlidir. Gatnawy tamamlamak üçin, tötänleýin dörän zeperleri aradan aýyrmak zerurlygy üçin çykdajylar, şeýle bejerişiň geçirilmedik halatynda diňe umumy awariýa degişli edilip bilnäýjek derejede öňi alnan çykdajylaryň möçberinde öwezi dolunýar.

**267-nji madda. Gäminiň umumy howpsuzlyk maksatlary üçin saklanmagynyň döreden çykdajylary**

1. Betbagtçylykly hadysa netijesinde ýa-da umumy howpsuzlyk maksatlary üçin ýa-da şeýle betbagtçylykly hadysanyň ýa-da adatdan daşary ýagdaýlaryň ýetiren zeperlerini aradan aýyrmak üçin, eger şeýle aradan aýyrmaklyk, gatnawyň howpsuz dowam edilmegi üçin zerur bolan bolsa, gäminiň saklanmagy sebäpli, gäminiň ekipažynyň zähmet haky we eklenç üpjünçiligi üçin edilýän çykdajylar umumy awariýa diýlip ykrar edilýär.

Gäminiň şeýle saklanan wagtynda ýangyç üçin, üpjünçilik zatlary üçin çykdajylary, şeýle-de port çykdajylary umumy awariýa degişli bolmadyk zeperleri düzetmek üçin edilen çykdajylar hasap edilmezden, umumy heläkçilige paýlamak tertibinde tölenilýär.

2. Şu maddanyň birinji böleginiň düzgünleri gäminiň gatnaw wagtynda haýsydyr bir betbagtçylykly hadysa bilen ýa-da adatdan daşary ýagdaýlar bilen baglanyşygy bolmadyk zeperleri düzetmek üçin saklanmagy sebäpli edilen çykdajylar babatynda ulanylmaýar. Eger hatda gäminiň gatnawy howpsuz dowam etdirmegi üçin zeperleri aradan aýyrmak zerur bolsa-da, şeýle çykdajylar umumy awariýa ykrar edilmeýär.

**268-nji madda. Gäminiň ýüzüşe ýaramsyzlygynyň ykrar edilmegi ýa-da gäminiň gatnawy dowam etdirmekden boýun gaçyrmagy**

Gämi ýüzüşe ýaramsyz diýlip ykrar edilen ýa-da gatnawy dowam etdirmekden boýun gaçyran halatynda, şu Kodeksiň 265-nji maddasynyň ikinji böleginde we 267-nji maddasynyň birinji böleginde görkezilen, saklamaga, ätiýaçlandyrmaga, gäminiň ekipažynyň zähmet hakyna we eklenç üpjünçiligine, ýangyja, üpjünçilik zatlaryna we port çykdajylaryna edilýän çykdajylaryndan umumy awariýa diňe gäminiň ýüzüşe ýaramsyzlygy ykrar edilmezden öň ýa-da gatnawy dowam etdirmekden boýun gaçyrylmazdan öň ýa-da eger ýük düşürmek görkezilen pursata çenli tamamlanmadyk bolsa, ýüküň düşürilip gutarylmagyndan öň edilen çykdajylar degişlidir.

**269-njy madda. Halas etmek üçin edilen çykdajylaryň döreden umumy awariýasy**

1. Eger halas ediş işiniň şertnama esasynda ýa-da gaýry usul bilen amala aşyrylandygyna garamazdan, ol şu Kodeksiň 263-nji maddasynyň birinji böleginde görkezilen maksatlar üçin amala aşyrylan bolsa, umumy deňiz işine gatnaşýan taraplaryň amala aşyran halas ediş işi üçin edilen çykdajylar umumy awariýa diýlip ykrar edilýär.

2. Şu maddanyň birinji böleginde görkezilen çykdajylar halas edilenligi üçin sylagy hem öz içine alýar, ony kesgitlemek üçin, daşky gurşawa ýetirilýän zyýanyň öňüni almakda ýa-da ony azaltmakda halas edijileriň şu Kodeksiň 309-njy maddasynyň üçünji böleginiň 2-nji bendinde görkezilen ussatlygy we tagallasy nazara alynýar.

Halas edijä gämä eýelik edýän tarapyndan, şu Kodeksiň 310-njy maddasynyň 3-nji böleginde göz öňünde tutulan möçberde halas edijä berilýän ýörite öwezini dolmak umumy awariýa diýlip ykrar edilmeýär.

**270-nji madda. Halas etmek boýunça geçirilen çäreleriň netijesinde dörän umumy awariýa**

Şu Kodeksiň 263-nji maddasynda görkezilen alamatlar bolanda, hususan-da:

1) ýüküň gäminiň bortunyň daşyna zyňylmagy netijesinde ýetirilen zyýanlar, şeýle-de umumy howpsuzlygyň hatyrasyna gämiden ýa-da ýükden geçmegiň netijesinde ýetirilen zyýanlar, hususan-da ýüki zyňmak üçin açyk bolan lýuklar ýa-da munuň üçin ýörite edilen deşikler arkaly trýuma suwuň aralaşmagy netijesinde gämä ýa-da ýüke ýetirilen ýitgiler;

2) gämide dörän ýangyny söndürmek bilen baglanyşykly gämä ýa-da ýüke ýetirilen ýitgiler, şol sanda şol maksatlar üçin gäminiň kenara zyňylmagyndan ýa-da ot alýan gämini gark etmekden ýetirilen ýitgiler;

3) gäminiň özüniň saýa çykaryp biljekdigine garamazdan, gäminiň bilkastlaýyn saýda oturdylmagy bilen gämä ýa-da ýüke ýetirilen ýitgiler;

4) gämi saýdan çykarylanda onuň hereketlendirijisine, beýleki maşynlaryna ýa-da gäminiň gazanlaryna zeper ýetirilmegi bilen oňa ýetirilen ýitgiler;

5) ýüki, ýangyjy ýa-da üpjünçilik zatlaryny gämiden lihterlere ýüklemek, olary yzyna gämä ýüklemek we lihterleri hakyna tutmak arkaly saýda duran gämini ýeňilleşdirmek üçin, şeýle-de şonuň netijesinde ýetirilen beýleki ýitgiler, umumy awariýa diýlip ykrar edilýär.

**271-nji madda. Daşky gurşawa ýetirilýän zyýanyň öňüni almak ýa-da ony azaltmak boýunça çäreleriň döreden çykdajylary**

Daşky gurşawa ýetirilýän zyýanyň öňüni almak ýa-da ony azaltmak bilen baglanyşykly edilen çykdajylar, eger şu aşakdaky halatlaryň birinde ýa-da şu halatlaryň ählisinde edilen bolsa, olar umumy awariýa degişlidir:

1) umumy howpsuzlygyň maksatlary üçin amala aşyrylan işiň bölegi hökmünde, ýöne eger ony umumy deňiz işine gatnaşmaýan tarap ýerine ýetiren bolsa, ol şol tarapa halas edilenligi üçin sylagy almaga hukuk berip biläýjek bolsa;

2) şu Kodeksiň 264-nji maddasynda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda gäminiň porta giren ýa-da gäminiň portdan ýa-da duran ýerinden çykan şertinde;

3) şu Kodeksiň 264-nji maddasynda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda gäminiň portda ýa-da duran ýerinde saklanylan şertinde. Eger gämiden hapalanan maddalaryň syzýan ýa-da dökülýän ýeri hakykatda bar bolsa, daşky gurşawa ýetirilen zyýanyň öňüni almak

ýa-da ony azaltmak boýunça şol goşmaça çäreler sebäpli, zerur bolan çykdajylar umumy awariýa diýlip ykrar edilmeýär.

4) ýüki düşürmek, ammara ýerleşdirmek ýa-da ýüki yzyna ýüklemek bilen baglanyşykly çykdajylar, eger görkezilen işler üçin edilen çykdajylar umumy awariýa diýlip ykrar edilýän bolsa.

**272-nji madda. Ýüke, ýangyja ýa-da üpjünçilik zatlaryna zeper ýetmeginden ýa-da olaryň heläk bolmagyndan ýitgiler**

Gämide ýerleriniň üýtgedilmegi, gämiden düşürilmegi, yzyna gämä ýüklenilmegi we ýerleşdirilmegi netijesinde ýüke, ýangyja ýa-da üpjünçilik zatlaryna zeper ýetmegi ýa-da olaryň heläk bolmagy şeýle-de olaryň saklanylmagy netijesinde ýitgiler, eger şu görkezilen işleriň amala aşyrylmagy üçin edilen çykdajylar umumy awariýa diýlip ykrar edilýän halatlarynda, umumy awariýa diýlip ykrar edilýär.

**273-nji madda. Frahtyň ýitirilmeginden ýitgiler**

Eger ýüküň ýitirilmeginiň öwezi umumy awariýany paýlamak tertibinde dolunýan bolsa, ýüküň ýitirilmegi sebäpli, frahtyň ýitirilmegi umumy awariýa diýlip ykrar edilýär. Şunda frahtdan ony almak maksady bilen, gämä eýelik edýän tarapyndan edilmeli bolup, ýöne bagyş etme netijesinde edilmedik çykdajylar frahtdan aýrylýar.

**274-nji madda. Ornuny çalşyrýan çykdajylar**

Beýleki çykdajylaryň ornuna umumy awariýa degişli edip boljak islendik goşmaça çykdajylar (ornuny çalşyrýan çykdajylar) umumy awariýa diýlip ykrar edilýär. Ornuny çalşyrýan çykdajylaryň diňe şeýle çykdajylar netijesinde umumy awariýa gatnaşyjylardan kim-de bolsa biriniň gazanan tygşytlylygyna garamazdan, öňüni alyş çykdajylary möçberinde öwezi dolunýar.

**275-nji madda. Umumy awariýa diýlip ykrar edilmeýän ýitgiler (hususy awariýa)**

1. Şu Kodeksiň 263-nji maddasynyň birinji böleginde bellenilen umumy awariýanyň alamatlarynyň täsirine düşmeýän ýitgiler, şeýle-de şu maddanyň ikinji böleginde bellenilen ýitgiler hususy awariýa diýlip ykrar edilýär. Şeýle ýitgiler gäminiň, ýüküň we frahtyň arasynda paýlanylmaga degişli däldir we olary kim olara sezewar bolan bolsa şol çekýär, ýa-da olaryň ýetirilmegine jogapkärçilik çekýän şahs çekýär.

2. Hatda şu Kodeksiň 263-nji maddasynyň birinji böleginde görkezilen alamatlar bolanda hem, aşakdaky halatlarda umumy awariýa diýlip ykrar edilmeýär:

1) söwda gami gatnawynyň adatlarynyň we düzgünleriniň bozulmagy bilen gäminiň bortundan daşary zyňylan ýüküň bahasy;

2) gämide dörän ýangynyň söndürilmegi sebäpli, tütüniň ýa-da gyzmagyň täsiri netijesinde ýetirilen ýitgiler;

3) gäminiň deňizde bolýan howplar netijesinde, öň çapylyp aýrylan ýa-da hakykatda ýitirilen döwük bölekleriniň ýa-da gäminiň bir böleginiň goparylyp aýrylan bölekleriniň ýetiren ýitgileri;

4) ýüzüşde ýören gäminiň hereketlendirijileriniň işiniň has güýçlendirilmegi ýa-da maşynlarynyň, hereketlendirijileriniň ýa-da gazanlarynyň gaýry işleri bilen ýetirilen ýitgiler;

5) gatnawyň dowamlylygynyň artdyrylmagy netijesinde gäminiň ýa-da ýüküň çeken islendik ýitgileri (işsiz durmadan, bahalaryň üýtgemeginden ýitgiler we beýlekiler).

**276-njy madda. Gämä, onuň maşynlaryna ýa-da degişli esbaplaryna zeper ýetmeginden ýitgiler**

1. Gämä, onuň maşynlaryna ýa-da degişli esbaplaryna zeper ýetmegi bilen baglanyşykly umumy awariýany düzýän ýitgiler, zeper ýeten ýa-da ýitirilen zatlary abatlamagyň, düzetmegiň ýa-da çalşyrmagyň bahasyndan ugur alnyp kesgitlenilýär. Şeýle halatlarda şu Kodeksiň 277-nji maddasyna laýyklykda, «könesiniň ýerine täzesi» üçin eglişik edilýär.

2. Eger gämini abatlamak işi geçirilmedik bolsa, onda gämä zeper ýetirilmegi netijesinde ýüze çykan ýitginiň möçberi gämä zeper ýetirilmegi netijesinde gäminiň bahasy näçe möçberde azalan bolsa hem-de şol möçberde hem-de smeta laýyklykda, zeper ýetirilen gämini abatlamagyň bahasyndan ýokary bolmadyk möçberde kesgitlenilýär.

**277-nji madda. «Könesiniň ýerine täzesi» üçin eglişik**

1. Eger ýaşy on bäş ýyldan köp bolmadyk gämi abatlanylanda, gäminiň bölegi ýa-da köne materiallary täzeleri bilen çalşyrylýan bolsa, onda şu Kodeksiň 276-njy maddasyna laýyklykda, abatlaýyş işleriniň umumy awariýa degişli edilen bahasy, abatlaýyş işleriniň bahasy üçden bir bölegi möçberinde azalýar, ýöne şu maddanyň ikinji-dördünji böleklerinde göz öňünde tutulan halatlar muňa girmeýär.

2. «Könesiniň ýerine täzesi» üçin eglişikler şu Kodeksiň 276-njy maddasyna laýyklykda, gämini wagtlaýyn abatlamagyň umumy awariýa diýlip ykrar edilýän bahasyndan, şeýle-de azyk önümleriniň, üpjünçilik zatlarynyň, labyrlaryň we labyr zynjyrlarynyň bahasyndan edilmeýär.

3. Gämini abatlamak zerurlygynyň gury dok (gämi galdyryjy desga), stapel we gäminiň durýan ýerini üýgetmek üçin döredýän çykdajylary doly suratda umumy awariýa degişlidir.

4. Umumy awariýa hereketi gününden öň, soňky on iki aýyň içinde gabara reňk çalmak, ony reňk bilen tutuş örtmek işleri geçirilen şertlerinde gämini arassalamak, oňa reňk çalmak, ony reňk bilen tutuş örtmek üçin edilen çykdajylaryň elli göterimi möçberinde umumy awariýa diýlip ykrar edilýär.

5. «Könesiniň ýerine täzesi» üçin eglişikleriň ulanylmagy üçin, gäminiň gurlan wagty onuň gurlup gutarylan ýylynyň 31-nji dekabryndan, umumy awariýa hereketi gününe çenli hasaplanylýar. Gäminiň gorag örtügi, halas ediş şlýupkalary we beýleki şlýupkalary aragatnaşyk serişdeleri we nawigasion abzallary we enjamlary, maşynlary we gazanlary boýunça olaryň hakyky ýaşy nazara alynýar.

**278-nji madda. Gäminiň heläk bolmagyndan ýitgiler**

Eger gämi doly derejede heläk bolan bolsa ýa-da hatda heläk bolman, ony abatlamak üçin edilen çykdajylar gäminiň abatlanmadan soň, bahasyny ýokarlandyrjak bolsa (gurluş taýdan doly heläk bolmak), umumy awariýa diýlip ykrar edilýän ýitgiler gäminiň zeper ýetirilmedik ýagdaýdaky kesgitlenilen bahasy bilen, ondan smeta laýyklykda, ýetirilen zeperi düzetmegiň umumy awariýa degişli bolmadyk bahasy hasaplanyp çykylandan soň, gämide galan zatlary satmakdan alynmagy mümkin bolan sap düşewünt pulunyň arasyndaky tapawudy düzýär.

**279-njy madda. Ýüküň heläk bolmagyndan ýa-da oňa zeper ýetmeginden ýitgiler**

1. Ýüküň heläk bolmagy ýa-da oňa zeper ýetmegi sebäpli, umumy awariýa degişli bolan ýitgiler ýüküň düşürilen pursatyndaky bahasyna laýyklykda kesgitlenilýär, şol baha bolsa, alyja tölege goýlan söwda hasaby esasynda, hasaby bolmadyk halatynda bolsa, ýüküň ýüklenip ugradylan pursatyndaky bahasyna laýyklykda kesgitlenilýär.

Ýüküň düşürilen pursatyndaky bahasy, eger fraht diňe ýüke eýelik edýäniň töwekgelliginde durmaýan bolsa, ätiýaçlandyrmagyň we frahtyň çykdajylaryny öz içine alýar.

2. Zeper ýetirilen ýüküň satuwy halatynda, umumy awariýa degişli ýitgiler ýüküň zeper ýetirilmedik ýagdaýyndaky, şu maddanyň birinji bölegine laýyklykda kesgitlenilýän bahasy bilen ýüküň satylmagyndan düşen sap düşewündiň arasyndaky tapawudy ybarat edýärler.

3. Gämä eýelik edýänden ýa-da onuň agentlerinden rugsatsyz gämä ýüklenilen zatlara zeper ýetirilmegi ýa-da olaryň heläk bolmagy sebäpli, şeýle-de nädogry at bilen daşamak üçin bilkastlaýyn tabşyrylan ýüklere zeper ýetirilmegi ýa-da olaryň heläk bolmagy sebäpli, ýitgiler umumy awariýa diýlip ykrar edilmeýär. Eger şeýle emläk halas edilen bolsa, oňa eýelik edýänler umumy awariýa boýunça gatançlara umumy esaslarda gatnaşmaga borçludyrlar.

Eger ýüke eýelik edýänler olary daşamak üçin tabşyranlarynda, olaryň hakyky bahasyndan arzan baha goýan bolsalar, olar ýükleriň hakyky bahasyna laýyklykda, umumy awariýa boýunça gatançlara gatnaşýarlar, emma olar ýitgileriň öwezini diňe ýükleriň yglan edilen bahasyna laýyklykda alýarlar.

**280-nji madda. Umumy awariýany paýlamak tertibinde öwezi dolunýan çykdajylar üçin serişdeler**

1. Umumy awariýany paýlamak tertibinde öwezi dolunýan çykdajy puluna, iki göterim möçberinde komission tölegler goşulýar, şol tölegler hem umumy helakçilige degişlidir, gäminiň ekipažynyň zähmet haky we eklenç üpjünçiligi şeýle-de gäminiň gatnaw wagtynda çalşyrylmadyk ýangyjynyň we üpjünçilik zatlarynyň bahasy muňa girmeýär.

2. Umumy awariýa çykdajylary üçin zerur bolan serişdeleri gämini girewine goýmak, ýükleri satmak ýa-da karz alnan puly ätiýaçlandyrmak arkaly almak maksady bilen edilen harajatlar umumy awariýa degişlidir.

**281-nji madda. Umumy awariýany paýlamak tertibinde öwezi dolunýan ýitgiler üçin göterimler**

Umumy awariýany paýlamak tertibinde öwezi dolunýan çykdajy puluna we beýleki pullaryna (ýitgiler) dispaşanyň düzülen senesinden soň, üç aýyň dowamynda ýyllyk girdejileriň ýedi göterimi hasaplanylýar. Şunda umumy helakçiligiň üstüni ýapmaga gatnaşýan taraplaryň hasabyna ýa-da öwezini dolmak üçin deponirlenilen serişdeleriň hasabyna tölenilen tölegler degişli suratda nazara alynýar.

**282-nji madda. Emlägiň kontribusion bahasy**

1. Umumy awariýany paýlamak tertibinde öwezi dolunýan ýitgileriň üstüni ýapmak üçin bellenilýän ölçegdeş gatançlar emlägiň (gäminiň, ýüküň we frahtyň) umumy bahasy (emlägiň kontribusion bahasy) şu maddada bellenilen düzgünlere laýyklykda, gäminiň gatnawy tamamlanandan soň, şol emlägiň hakyky sap bahasy esasynda kesgitlenilýär. Eger şol pul möçberi umumy awariýa girizilmedik bolsa, şeýle baha sarp edilen emläk üçin, umumy awariýany paýlamak tertibinde öwezi dolunýan pul möçberi hem goşulýar.

Emlägiň kontribusion bahasy kesgitlenilende, umumy awariýa hereketinden soň, şol emläge degişli ähli goşmaça çykdajylar çykarylýar, ýöne muňa umumy awariýa diýlip ykrar edilýän ýa-da gämä şu Kodeksiň 310-njy maddasyna laýyklykda ýörite bellenilen öwezi dolmak hakyndaky çözgüt esasynda, gämä degişli bolan şeýle çykdajylar girmeýär.

2. Ýüküň kontribusion bahasy ýüküň düşürilýän pursatynda, alyja tölege goýlan söwda hasaby esasynda, hasabyň bolmadyk halatynda bolsa, ýüküň iberilen pursatyndaky bahasy esasynda bellenilýän bahadan ugur alnyp kesgitlenilýär. Eger fraht diňe ýüke eýelik edýäniň töwekgelliginde durmaýan bolsa, ýüküň bahasy ätiýaçlandyrma we fraht üçin edilen çykdajylary öz içine alýar. Ýüküň bahasyndan ýüküň heläk bolmagyndan ýa-da oňa zeper ýetirilmeginden onuň düşürilýän
wagtyna çenli ýa-da düşürilýän wagtynda çekilen ähli ýitgileriň pul möçberi çykarylyp aýrylýar.

Barmaly ýeriniň golaýynda satylan ýüküň kontribusion bahasy ýüküň satylmagyndan düşen sap düşewüntden ugur alnyp, umumy awariýany paýlamak tertibinde öwezi dolunýan pul möçberi arkaly kesgitlenilýär.

3. Gäminiň kontribusion bahasy gäminiň umumy awariýa hereketi pursatynda berbout-çarter boýunça ýa-da taým-çarter boýunça frahta alnandygy nazara alynmazdan kesgitlenilýär.

4. Gämä eýelik edýäniň töwekgelliginde durýan frahtdan hem-de ýolagçylaryň ýol töleginden emlägiň kontribusion bahasy kesgitlenilende, fraht we ýolagçylaryň ýol tölegini almak üçin edilen çykdajylar (şol sanda gäminiň ekipaž agzalarynyň zähmet haky üçin edilýän çykdajylar) eger gämi we ýük umumy awariýa degişli edilip bilinjek ýa-da bilinmejek umumy awariýanyň döremegine getiren ýagdaýlarda heläk bolaýanlarynda, çekilmejek çykdajylardan çykarylyp aýrylýar.

5. Konosament esasynda daşalmadyk ýolagçylaryň goşlary, şol sanda olaryň ýany bilen äkidýän awtoulaglary we şahsy zatlary umumy awariýany paýlaşmak tertibinde öwezi dolunýan ýitgileriň üstüni ýapmak üçin gatançlary we emlägiň kontribusion bahasy kesgitlenilende göz öňünde tutulmaýar.

**283-nji madda. Dispaşerler tarapyndan dispaşanyň düzülmegi**

1. Gyzyklanýan taraplaryň arzasy boýunça, umumy awariýanyň barlygy bellenilýär hem-de ony paýlamagy hasaplap çykarmak (dispaşer) işi dispaşerler tarapyndan düzülýär.

2. Umumy awariýany paýlamagy talap edýän tarap aýdylan ýitgileriň hakykatdan-da umumy awariýa diýlip ykrar edilmelidigini subut etmäge boçludyr.

3. Dispaşa düzülmegi bilen, bähbitleriniň gozgalmagy mümkin bolan şahs dispaşere ýazmaça görnüşde arza berýär, şol arzasynda umumy deňiz işiniň ilkinji tamamlanan gününden beýläk, on iki aýyň dowamynda ýitgileriň ýa-da çykdajylaryň öweziniň dolunmagyny talap edýär.

Eger şeýle arza berilmedik bolsa ýa-da şeýle arza soralandan soňra, on iki aýyň dowamynda şahs bildirilen talaby esaslandyrmak üçin subutnamalary ýa-da emlägiň bahasy baradaky maglumatlary bermese, dispaşeriň özünde bar bolan maglumatlar esasynda dispaşa düzmäge haky bardyr; şunuň bilen birlikde dispaşanyň gönüden-göni nädogrulygyna esas bolan ýagdaýynda, oňa garşylyk bildirilip bilner.

4. Dispaşa düzülen wagtynda, olaryň çözülmegi üçin ýörite bilimleri talap edýän (gämi sürüjilik, gämi gurluşyk, gämileri abatlamak, gämilere hem-de ýüklere baha bermek ugrunda we başgalar) meseleler ýüze çykan halatynda, dispaşeriň öz bellän bilermenine degişli netijenama taýýarlamak barada tabşyryk bermäge haky bardyr. Şeýle netijenama dispaşer tarapyndan beýleki subutnamalar bilen bir hatarda baha berilýär.

5. Dispaşa düzmäge esas bolan maglumatlar tanyşmak üçin açyk bolmalydyr hem-de dispaşer gyzyklanýan şahslaryň talap etmegi boýunça, olaryň hasabyna olara şol maglumatlaryň tassyklanylan nusgalaryny bermäge borçludyr.

**284-nji madda. Dispaşanyň düzülmegi üçin alynýan ýygym**

Dispaşanyň düzülmegi üçin ýygym alynýar we dispaşa goşulýar hem-de ähli gyzyklanýan şahslaryň arasynda olaryň umumy awariýa gatnaşyklarynyň paýyna proporsional paýlanylýar.

**285-nji madda. Dispaşany düzetmek we oňa garşylyk bildirmek**

1. Dispaşalar sanawynda bellige alnandan soň, dispaşada ýalňyşlyk ýüze çykarylan halatynda, olar dispaşeriň öz başlangyjy bilen ýa-da öz aralarynda umumy awariýa paýlaşylan şahslaryň arzy boýunça, dispaşanyň düzüm bölegi bolup durýan goşmaça (addenduma) düzmek arkaly düzedilip bilner.

2. Dispaşanyň ýa-da oňa addendumyň alnan gününden beýläk, öz aralarynda umumy awariýa paýlaşylan şahslaryň alty aýyň dowamynda kazyýete dispaşa boýunça garşylyk bildirip ýüz tutmaga haky bardyr. Şu halatda şeýle şahslar bu barada dispaşere talap arzasynyň nusgasyny ugratmak arkaly habar bermäge borçludyrlar.

3. Dispaşeriň kazyýetde dispaşa hakyndaky jedeliň garalmagyna gatnaşmaga hem-de işiň düýp manysy boýunça duşündiriş bermäge haky bardyr, eger zerur bolsa, oňa hökman gatnaşmaga borçludyr.

4. Dispaşa hakyndaky jedele garaýan kazyýet dispaşany öz güýjünde galdyryp, oňa üýtgetmeler girizip ýa-da ony ýatyryp we kazyýetiň çykaran çözgüdine laýyklykda dispaşere täze dispaşa düzmegi tabşyryp biler.

**286-njy madda. Dispaşanyň ýerine ýetirilmegi**

Eger şu Kodeksiň 285-nji maddasynyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan möhletde dispaşa garşylyk bildirilmedik bolsa ýa-da garşylyk bildirilip, kazyýet tarapyndan öz güýjünde galdyrylan bolsa, bu baradaky temmi Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde berlip bilner.

## XVIII BÖLÜM. GÄMILERIŇ ÇAKNYŞMAGY BILEN BAGLANYŞYKLY ÝITGILERIŇ ÖWEZINIŇ DOLUNMAGY

**287-nji madda. Şu bölümde bellenilen düzgünleriň ulanylýan çygry**

1. Şu bölümdäki düzgünler deňiz suwlarynda we beýleki suwlarda deňiz gämileriniň, şeýle-de deňiz gämileriniň we içerki suwlarda ýüzüşi amala aşyrýan gämileriň çakyşan halatynda ulanylýar.

2. Şu bölümiň maksatlaty üçin, bir gäminiň manýowry ýerine ýetirmegi ýa-da ýerine ýetirmezligi ýa-da ýüzüş düzgünlerini berjaý etmezligi netijesinde eger şunda hatda gämiler çaknyşmadyk bolsa-da, onuň başga gämä ýa-da ondaky şahslara, ýüke ýa-da başga emläge zyýan çekmäge getiren halatlary hem gämileriň çaknyşmagyna deňlenýär.

**288-nji madda. Jogapkärçiligi aradan aýyrýan ýagdaýlar**

1. Eger gämileriň çaknyşmagy tötänleýin bolan bolsa ýa-da öňüni alyp bolmajak güýjüň netijesinde ýa-da gämileriň çaknyşmagynyň sebäbini aýdyňlaşdyrmak mümkin bolmasa, ýitgilere sezewar bolan gämi olary çekýär.

2. Şu maddanyň birinji böleginde bellenilen düzgün gämiler ýa-da olaryň biri çaknyşyk pursatynda labyrda duran ýa-da başga usul bilen berkidilen halatlarynda hem ulanylýar.

**289-nji madda. Çaknyşykda gämileriň biriniň günäsi**

Eger gämiler olaryň biriniň günäsi bilen çakyşan bolsalar, çaknyşykda olaryň haýsysynyň günäsi bar bolsa, çekilen zyýany şol gämi çekýär.

**290-njy madda. Çaknyşykda iki ýa-da şondan-da köp gämileriň günäsi**

1. Eger gämiler olaryň ikisiniň ýa-da şondan-da köpüsiniň günäsi bilen çaknyşan bolsalar, olaryň her biriniň ýitgi üçin jogapkärçiligi çaknyşmadaky günäkärlik derejesine ölçegdeş kesgitlenilýär.

Eger gämileriň her biriniň günäkärlik derejesini aýdyňlaşdyrmak mümkin bolmasa, çaknyşygyň ýagdaýlaryndan ugur alyp, ýitgi üçin jogapkärçilik olaryň arasynda deň paýlanylýar.

2. Çaknyşykda günäkär gämilere eýelik edýänler, üçünji bir şahsyň öňünde adamlaryň ölmegi ýa-da saglygyna şikes ýetirilmegi netijesinde çekilen ýitgi üçin, raýdaş jogapkärçilik çekýärler, şunda şu maddanyň birinji bölegine laýyklykda, tölenmeli tölegden artyk tölän gämä eýelik edýäniň beýleki gämä eýelik edýänlere regres bildirmäge haky bardyr.

3. Çaknyşykda günäkär gämilere eýelik edýänler şu maddanyň birinji bölegine laýyklykda, üçünji bir şahsyň emläginiň ýitgileri üçin jogapkärçilik çekýär.

**291-nji madda. Gämileriň losmanyň günäsi bilen çaknyşygyndaky jogapkärçilik**

Eger gämiler hat-da olaryň losman geçirilişi hökmany bolan bolsa-da, losmanyň günäsi bilen çaknyşan halatynda, şu Kodeksiň 289-njy we 290-njy maddalarynda bellenilen jogapkärçilik döreýär.

**292-nji madda. Gämileriň günäsizliginiň ýuridik dogry hasaplanmagy**

Eger başgaça subut edilmedik bolsa, gämileriň çaknyşmagyna gatnaşanlaryň hiç biri günäkär diýlip güman edilmeýär.

## XIX BÖLÜM. GÄMILERDEN SYRYGÝAN NEBIT BILEN HAPALANMADAN ÇEKILEN ZYÝAN ÜÇIN JOGAPKÄRÇILIK.

## HOWPLY WE ZYÝANLY MADDALARYŇ DEŇIZ ARKALY DAŞALMAGY BILEN BAGLANYŞYKLY JOGAPKÄRÇILIK

**293-nji madda. Şu bölüme degişli esasy düşünjeler**

Şu bölümde şeýle bellenilýär:

1) nebitiň gämä guýlup, ýük hökmünde daşalmagy üçin göz öňünde tutulan ýa-da ulanylýan islendik gämi nebit guýulýan gämi hasaplanylýar;

2) raýat, edara görnüşindäki tarap, döwlet ýa-da onuň islendik düzüm bölegi jebir çeken şahs diýlip hasap edilýär;

3) gäminiň eýesi hökmünde bellige alnan şahs gäminiň eýesi hasaplanylyar. Eger gämi döwlete degişli bolsa we gämä eýelik edýän hökmünde bellige alnan gurama tarapyndan ulanylýan bolsa, şeýle gurama gäminiň eýesi hasaplanýar;

4) islendik uglewodorodlar, şol sanda tebigy gazdan alynýan we kadaly atmosfera basyşynda hem-de temperaturada suwuk görnüşde durýan distilýantlar we kondensatlar, şol sanda ýük hökmünde gäminiň bortunda ýa-da ýangyç hökmünde gäminiň ýangyç tanklarynda daşalýandygyna garamazdan, mazut, dizel ýangyjy hem-de çalgy ýaglary nebit (çig nebit) bolup durýarlar;

5) şu aşakdakylar gämilerden syrygýan nebit bilen ýa-da deňiz arkaly daşalýan howply hem zyýanly maddalar bilen hapalanmakdan çekilýän zyýanlardyr:

a) gämiden nebitiň syrygmagy ýa-da dökülmegi netijesinde, şol syrygmagyň we dökülmegiň nirede bolandygyna garamazdan, gämiden daşarda ýetirilen zyýan, eger şeýle zyýan çekmegiň netijesinde elden giderilen peýdadan başga, daşky gurşawa ýetirilen zyýan çekme üçin öwezini dolmaklyk hakykatda kabul edilen ýa-da kabul edilmeli bolan göwnejaý dikeldiş çäreleri üçin edilen çykdajylar bilen çäklenilýän bolsa;

b) duýduryş çäreleri üçin edilen çykdajylar we şeýle çäreler bilen çekilen soňky zyýan çekme;

ç) howply we zyýanly maddalary daşaýan gämide ýa-da şeýle gämiden daşary ýerde şol maddalaryň islendik adamyň ölümine ýa-da saglygyna şikes ýetirilmegine getirmegi;

d) howply we zyýanly maddalary daşan gämiden daşary ýerde şol maddalaryň emlägiň ýitirilmegine ýa-da oňa zeper ýetirilmegine getirmegi.

Şu bentdäki «howply we zyýanly maddalaryň emlägiň ýitirilmegine ýa-da oňa zeper ýetirilmegine» diýen sözler şol maddalaryň howply ýa-da zyýan ýetiriji häsiýetleri bilen zeper ýetirmegini aňladýar. Eger-de howply we zyýanly maddalar bilen ýetirilen zyýanlary beýleki ýagdaýlar netijesinde ýetirilen zyýanlardan göwnejaý tapawutlandyryp bolmasa, şeýle zyýanlar howply we zyýanly maddalar bilen ýetirilen zyýanlar hasaplanylýar;

6) islendik şahsyň bolan insidentden soň zyýan çekilmeginiň öňüni almak ýa-da çekilen zyýany azaltmak boýunça gören zerur çäreleri duýduryş çäreleri hasaplanylýar;

7) islendik hadysa ýa-da gelip çykyşy bir bolan birnäçe hadysalar insident hasaplanylýar, eger-de şol hadysalaryň netijesinde zyýan çekilen bolsa, ýa-da şeýle zyýan çekmäge düýpli we gönüden-göni howp döran bolsa;

8) gäminiň bortunda ýük hökmünde daşalýan we adamyň saglygy we deňiz jandarlary üçin howply hem-de zyýanly bolan maddalar howply we zyýanly maddalar hasaplanylýar;

9) deňizde howply we zyýanly maddalary daşamak döwri, haçan-da howply we zyýanly maddalaryň ýük ýüklenilen wagty gäminiň enjamlarynyň islendik bölegine düşen pursatyndan, ýük düşürilen pursatynda gäminiň enjamlarynyň islendik böleginden aýrylan pursatyna çenli döwri aňladýar. Eger gämi enjamlary peýdalanylmaýan bolsa, bu möhlet haçan howply we zyýanly maddalar gäminiň tutalgalaryndan geçen pursatyndan başlaýar we tamamlanýar.

**294-nji madda. Gäminiň eýesiniň jogapkärçiligi**

Gäminiň eýesi insidentiň bolan pursatyndan, eger ol (insident) gelip çykyşy bir bolan birnäçe hadysalardan ybarat bolsa, ilkinji hadysanyň bolan pursatyndan, gämilerden syrygýan nebit bilen hapalanmagy, insident netijesinde gämi tarapyndan ýa-da deňiz arkaly gäminiň bortunda daşalmagy sebäpli howply we zyýanly maddalar bilen bolan insidentiň netijesinde çekilen islendik zyýan üçin jogapkärçilik çekýär, ýöne şu Kodeksiň 295-nji we 296-njy maddalarynda göz öňünde tutulan halatlar muňa girmeýär.

**295-nji madda. Gäminiň eýesiniň jogapkärçilikden boşadylmagy**

Eger gäminiň eýesi gämiden syrygýan nebit bilen hapalanma ýa-da howply we zyýanly maddalar netijesinde çekilen zyýan üçin aşakdakylary subut etse, jogapkärçilik çekmeýär:

1) harby hereketleri ýa-da duşmançylykly hereketler netijesinde ýa-da özüniň häsiýeti boýunça aýratyn bolan, gutulgysyz we öňüni alyp bolmajak hadysa netijesinde zyýan çekilse;

2) üçünji bir şahslaryň zyýan çekdirmek niýeti bilen eden hereketleri (hereketsizligi) netijesinde doly zyýan ýetirilen bolsa;

3) ýangyn we beýleki nawigasion serişdeleriniň birkemsiz saklanmagy üçin jogap berýän şahslaryň öz wezipelerini ýerine ýetirende, seresapsyzlygy ýa-da kanuna laýyk gelmeýän beýleki hereketleri netijesinde, doly suratda zyýan çekilse;

4) iberijiniň ýa-da islendik başga bir şahsyň gämä ýüklenilen maddalaryň howply we zyýanly häsiýetlere eýedigi hakynda maglumat bermänligi doly ýa-da bölekleýin zyýan çekilmegine getirilmegi netijesinde, şu Kodeksiň 300-nji maddasyna laýyklykda, gäminiň

eýesiniň ätiýaçlandyrma almazlygyna getiren bolsa. Gäminiň eýesi çekilen zyýan üçin jogapkärçilikden şu bentde bellenilen düzgünler
esasynda boşadylyp bilner, eger gäminiň eýesi-de, onuň işgärleri-de, ýa-da agentleri-de ýüklenilen maddalaryň howply we zyýanly häsiýete eýedigini göwnejaý ýagdaýlarda bilmedik ýa-da bilip bilmedik bolsalar.

**296-njy madda. Jebir çeken şahsyň bilkastlaýyn ýa-da gödek seresapsyzlygy**

Eger gäminiň eýesi nebit bilen hapalanma netijesinde ýa-da howply we zyýanly maddalar netijesinde çekilen zyýan üçin, jebir çeken şahsyň doly suratda ýa-da kemkäsleýin bilkastlaýyn ýa-da gödek seresapsyzlygynyň sebäp bolandygyny subut etse, gäminiň eýesi şeýle şahsyň öňündäki jogapkärçilikden doly ýa-da bölekleýin boşadylyp bilner.

**297-nji madda. Iki we şondan köp gämileriň eýeleriniň raýdaş jogapkärçiligi**

1. Iki we şondan köp gämileriň eýeleri bilen bolup geçen insident netijesinde, nebit bilen ýa-da howply we zyýanly maddalar netijesinde hapalanmadan zyýan çekilen halatynda, şol gämileriň eýeleri eger olar şu Kodeksiň 295-nji we 296-njy maddalaryna laýyklykda jogapkärçilikden boşadylmaýan bolsalar, hem-de çekilen zyýan olaryň arasynda takyk paýlanylyp bilinmejek bolsa, çekilen bütin zyýan üçin raýdaş jogapkärçilik çekýärler.

2. Insidente çekilen gämileriň eýeleriniň şu Kodeksiň 298-nji maddasyna laýyklykda, olaryň her birine ulanylyp bilinýän jogapkärçiligiň çäklendirilmegine haky bardyr.

3. Şu maddada bellenilen düzgünler gämileriň eýelerinden biriniň beýleki islendik gäminiň eýesine regres bildirmek hukugyna galtaşmaýar.

*(2014-nji ýylyň 1-nji martyndakyTürkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda- Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., № 1, 49-njy madda)*

**298-nji madda. Gäminiň eýesiniň jogapkärçiliginiň çäklendirilmegi**

Gäminiň eýesiniň bir insidente gatnaşyklylykda aşakda görkezilen möçberler boýunça öz jogapkärçiligini çäklendirmäge haky bardyr:

1) gämilerden syrygýan nebit bilen hapalanmakdan zyýan çekilen halatynda:

a) sygymlylygy 5000 tonnadan köp bolmadyk gämi üçin 3 million hasaplaşyk birlikleri möçberinde;

b) sygymlylygy 5000 tonnadan köp bolan gämi üçin şu maddanyň 1-nji bendiniň "a" kiçi bendinde görkezilen möçbere sygymlylygynyň her indiki tonnasy üçin 420 hasaplaşyk birlikleri goşulýar - eger puluň umumy möçberi 59,7 million hasaplaşyk birliklerinden hiç bir halatda geçmeýän bolsa;

2) howply we zyýanly maddalaryň deňiz arkaly daşalmagy netijesinde zyýan çekilen halatynda:

a) sygymlylygy 2000 tonnadan köp bolmadyk gämi üçin 10 million hasaplaşyk birlikleri möçberinde;

b) sygymlylygy 2000 tonnadan köp bolan gämi üçin şu maddanyň 2-nji bendiniň "a" kiçi bendinde gorkezilen jeme indiki her bir tonna sygymlylygy üçin aşakdakylar goşulýar:

- 2001 tonnadan 50000 tonna çenli - 1,5 müň hasaplaşyk birlikleri;

- 50000 tonnadan ýokardakylara - 360 hasaplaşyk birlikleri,

eger jemiň umumy möçberi 100 million hasaplaşyk birliklerinden geçmeýän bolsa.

**299-njy madda. Jogapkärçiligiň çäklendirilmegine bolan hukugyň ýitirilmegi**

Eger nebit bilen hapalanmadan ýa-da howply we zyýanly maddalaryň ýetiren zyýan çekmesine gäminiň eýesiniň hut özüniň bilkastlaýyn ýa-da gödek seresapsyzlygy bilen eden hereketiniň (hereketsizliginiň) netijesiniň sebäp bolanlygy subut edilen bolsa, gäminiň eýesi şu Kodeksiň 298-nji maddasynda göz öňünde tutulan jogapkärçiligiň çäklendirilmegine bolan hukugy ýitirilýär.

**300-nji madda. Jogapkärçiligiň ätiýaçlandyrylmagy ýa-da maliýe taýdan başga hili üpjün edilmegi**

1. 2000 tonnadan köp nebiti ýük hökmünde guýma görnüşde daşaýan ýa-da hakykatda howply we zyýanly maddalary daşaýan gäminiň eýesi şu bölümde bellenilen düzgünler esasynda, özüniň çekilen zyýan üçin jogapkärçiliginiň üstüni ýapmak üçin, jogapkärçiligi ätiýaçlandyrmak ýa-da jogapkärçiligi maliýe taýdan başga hili üpjün etmek işini (bankyň ýa-da beýleki karz beriji guramanyň kepillendirmegi) amala aşyrmalydyr, munuň özi şu Kodeksiň 298-nji maddasynyň 1-nji we 2-nji bentlerine laýyklykda, onuň çekilen zyýan üçin jogapkärçiliginiň çägine laýyk möçberde amala aşyrylmalydyr.

2. Şu maddanyň birinji bölegine laýyklykda, jogapkärçiligi ätiýaçlandyrmak ýa-da maliýe taýdan gaýry üpjün etmek bilen kepillendirilýän, islendik pul möçberi diňe şu bölümde bellenilen düzgünler esasynda bildirilýän talaplaryň kanagatlandyrylmagy üçin peýdalanylmalydyr.

**301-nji madda. Ýetirilen zyýan üçin jogapkärçiligiň ätiýaçlandyrylmagy ýa-da maliýe taýdan gaýry üpjün edilmegi hakynda şahadatnama**

1. Nebit bilen ýa-da howply we zyýanly maddalar bilen hapalanmagy netijesinde yetirilen zyýan üçin, jogapkärçiligiň ätiýaçlandyrylmagy ýa-da maliýe taýdan gaýry üpjün edilmegi hakyndaky şahadatnama (mundan beýläk şahadatnama diýlip atlandyrylýar) ýagny jogapkärçiligiň ätiýaçlandyrma edilenligini ýa-da maliýe taýdan gaýry üpjün edilendigini tassyklaýan şahadatnama, eger şu Kodeksiň 300-nji maddasynyň birinji

böleginde bellenilen talaplar ýerine ýetirilen bolsa, şu bölümde bellenilen düzgünler esasynda, her gämä ony bellige alan edara tarapyndan berilýär.

Şahadatnamada şu aşakdaky maglumatlar bolmalydyr:

1) gäminiň ady, onuň çagyryş signaly we bellige alnan porty;

2) gäminiň eýesiniň esasy işiniň ady we ýerleşýän ýeri;

3) Halkara deňiz guramasy tarapyndan gämä dakylan indentifikasion belgi;

4) jogapkärçiligi maliýe taýdan üpjün etmegiň görnüşi we onuň hereket ediş möhleti;

5) jogapkärçiligiň maliýe üpjünçiligini beren ätiýaçlandyryjynyň ýa-da beýleki bir şahsyň esasy işiniň ady we ýerleşýän ýeri;

6) şahadatnamanyň ätiýaçlandyrmanyň hereket etmeginiň ýa-da jogapkärçiligi maliýe taýdan üpjün etmegiň möhletinden artyk bolup bilmejek hereket ediş möhleti.

2. Şahadatnama döwlet dilinde düzülýär we onuň rus diline terjimesi bolmalydyr.

3. Şahadatnama gäminiň bortunda saklanylmalydyr we onuň nusgasy saklanmak üçin, gämini bellige alýan edara tabşyrylmalydyr.

4. Şu maddada görkezilen şahadatnamalary bermegiň we barlamagyň şertleri, tertibi Suw ulaglary boýunça ygtyýarly edara tarapyndan tassyklanylan düzgünler bilen kesgitlenilýär.

5. Döwletiň eýeçiliginde durýan we ätiýaçlandyrma amala aşyrmak ýa-da maliýe taýdan gaýry üpjünçilik etmek talap edilmeýän gämide, ony bellige alýan degişli edara tarapyndan berlen hem-de gäminiň döwlet eýeçiligi bolup durýandygyny hem-de howply we zyýanly maddalaryň deňiz arkaly daşalmagy bilen baglanyşykly, gämiden syrygýan nebit bilen hapalanma sebäpli çekilen zyýan üçin, döwletiň jogapkärçiligi şu Kodeksiň 298-nji maddasynyň degişlilikde birinji we ikinji bentlerine laýyklykda kesgitlenilýän çäklerde üpjün edilendigini tassyklaýan şahadatnamasy bolmalydyr.

6. Şu bölümde bellenilen düzgünler ulanylýan gäminiň, eger onuň şu maddanyň birinji ýa-da bäşinji böleklerine laýyklykda, berlen şahadatnamasy bolmasa, täjirçilik işini amala aşyrmaklygy gadagandyr.

**302-nji madda. Jogapkärçiligi çäklendiriş gaznasy**

1. Gämilerden syrygýan nebit bilen hapalanmagy ýa-da howply we zyýanly maddalaryn deňiz arkaly daşalmagy sebäpli çekilen zyýan üçin, öz jogapkärçiligini çäklendirmek maksady bilen, şu Kodeksiň 298-nji maddasyna laýyklykda, gäminiň eýesi çekilen zyýanyň öwezini dolmak barada özüne talap arzasy bildirilen kazyýetde ýa-da arbitraž kazyýetde ýa-da eger şeýle talap arzasy bildirilmedik bolsa, talap arzasy bildirilip bilinjek

kazyýetde ýa-da arbitraž kazyýetde jogapkärçiligi çäklendirmek gaznasyny döretmelidir, onuň umumy pul möçberi bolsa onuň jogapkärçiliginiň çägine deň bolmalydyr. Şeýle gazna kazyýetiň ýa-da arbitraž kazyýetiň hasabyna pul geçirmek arkaly, ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenilýän hem-de kazyýet ýa-da arbitraž kazyýet tarapyndan ykrar edilýän tertipde bank kepillendirmegini ýa-da maliýe taýdan gaýry üpjünçiligi bermek arkaly döredilip bilner.

2. Çykdajylar we bagyş etmeler gäminiň eýesi tarapyndan zyýan çekmäniň öňüni almak ýa-da ony azaltmak maksady bilen göwnejaý meýletiň amala aşyrylandygy üçin, beýleki karz berijileriň hukugy ýaly, oňa hem jogapkärçiligi çäklendirmek gaznasy boýunça şeýle hukuklary berýär.

3. Ätiýaçlandyryjynyň ýa-da maliýe üpjünçiligini beren gaýry şahsyň şu madda laýyklykda jogapkärçiligi çäklendirmek gaznasyny, eger gäminiň eýesi tarapyndan gazna döredilse, şolar ýaly şertlerde we şeýle manyda döretmäge haky bardyr. Eger hat-da şu Kodeksiň 299-njy maddasyna laýyklykda gäminiň eýesi öz jogapkärçiligini çäklendirip bilmejek bolsa-da şeýle gazna döredilip bilner. Şeýle gaznanyň döredilmegi şu ýagdaýda, jebir çekenleriň gäminiň eýesine gatnaşyklary boýunça hukuklaryna galtaşmaýar.

4. Şu maddanyň birinji bölegine laýyklykda döredilýän, jogapkärçiligi çäklendirmek gaznasyna jogapkärçiligi çäklendirmek gaznasyny paýlamak hakynda şu Kodeksiň 329-njy maddasynda bellenilen düzgünler ulanylýar.

5. Howply we zyýanly maddalaryň deňiz arkaly daşalmagy sebäpli, islendik şahsyň janyna we saglygyna ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak talaplary beýleki talaplardan öňde tutulmaga degişlidir, ol şeýle talaplaryň jemi pul möçberi şu Kodeksiň 298-nji maddasynyň 2-nji bendinde bellenilen umumy pul möçberinden artyk bolmaly däldir.

6. Eger gäminiň eýesiniň insidentden soň, şu madda laýyklykda jogapkärçiligi çäklendirmek gaznasyny döreden bolsa we şu aşakdaky jogapkärçiligi çäklendirmäge haky bar bolsa:

1) şol insident netijesinde çekilen zyýanyň öwezini dolmagy talap edýän hiç bir şahsyň şeýle talaby gäminiň eýesiniň haýsydyr bir başga emläginiň hasabyna kanagatlandyrmaga haky ýokdur;

2) şeýle insident netijesinde çekilen zyýanyň öwezini dolmak talaby boýunça tussaga degişli edilen gämini ýa-da gäminiň eýesine degişli bolan başga emlägi boşatmak hakynda kazyýet ýa-da arbitraž kazyýet karar çykarýar, şeýle-de şeýle tussaglygyň öňüni almak üçin, berlen islendik girewi ýa-da gaýry üpjünçiligi boşadýar.

Şu bölekde bellenilen düzgünler, eger çekilen zyýanyň öweziniň dolunmagyny talap edýän şahsyň jogapkärçiligi çäklendirmek gaznasyna ygtyýarlyk edýän kazyýetde ýa-da arbitraž kazyýetde aklanmaga haky bar bolsa we bu gazna hakykatdan hem şeýle şahsyň talabyny kanagatlandyrmak üçin ulanylyp bilner.

**303-nji madda. Çekilen zyýanyň öwezini dolmak hakyndaky talap arzasy**

1. Gämilerden syrygýan nebit bilen hapalanmadan ýa-da howply we zyýanly maddalaryň deňiz arkaly daşalmagyndan çekilen zyýanyň öwezini dolmak hakynda gäminiň eýesine ýa-da göniden-göni ätiýaçlandyryja, ýa-da gäminiň eýesiniň zeper üçin jogapkärçiliginiň gaýry maliýe üpjünçiligini berýän şahsa Tükmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda hak islegi bildirilip bilner.

2. Göniden-göni ätiýaçlandyryja ýa-da gäminiň eýesiniň zeper üçin jogapkärçiliginiň gaýry maliýe üpjünçiligini berýän şahsa talap arzasy bildirilen halatynda jogapkär, hat-da gäminiň eýesiniň şu Kodeksiň 299-njy maddasyna laýyklykda jogapkärçiligini çäklendirmäge haky ýok bolsa-da, şu Kodeksiň 298-nji maddasynyň 1-nji we 2-nji bentlerine laýyklykda, bellenilen jogapkärçiligiň çäklerinden peýdalanyp biler.

Jogapkär gäminiň eýesiniň özüniň salgylanyp biläýjek garşylygyny görkezip biler, muňa onuň guramasynyň bankrotlyga düşmekligine ýa-da ýatyrylmagyna salgylanmagy girmeýär. Mundan başga-da, jogapkär özüniň aklanmagy üçin, zyýanyň gäminiň öz eýesi tarapyndan bilkastlaýyn edilenligine salgylanyp, garşylyk görkezmekden peýdalanyp biler we jogapkäriň gäminiň eýesi tarapyndan özüne garşy gozgalan işde salgylanmaga haky bolan başga hiç hili aklanma serişdelerini peýdalanyp bilmez. Jogapkäriň ähli ýagdaýlarda gäminiň eýesiniň bilelikde jogapkär hökmünde gatnaşmagyny talap etmäge haky bardyr.

3. Şu maddanyň dördünji böleginde bellenilen düzgünler berjaý edilen ýagdaýynda, gämiden syrygýan nebit bilen hapalanmadan ýa-da howply we zyýanly maddalaryň deňiz arkaly daşalmagy sebäpli, çekilen zyýanyň öwezini dolmak hakyndaky şu bölümde bellenilen düzgünler esasynda ýa-da gaýry esaslarda şu aşakdakylara talap arzasyny bildirilip bilinmez:

1) gäminiň eýesiniň işgärlerine ýa-da agentlerine, şol sanda gäminiň ekipaž agzalaryna;

2) losmana ýa-da gäminiň ekipaž agzalary bolup durmaýan, ýöne gämide işi ýerine ýetirýän islendik başga şahsa;

3) islendik frahtlaýana we ynançly dolandyryja;

4) gäminiň eýesiniň razylygy bilen ýa-da degişli guramalaryň görkezmesi boýunça, halas ediş işlerini amala aşyrýan her bir şahsa;

5) duýduryş çärelerini amala aşyran islendik şahsa;

6) şu bölegiň 3-5-nji bentlerinde görkezilen şahslaryň işgärlerine ýa-da agentlerine eger olaryň bilkastlaýyn ýa-da gödek seresapsyzlygy bilen eden hereketleriniň (hereketsizliginiň) netijeleri zyýan çekilmegine sebäp bolmadyk bolsa.

4. Şu bölümde bellenilen düzgünler gäminiň eýesiniň üçinji bir şahslara regres bildirmek hukugyna galtaşmaýar.

## XX BÖLÜM. GÄMILERIŇ WE BEÝLEKI EMLÄGIŇ HALAS EDILMEGI

**304-nji madda. Şu bölüme degişli esasy düşünjeler**

Şu bölümiň maksatlary üçin:

1) islendik gämi gatnaýan ýa-da beýleki suwlarda howpa sezewar bolan islendik gämä ýa-da beýleki emläge kömek bermek üçin edilýän islendik hereket ýa-da islendik iş halas ediş işi hasaplanylýar;

2) kenara hemişelik we bilkastlaýyn berkidilmedik emläk we töwekgellikdäki fraht emläk hasaplanylýar;

3) hapalanma, ýangyn, partlama ýa-da beýleki şulara meňzeş uly insidentleriň netijesinde adamyň saglygyna ýa-da deňizdäki ösümlik we haýwanat dünýäsine ýa-da kenarýaka suwlaryň, içerki suwlaryň ýa-da olara galtaşýan sebitleriň gorlaryna ep-esli hakyky zyýan ýetirilmegi daşky gurşawa ýetirilen zyýan hasaplanylýar.

**305-nji madda. Şu bölümde bellenilen düzgünleriň ulanylýan çygry**

1. Eger halas etmek hakyndaky şertnamada gönüden-goni ýa-da gytaklaýyn başgasy göz öňünde tutulmadyk bolsa, şu bölümde bellenilen düzgünler islendik halas ediş işlerine ulanylýar.

Taraplar öz şertnamalary bilen şu Kodeksiň 307-nji maddasynyň ulanylmagyny aýyrmaga, şeýle-de şu Kodeksiň 308-nji maddasy bilen bellenilen, daşky gurşawa zyýan ýetirilmeginiň öňüni almak ýa-da azaltmak boýunça borçlaryndan yza çekilmäge hakly däldirler.

2. Şu bölümde bellenilen düzgünler şu Kodeksiň 312-nji maddasynyň birinji böleginde göz öňünde tutulan düzgünleri hasaba almazdan, şu aşakdakylara hem degişli edilýär:

1) Türkmenistanyň eýeçiliginde durýan ýa-da halas ediş işleriniň amala aşyrylýan pursadynda diňe täjirçilige degişli bolmadyk hökümet gullugy üçin olar tarapyndan ulanylýan we peýdalanylýan harby gämilere, harby-kömekçi gämilere we beýleki gämilere;

2) döwletiň eýeçiliginde durýan täjirçilige degişli bolmadyk ýüklere.

3. Şu bölümde bellenilen düzgünler aşakdakylara degişli edilmeýär:

1) hereket etmeýän ýa-da ýüzýän platformalar, ýa-da deňizdäki burawlaýjy göçme enjamlara - eger şeýle platformalar ýa-da enjamlar özleriniň ýerleşýän ýerlerinde deňziň düýbündäki mineral baýlyklar boýunça gözleg, işläp taýýarlamak ýa-da gazyp almak işlerini amala aşyrýan bolsalar;

2) örän gadymy, arheologik ýa-da taryhy ähmiýete eýe bolan medeni häsiýetdäki deňiz emlägine - eger ol deňziň düýbünde bolsa.

**306-njy madda. Halas etmek hakyndaky şertnamalar**

1. Gäminiň kapitanynyň halas ediş işlerini amala aşyrmak üçin, gämä eýelik edýäniň adyndan halas etmek hakyndaky şertnamalary baglaşmaga haky bardyr.

2. Gäminiň kapitanynyň ýa-da gämä eýelik edýäniň şeýle şertnamalary gäminiň bortundaky emläge eýelik edýäniň adyndan baglaşmaga haky bardyr.

**307-nji madda. Şertnamalaryň güýçsüzligi. Şertnamalaryň üýtgedilmegi**

Şu aşakdaky halatlarda şertnama ýa-da onuň islendik şertleri güýçsüz diýlip hasap edilip ýa-da üýtgedilip bilner:

1) şertnama mejbury edilen täsiriň ýa-da howpuň täsiri astynda baglaşylan we onuň şertleri adalatsyz bolan ýagdaýynda;

2) şertnamada hakyky edilen hyzmatlar boýunça göz öňünde tutulan töleg çenden aşa ýokarlandyrylan ýa-da peseldilen bolsa.

**308-nji madda. Gämini halas edijiniň, gämä eýelik edýäniň we gäminiň kapitanynyň borçlary**

1. Halas ediji howp astynda durýan gämä eýelik edýän ýa-da howp astynda durýan beýleki emläge eýelik edýän babatda şu aşakdakylara borçludyr:

1) halas ediş işlerini degişli jogapkärçilikli amala aşyrmaklyga;

2) daşky gurşawa zyýan ýetirilmegiň öňüni almak ýa-da azaltmak boýunça çäreleri görmäge;

3) degişli ýagdaýlarda zerur bolsa, beýleki halas edijilere kömek sorap ýüz tutmaga;

4) howp astynda duran gäminiň kapitanynyň ýa-da oňa eýelik edýäniň, ýa-da howp astynda duran beýleki emläge eýelik edýäniň göwnejaý talap etmegi bilen, beýleki halas edijileriň gatnaşmagyna razy bolmaklyga, eger munuň özi halas edijiniň sylagynyň möçberine täsir etmeýän bolsa hem-de şeýle talaba zerurlyk ýok diýlip ykrar ediljek bolsa.

2. Howp astynda durýan gäminiň kapitany we oňa eýelik edýän ýa-da howp astynda durýan beýleki emläge eýelik edýän halas ediji babatda şu aşakdakylara borçludyr:

1) halas ediş işleriniň gidişinde onuň bilen doly derejede hyzmatdaşlyk etmäge;

2) şu bölegiň 1-nji bendinde göz öňünde tutulan borçlaryň ýerine ýetiren wagtynda, daşky gurşawa zyýan ýetirmegiň öňüni almak ýa-da azaltmak boýunça degişli aladalary etmäge;

3) gämi ýa-da beýleki emläk howpsuz ýere eltilenden soň, olary kabul etmäge, eger muny halas ediji göwnejaý talap edýän bolsa.

**309-njy madda. Sylagy bellemegiň şertleri we kriteriýleri**

1.Oňaýly netijä getiren halas ediş işleri sylagy almaga hukuk berýär.

2. Eger halas ediş işleri oňaýly netije bermedik bolsa, şu bölümde bellenilen düzgünlere laýyklykda, hiç-hili hak tölenmäge degişli bolmaýar, ýöne şu Kodeksiň 310-njy maddasynda göz öňünde tutulan halatlar muňa girmeýär.

3. Sylag halas ediş işlerini höweslendirmek maksady bilen bellenilýär, şunda görkezilen yzygiderliligine bagly bolmazdan, aşakdaky kriteriýler nazara alynýar:

1) gäminiň we beýleki emlägiň halas edilen bahasy;

2) daşky gurşawa ýetirilýän zyýanyň öňüni almakda ýa-da ony azaltmakda halas edijileriň ussatlygy we tagallasy;

3) halas edijiler tarapyndan gazanylan üstünlik derejesi;

4) howpuň häsiýeti we derejesi;

5) adamlary, gämini we beýleki emlägi halas etmekde halas edijileriň ussatlygy we tagallasy;

6) halas edijileriň sarp eden wagty hem-de edilen çykdajylar we çekilen zyýanlar;

7) jogapkärçilik töwekgelligi we halas edijileriň ýa-da olaryň enjamlarynyň sezewar bolan beýleki töwekgellikleri;

8) hyzmat etmegiň çaltlygy;

9) halas ediş işleri üçin niýetlenilen gämileriň ýa-da beýleki enjamlaryň bolmagy hem-de ulanylmagy;

10) halas edijiniň enjamlarynyň taýýarlyk ýagdaýy täsirlilik derejesi we şeýle enjamlaryň bahasy.

4. Şu maddanyň üçünji bölegine laýyklykda, bellenilen sylag gämi, ýük we beýleki emläk boýunça bähbidi bolan ähli şahslar tarapyndan halas edilen gäminiň, we beýleki emlägiň bahasyna proporsionallykda tölenilýär.

5. Sylag gäminiň we beýleki ýüküň halas edilen bahasyndan artyk bolmaly däldir, ýöne ol islendik göterimler we öwezi dolunýan kazyýet hem-de arbitraž kazyýet çykdajylary muňa girmeýär.

6. Kazyýet, arbitraž kazyýet ýa-da eminlik etmek üçin saýlanylýan kazyýet şu Kodeksiň 310-njy maddasyna laýyklykda, ýörite öwez dolmasynyň möçberi kesgitlenilýänçä, şu maddanyň düzgünlerine laýyklykda, sylagyny gäminiň we beýleki emlägiň iň ýokary derejede halas edilen bahasy möçberinde bellemäge borçly däldir.

**310-njy madda. Ýörite öwez dolmasy**

1. Eger halas ediji gäminiň özi ýa-da onuň ýüki daşky gurşawa zyýan ýetirmek howpuny döreden bolsa we şu Kodeksiň 309-njy maddasynyň üçünji-altynjy böleklerine laýyklykda, sylagy gazanyp bilmedik bolsa, şu maddanyň üçünji böleginde kesgitlenilişi ýaly, onuň şeýle gämä eýelik edýänden halas edijiniň hakyky esaslandyrylan çykdajylaryna deň bolan ýörite öwez dolmasyny almaga haky bardyr.

2. Eger şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan ýagdaýlar bar bolanda, halas ediji özüniň geçiren halas ediş işiniň netijesinde daşky gurşawa zyýan çekmegiň öňüni alan ýa-da ony azaldan bolsa, şu maddanyň birinji bölegine laýyklykda, gämä eýelik edýän tarapyndan ýörite öwez dolmasy aňry gitse, onuň çeken çykdajylary otuz göterime çenli uzaldylyp bilner. Kazyýet, arbitraž kazyýet ýa-da eminlik etmek üçin saýlanylýan kazyýet şu Kodeksiň 309- njy maddasynyň üçünji böleginde göz öňünde tutulan degişli ölçegleri nazara almak bilen, şeýle ýörite öwez dolmasyny artdyryp bilerler, emma artdyrmagyň umumy möçberi halas edijiniň çykaran çykdajylarynyň ýüz göteriminden artyk bolup bilmez.

3. Şu maddanyň birinji we ikinji bölekleriniň maksatlary üçin, halas edijiniň çykdajylary, halas ediş işlerinde halas ediji tarapyndan göwnejaý edilen hakyky çykdajylar we şu Kodeksiň 309-njy maddasynyň üçünji böleginiň 8-10-njy bentlerinde göz öňünde tutulan kriteriýleri hasaba almak bilen, halas ediş işleriniň barşynda enjamlar we işgärler üçin tölenilen adalatly töleg bolup durýar.

4. Umumy ýörite öwez dolmasy şu madda laýyklykda, halas edijiniň diňe şu Kodeksiň 309-njy maddasynyň üçünji-altynjy böleklerine laýyklykda, şeýle halatda we şeýle möçberde alyp biläýjek islendik sylagyndan artyk bolýan bolsa tölenilýär.

5. Eger halas ediji harsallyga ýol beren bolsa, şonuň netijesinde hem daşky gurşawa ýetirilýän zyýanyň öňüni alyp ýa-da azaldyp bilmänligi üçin, ol şu madda laýyklykda almaly ýörite öwez dolmasyndan doly suratda ýa-da bölekleýin mahrum edilip bilner.

6. Şu madda bellenilen düzgünler gämä eýelik edýäniň üçünji bir şahs baradaky regress hukugyna galtaşmaýar.

**311-nji madda. Sylagyň halas edijileriň arasynda paýlanylmagy**

Şu Kodeksiň 309-njy maddasynyň üçünji-altynjy böleklerine laýyklykda, bellenilen sylag şol görkezilen maddada beýan edilen kriteriýler nazara alnyp, halas edijileriň arasynda paýlanylýar.

**312-nji madda. Sylagyň gämä eýelik edýän bilen gäminiň ekipaž agzalarynyň arasynda paýlanylmagy**

1. Halas ediş işlerini amala aşyrandyklary üçin gazanylan islendik pul sylagy gämä eýelik edýän bilen gäminiň ekipaž agzalarynyň arasynda şu bölümde bellenilen düzgünlere laýyklykda, olaryň halas ediş işini amala aşyrmaklary bilen baglanyşykly çykdajylar hasaplanyp aýrylandan soň, aşakdaky ýaly paýlanylýar:

1) gämä eýelik edýäne sap agramyň bäşden üç bölegi berilýär, sap agramyň bäşden iki bölegi gäminiň ekipaž agzalarynyň arasynda paýlanylýar;

2) şu bölegiň 1-nji bendi esasynda, gäminiň ekipaž agzalaryna düşýän paý olaryň arasynda olaryň her biriniň halas ediş işini amala aşyrmakda özüni görkezen tagallasyna we zähmet haklaryna baglylykda paýlanylýar.

Şu bölegiň 1-nji we 2-nji bentlerinde bellenilen sylagy paýlamagyň düzgünlerinden çykylmagyna diňe aýratyn ýagdaýlar bolanda ýol berlip bilner.

2. Şu maddanyň birinji böleginde bellenilen düzgünler, halas ediş işleri özleriniň ýerine ýetirýän käri bolup durýan gämileriň halas ediş işini amala aşyrmagy üçin gazanylan sylagy paýlamakda ulanylmaýar.

**313-nji madda. Adamlaryň halas edilmegi**

1. Halas edilen adamlardan hiç-hili hak talap edilmeýär.

2. Halas etmek zerurlygyny döreden hadysa sebäpli, adamlary halas etmek üçin, öz hyzmatlaryny görkezmäge gatnaşan halas edijileriň gämini ýa-da beýleki emlägi halas edenligi, ýa-da daşky gurşawa zyýan ýetirmegiň öňüni alanlygy ýa-da ony azaldanlygy üçin, halas edijilere berlen puldan adalatly paýyny almaga haklary bardyr.

**314-nji madda. Halas edijiniň özüni nädogry alyp barmagynyň netijeleri**

Eger halas ediji öz günäsi bilen halas etmek zerurlygyny döreden bolsa ýa-da halas ediş işiniň barşyny çylşyrymlaşdyran bolsa, ýa-da ol aldamakda, emlägi öz eýeçiligine geçirmekde ýa-da kanuna ters gelýän beýleki hereketlerde günäkär bolsa, ol pul sylagyndan ýa-da ýörite öwez dolmasyndan doly suratda ýa-da bölekleýin mahrum edilip bilner.

**315-nji madda. Şertnamanyň ýerine ýetirilişiniň barşynda edilen hyzmatlar**

Eger edilen hyzmatlar howpuň döremeginden oň baglaşylan şertnamanyň gerekli ýerine ýetirilmegine göwnejaý garalmagyndan ýokary bolmasa, şu bölümde bellenilen düzgünlere laýyklykda hiç-hili töleg tölenmegine degişli däldir.

**316-njy madda. Halas ediş işleriniň gadagan edilmegi**

Howp astynda duran gämä eýelik edýäniň ýa-da onuň kapitanynyň, howp astynda duran, gäminiň bortunda bolmaýan we bolmadyk beýleki islendik emlägiň eýesiniň gönüden-göni we kanuny suratda gadagan etmeklerine garamazdan, edilen hyzmatlar üçin sylag almaga hukuk berilmeýär.

**317-nji madda. Gämileriň şol bir eýelik edýäne degişliligi**

Şu Kodeksiň 309-njy maddasynyň üçünji-altynjy böleklerinde we 310-316-njy maddalarynda bellenilen düzgünler, eger halas edilen gämi we halas ediş işlerini amala aşyrýan gämi şol bir eýelik edýäne degişli bolsa, ulanylýar.

**318-nji madda. Halas edijiniň talabyny üpjün etmek borjy**

1. Halas edijiniň haýyşy boýunça, şu bölümde bellenilen düzgünlere laýyklykda sylag ýa-da ýörite öwez dolmasy üçin jogapkär şahs halas edijiniň talabyny, şol sanda göterimleri we kazyýet ýa-da arbitraž kazyýet çykdajylary üpjün edýär.

2. Halas edilen gämä eýelik edýän şu maddanyň birinji böleginde bellenilen düzgünlere garamazdan, ýük berilmezden oň, ýüke eýelik edýänler tarapyndan özlerine bildirilýän talaplary, şol sanda göterimler we kazyýet ýa-da arbitraž kazyýet baradaky çykdajylary degişli ýagdaýda üpjün etmek üçin ähli mümkinçilikleri peýdalanmalydyr.

3. Halas edijiniň razylygy bolmasa, halas edilen gämi we beýleki emläk, halas ediş işleri tamamlanandan soň, şeýle gäminiň we beýleki emlägiň ilkibaşda getirilen portundan ýa-da ýerinden, degişli gämi we emläk boýunça halas edijiniň talaby degişli ýagdaýda üpjün edilýänçä, başga ýere geçirilip bilinmez.

**319-njy madda. Aralyk tölegi**

1. Kazyýet, arbitraž kazyýet ýa-da eminlik etmek üçin saýlanylýan kazyýet aralyk çözgüt çykarmak arkaly halas edijä adalatly we göwnejaý hasaplanylýan puluň möçberinde hem-de anyk işiň ýagdaýlaryndan ugur alyp, adalatly we göwnejaý şertlerde hakujuny tölemek hakynda (şol sanda zerur bolan ýagdaýda, talaby üpjün etmek şertlerinde) karar kabul edip biler.

2. Şu madda laýyklykda, aralyk tölegi tölenilen halatynda, şu Kodeksiň 318-nji maddasyna laýyklykda, halas edijä edilýän talap üpjünçiligi degişlilikde kemelýär.

### 320-nji madda. Halas ediş işlerine döwlet edaralarynyň we jemgyýetçilik birleşikleriniň gatnaşmagy

Şu bölümde bellenilen düzgünler, şeýle-de eger halas ediş işlerini amala aşyrmaklyk olaryň borçlary bolup durmaýan bolsa-da, döwlet edaralary tarapyndan ýa-da olaryň gözegçiligi astynda, şeýle-de jemgyýetçilik birleşikleri tarapyndan halas ediş işleri amala aşyrylanda hem ulanylyp bilner.

## XXI BÖLÜM. DEŇIZ TALAPLARY BOÝUNÇA JOGAPKÄRÇILIGIŇ ÇÄKLENDIRILMEGI

### 321-nji madda. Deňiz talaplary boýunça jogapkärçiligiň çäklendirilmegine haky bar bolan şahslar

1. Gämä eýelik edýäniň we halas edijiniň şu Kodeksiň 322-nji maddasynda göz öňünde tutulan talaplar boýunça jogapkärçiligi çäklendirilýär. Şunda halas ediş işlerini, şol sanda şu Kodeksiň 322-nji maddasynyň birinji böleginiň 4-nji bendinde görkezilen işleri geçirmekde öz hyzmatlaryny görkezýän islendik şahs halas ediji hasaplanylýar.

2. Eger şu Kodeksiň 322-nji maddasynda göz öňünde tutulan talaplaryň haýsy-da bolsa biri şu maddanyň birinji böleginde görkezilen jogapkärçiligi çekýän şahslaryň hereketi (hereketsizligi) sebäpli bolup, başga şahsa ýüklenilen bolsa, onuň şu bölümde bellenilen düzgünlere laýyklykda jogapkärçiliginiň çäklendirilmegine haky bardyr.

3. Şu Kodeksiň 322-nji maddasynda göz öňünde tutulan talaplar boýunça jogapkärçiligi, ätiýaçlandyryjynyň şu bölümde bellenilen düzgünlere laýyklykda, şol şahsyň jogapkärçiligi nähili derejede ätiýaçlandyrylan bolsa, şol derejede çäklendirilmegine haky bardyr.

4. Jogapkärçiligi çäklendirmäge gönükdirilen hereket jogapkärçiligiň ykrar edilendigini aňlatmaýar.

### 322-nji madda. Jogapkärçiligi çäklendirilip bilinjek talaplar

1. Eger şu Kodeksiň 323-nji maddasynda bellenilen düzgünler berjaý edilen ýagdaýlarda, jogapkärçiligi çäklendirmek jogapkärçiligiň nämä esaslanýandygyna garamazdan, şu aşakdaky talaplar boýunça ulanylýar:

1) gämidäki şahsyň saglygyna şikes ýetirilmegi, ölümi bilen ýa-da gämidäki emläge zyýan ýetirilmegi bilen, şol sanda port desgalaryna, suw basseýnlerine, gämi gatnaw ýollaryna we nawigasion enjamlar serişdelerine zeper ýetirilmegi bilen ýa-da gönüden-göni gäminiň ulanylyşy bilen ýa-da halas ediş işleri bilen baglanyşykly, şeýle indiki zyýan çekmeleriň öwezini dolmak bilen baglanyşykly talaplar;

2) deňiz arkaly ýük daşalanda, ýolagçylar gatnadylanda we olaryň goşy daşalanda, olary eltmegiň möhletiniň geçirilmegi netijesinde, çekilen zyýanyň öwezini dolmak talaby;

3) baglaşylan şertnama sebäpli döremeýän, gämini ulanmak ýa-da halas ediş işleri bilen göniden-göni baglanyşykly ýüze çykan hukuklaryň bozulmagy netijesinde çekilen gaýry zyýanyň öwezini dolmak talaby;

4) çekilen zyýan üçin jogap berýän şahsdan başga bir şahsyň zyýan çekmeginiň öňüni almak ýa-da ony azaltmak boýunça gören çäreleri netijesinde, çekilen zyýan üçin hem-de şeýle çäreler netijesinde indiki çekiljek zyýan üçin muňa jogapkär şahsyň şu bölümde bellenilen düzgünlere laýyklykda, öz jogapkärçiligini çäklendirip biljek talaby.

2. Şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan talaplar, eger hatda olar regres tertibinde bildirilen bolsa-da ýa-da şertnamadan gelip çykan, ýa-da başga hili gelip çykan kepiller esasynda bildirilen bolsa-da, jogapkärçiligiň çäklendirilmegine gabat gelýärler. Şu maddanyň birinji böleginiň 4-nji bendinde göz öňünde tutulan talaplar, çekilen zyýan üçin jogapkär şahs bilen baglaşylan şertnama boýunça näçe derejede sylaga degişli bolsa, şol derejede hem jogapkärçiligiň çäklendirilmegine gabat gelmeýär.

3. Zyýan çekilmegi üçin jogapkär şahsyü, eger-de zyýan çekilme onuň gödek seresapsyzlygy netijesinde ýa-da bilkastlaýyn amala aşyran hereketiniň (hereketsizliginiň) netijesinde ýüze çykandygy subut edilse, jogapkärçiligini çäklendirmäge haky ýokdur.

**323-nji madda. Jogapkärçiligiň çäklendirilmegine girizilmeýän halatlar**

Şu bölümde bellenilen düzgünler:

1) halas ediş işiniň amala aşyrylanlygy üçin berilýän sylaglar, şol sanda şu Kodeksiň 310-njy maddasyna laýyklykda, ýörite öwez dolmasy ýa-da umumy awariýa boýunça gatanjyň tölenmegi;

2) gämilerden syrygýan nebit bilen hapalanmadan ýa-da şu Kodeksiň 293-nji maddasynyň 5-nji bendine laýyklykda, howply we zyýanly maddalaryň deňiz arkaly daşalmagy bilen baglanyşykly hapalanmadan çekilen zyýanyň öwezini dolmak;

3) ýadro zyýanynyň öwezini dolmak;

4) gark bolan gämini, şeýle-de şol gäminiň bortundaky bar bolan ýa-da öň bolan ähli zatlary suwdan çykarmak ýa-da ýok etmek bilen baglanyşykly;

5) gämiden alnan ýüki başga ýere geçirmek, ýok etmek ýa-da zyýansyzlandyrmak bilen baglanyşykly;

6) eger gämä eýelik edýän ýa-da halas ediji we şeýle işgärler bilen baglaşylan zähmet şertnamasy boýunça Türkmenistanyň kanunçylygy ulanylýan bolsa, wezipeleri we borçlary gämi ýa-da halas ediş işleri bilen baglanyşykly bolan gämä eýelik edýäniň işgärleriniň ýa-da halas edijiniň janyna, saglygyna ýetirilen, şeýle-de şol işgärleriň mirasdüşerlerine, olaryň eklenjinde duran şahslara ýa-da olardan eklenç puluny almaga hukugy bolan şahslara ýetirilen zyýanlaryň öwezini dolmak;

7) eger gämä eýelik edýän we ýolagçy Türkmenistanyň edara görnüşindäki taraplary ýa-da raýatlary bolup durýan bolsalar, şeýle halatlarda gämidäki ýolagçylaryň janyna ýa-da saglygyna ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak;

8) eger gämä eýelik edýän we raýat ýa-da halas ediji we raýat Türkmenistanyň edara görnüşindäki taraplary ýa-da raýatlary bolup durýan bolsalar, gämini ulanmak bilen ýa-da halas ediş işleri bilen göniden-göni baglanyşykly bolan, raýatyň janyna, saglygyna ýa-da emlägine ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak, boýunça talaplara ulanylmaýar.

**324-nji madda. Garşylyklaýyn talap**

Eger jogapkärçiligiň çäklendirilmegine haky bar bolan şahs, şol bir hadysa sebäpli ýüze çykýan garşylyklaýyn talaby özüne bildiren şahsa garşylyklaýyn talaby bildirýän bolsa, olaryň özara talaplarynyň pulunyň möçberi hasaba alynmalydyr hem-de şu bölümde bellenilen düzgünler diňe galyndy emele gelende şonuň üçin ulanylýar.

**325-nji madda. Jogapkärçiligiň umumy çäkleri**

1. Şu Kodeksiň 326-njy maddasynda görkezilen we şol bir hadysadan ýüze çykan talaplardan gaýry talaplar boýunça jogapkärçiligiň çäkleri aşakdaky ýaly hasaplanylýar:

1) adamyň janyna we saglygyna ýetirilen zyýanyň öwezini dolmagyň talaplary boýunça:

a) 2 million hasaplaşyk birlikleri - sygymlylygy 2000 tonnadan köp bolmadyk gämi üçin;

b) sygymlylygy 2000 tonnadan köp bolan gämi üçin - şu bendiň "a" kiçi bendinde görkezilen möçberiň indiki her tonna sygymlylygynyň üstüne şeýle goşulýar:

- 2001 tonnadan 30000 tonna çenli - 800 hasaplaşyk birlikleri;

- 30001 tonnadan 70000 tonna çenli - 600 hasaplaşyk birlikleri;

- 70000 tonnadan ýokary - 400 hasaplaşyk birlikleri;

2) beýleki islendik talaplar boýunça:

a) 1 million hasaplaşyk birlikleri - sygymlylygy 2000 tonnadan köp bolmadyk gämi üçin;

b) sygymlylygy 2000 tonnadan köp bolan gämi üçin indiki her bir tonna sygymlylyk üçin şu bendiň "a" kiçi bendinde görkezilen puluň möçberiniň üstüne şeýle goşulýar:

- 2001 tonnadan 30000 tonna çenli - 400 hasaplaşyk birlikleri;

- 30001 tonnadan 70000 tonna çenli - 300 hasaplaşyk birlikleri;

- 70000 tonnadan ýokary - 200 hasaplaşyk birlikleri.

2. Eger şu maddanyň birinji böleginiň 1-nji bendine laýyklykda, raýatyň janyna ýa-da saglygyna ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak talaplary boýunça hasaplanylan puluň möçberi şeýle talaplary doly tölemek üçin ýeterlik bolmasa, onda adamyň janyna ýa-da saglygyna ýetirilen zyýanyň öwezini dolmaklyk üçin, şu maddanyň birinji böleginiň ikinji bendine laýyklykda, beýleki islendik talaplar boýunça hasaplanylan jem peýdalanylýar, ol bolsa beýleki talaplar bilen birlikde proporsional esasda kanagatlandyrylýar.

3. Eger halas ediji halas ediş işleri boýunça özüniň hyzmat edýän gämisinden hereket etmeýän ýa-da diňe gamiden hereket edýän bolsa, halas edijiniň jogapkärçiliginiň çägi sygymlylygy 2000 tonna bolan gämiden ugur alnyp hasaplanylýar.

4. Sygymlylygy 300 tonnadan az bolan gämi üçin, jogapkärçiligin çägi şu maddanyň birinji böleginiň 2-nji bendinde göz öňünde tutulan talaplar boýunça, sygymlylygy 2000 tonnadan köp bolmadyk gämi üçin bellenilen jogapkärçiligiň altydan bir bölegine deň bolan möçberde hasaplanylýar.

**326-njy madda. Ýolagçylaryň talaplary boýunça jogapkärçiligiň çägi**

1. Şol bir hadysanyň döreden, gäminiň ýolagçylarynyň janyna ýa-da saglygyna ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak talaplary boýunça, gämä eýelik edýäniň jogapkärçiliginiň çägi, ýolagçy şahadatnamasy esasynda gämide gatnamaga rugsat berlen ýolagçylaryň sanyna köpeldilen 175 müň hasaplaşyk birliklerinden ybaratdyr.

2. Şu maddanyň düzgünlerine laýyklykda, gämidäki ýolagçylaryň janyna ýa-da saglygyna ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak talaplary, şeýle gämide gatnadylan islendik şahs tarapyndan ýa-da islendik şahsyň adyndan bildirilen talaplar bolup durýar, ýagny:

1) deňiz arkaly ýolagçy gatnatmak şertnamasy boýunça;

2) deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasy boýunça, ýany bilen awtoulagyny ýa-da haýwanlary äkitmäge ýük daşaýjynyň razylyk bermegi baradaky talaplar.

**327-nji madda. Talaplaryň birikdirilmegi**

1. Şu Kodeksiň 325-nji maddasyna laýyklykda bellenilen jogapkärçiligiň çäkleri şol bir hadysadan gelip çykan ähli talaplaryň tutuş jemi boýunça aşakdakylara ulanylýar:

1) gämä eýelik edýäniň, şeýle-de hereketi (hereketsizligi) üçin gämä eýelik edýäniň jogapkärçilik çekýän islendik şahsyna;

2) halas ediş işleri geçirilýän gämä eýelik edýäne, halas ediş işleri boýunça özüniň hyzmat edýän gämisinden hereket etmeýän ýa-da gämiden hereket edýän halas edijiniň (halas edijileriň), şeýle-de hereketi (hereketsizligi) üçin gämä eýelik edýäniň ýa-da halas edijiniň (halas edijileriň) jogapkärçilik çekýän islendik şahsa;

3) gämiden hereket etmeýän ýa-da diňe gämide hereket edip, oňa halas ediş hyzmatlaryny edýän halas edijä (halas edijilere), şeýle-de hereketi (hereketsizligi) üçin jogapkärçiligi halas ediji (halas edijiler) çekýän şahsa.

2. Şu Kodeksiň 326-njy maddasynda bellenilen jogapkärçiligiň çäkleri, şol bir hadysadan gelip çykýan ähli talaplaryň tutuş jemine, gämä eýelik edýäne, şeýle-de hereketi (hereketsizligi) üçin gämä eýelik edýän jogapkärçilik çekýän şahs babatda ulanylýar.

**328-nji madda. Jogapkärçiligi çäklendiriş gaznasynyň döredilmegi**

1. Öz üstüne jogapkärçilik ýüklenen şahsyň, eger kazyýetde ýa-da arbitraž kazyýetde oňa talap bildirilip, şol talap boýunça özüniň jogapkärçiligi çäklendirilip bilinjek bolsa, şol şahsyň kazyýetde ýa-da arbitraž kazyýetde jogapkärçiligi çäklendiriş gaznasyny döretmäge haky bardyr.

2. Jogapkärçiligi çäklendirmek boýunça döredilýän gaznanyň pulunyň möçberi şu Kodeksiň 325-nji we 326-njy maddalaryna laýyklykda, jogapkärçilige getiren hadysanyň bolan gününden beýläk, şeýle gaznanyň döredilen gününe çenli şol puluň möçberine göterimler bilen bilelikde hasaplanylýar.

3. Jogapkärçiligi çäklendiriş gaznasy diňe jogapkärçiliginiň çäklendirilmegi mümkin bolan talaplary tölemek üçin döredilýär.

4. Jogapkärçiligi çäklendiriş gaznasy şu maddanyň ikinji böleginde görkezilen pul möçberini kazyýetiň ýa-da arbitraž kazyýetiň hasabyna geçirmek arkaly ýa-da bank kepilligini ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda kazyýet ýa-da arbitraž kazyýet tarapyndan ýeterlik diýlip ykrar edilen maliýe üpjünçiliginiň gaýry görnüşiniň berilmegi arkaly döredilip bilner.

5. Eger şol bir bolan hadysa sebäpli ýüze çykyp biljek talaplar boýunça, birnäçe gämä eýelik edýänleriň ýa-da halas edijileriň jogapkärçiligi çäklendirmäge haky bar bolsa, şol şahslaryň biri tarapyndan döredilen jogapkärçiligi çäklendiriş gaznasy gämä eýelik edýänleriň ýa-da halas edijileriň ählisi tarapyndan döredilen diýlip ykrar edilýär.

**329-njy madda. Jogapkärçiligi çäklendiriş gaznasynyň paýlanylyşy**

1. Diňe jogapkärçiligi çäklendiriş gaznasy döredilen kazyýetiň ýa-da arbitraž kazyýetiň ony paýlamak boýunça meseleleri çözmäge haky bardyr.

2. Jogapkärçiligi çäklendiriş gaznasy, talaplary bar bolan şahslaryň arasynda olaryň gazna bolan talaplarynyň bellenilen pul möçberine proporsional paýlanylýar.

3. Eger jogapkärçiligi çäklendiriş gaznasy paýlanylýança, talap boýunça jogapkär şahs ýa-da onuň ätiýaçlandyryjysy, şol gazna baradaky talap boýunça öwez dolmasyny tölän bolsalar, şeýle şahs şu bölümde bellenilen düzgünler esasynda, öwez dolmasyny alan

şahsda bolup biljek subrogasiýa tertibinde, onuň tölän pulunyň çäklerindäki hukuga eýe bolýar.

**330-njy madda. Gazna döretmezden, jogapkärçiliginiň çäklendirilmegi**

Gämä eýelik edýäniň we halas edijiniň şu Kodeksiň 328-nji maddasynda göz öňünde tutulan jogapkärçiligi çäklendiriş gaznasyny döretmezden, öz jogapkärçiligini çäklendirmäge haky bardyr. Şeýle halatda degişli suratda şu Kodeksiň 329-njy maddasynyň düzgünleri ulanylýar.

**331-nji madda. Beýleki talap arzalary üçin päsgelçilikler**

1. Jogapkärçiligi çäklendiriş gaznasy döredilen halatynda, çekilen zyýanyň öwezini dolmagy talap edýän hiç bir şahsyň şeýle talaby şeýle gaznany döreden şahsyň ýa-da şahslaryň haýsydyr bir başga emläginiň hasabyna kanagatlandyrylmagyny talap etmäge haky ýokdur. Şunda ýokarda görkezilen şahsa ýa-da şahslara degişli bolan we gazna boýunça bildirilip bilinjek talaplar boýunça tussag edilen, ýa-da özlerinde jogapkärçiligi çäklendiriş gaznasy döredilen, berlen üpjünçilik kazyýetiň ýa-da arbitraž kazyýetiň çözgüdi boýunça boşadylmaga degişlidir.

2. Şu maddada bellenilen düzgünler, eger talaby bolan şahsyň jogapkärçiligi çäklendiriş gaznasyna ygtyýarlyk edýän kazyýete ýa-da arbitraž kazyýete jogapkärçiligi çäklendiriş gaznasy boýunça talap bildirip biljek bolsa, onda gazna hakykatdan-da şeýle talaby kanagatlandyrmak üçin peýdalanylyp bilinjek bolsa, ulanylýar.

**332-nji madda. Şu bölümde bellenilen düzgünleriň ulanylýan çygry**

1. Şu bölümde bellenilen düzgünler şu aşakdakylara hem degişlidir:

1) harby gämileri, harby-kömekçi gämileri we serhet gämileri hasaba almazdan, Türkmenistanyň eýeçiliginde durýan ýa-da talabyň ýüze çykan pursatynda, diňe täjirçilige degişli bolmadyk, hökümet gullugy üçin ulanylýan we peýdalanylýan gämilere;

2) burawlaýyş işleri üçin gurlan ýa-da taýýarlanylan we şeýle işleri amala aşyrýan gämilere.

2. Şu bölümde bellenilen düzgünler aşakdakylara degişli ulanylmaýar:

1) howa ýassygy bilen hereket edýän gämilere;

2) deňziň düýbündäki ýa-da ýer astyndaky mineral baýlyklary we beýleki organiki däl baýlyklary gözlemek ýa-da gazyp almak üçin niýetlenilen ýüzüji platformalar.

## XXII BÖLÜM. GÄMÄ DEŇIZ GIREWI.

## GÄMINIŇ ÝA-DA GURULÝAN GÄMINIŇ IPOTEKASY

## 1 bap. Gämä deňiz girewi

### 333-nji madda. Gämä deňiz girewini üpjün edýän talaplar

1. Gämä eýelik edýäne bolan talaplar gämä deňiz girewi bilen şu aşakdakylar bilen baglanyşyklylykda üpjün edilýär:

1) gäminiň kapitanynyň we gäminiň ekipaž agzalaryna olaryň gäminiň bortunda işlän işleri üçin, olara tölenilmeli iş haklary we beýleki pullar, şol sanda gäminiň kapitanynyň we gäminiň ekipažynyň beýleki agzalarynyň adyndan durmuş ätiýaçlandyrmasy boýunça gatançlar we repatriasiýa üçin çykarylan çykdajylar;

2) gury ýerde ýa-da suwda raýatyň janyna, saglygyna ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak boýunça, eger munuň özi gäminiň ulanylmagy bilen gönüden-göni baglanyşykly bolsa;

3) gäminiň halas edilenligi üçin sylag;

4) şu Kodeksde göz öňünde tutulan port ýygymlaryny, şeýle hem beýleki gämi gatnaw ýollaryndaky ýygymlaryny tölemek boýunça;

5) gämi ulanylanda, onda daşalýan ýüklerden, konteýnerlerden we ýolagçylaryň goşundan beýleki emlägiň ýitirilmegi ýa-da oňa zeper ýetirilmegi netijesinde, gämä ýetirilen hakyky zyýanyň öwezini dolmak barada.

2. Eger şeýle talaplar aşakdaky ýagdaýlaryň netijesinde ýüze çykýan bolsa, gämi barada şu maddanyň birinji böleginiň 2-nji we 5-nji bentlerinde göz öňünde tutulan talaplar gämä deňiz girewi bilen üpjün edilmeýär:

1) şu Kodeksiň XIX bölüminde bellenilen düzgünlere laýyklykda, gämilerden syrygýan nebit bilen hapalanmakdan çekilen zyýan ýa-da howply we zyýanly maddalaryň deňiz arkaly daşalmagyndan çekilen zyýan sebäpli;

2) ýadro ýangyjynyň radioaktiw häsiýetleriniň ýa-da radioaktiw önümleriň we galyndylaryň täsiri, ýa-da olaryň beýleki howply häsiýetleri bilen utgaşykdaky radioaktiw häsiýetleriň täsiri netijesinde.

*(2014-nji ýylyň 1-nji martyndakyTürkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda-Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., № 1, 49-njy madda)*

### 334-nji madda. Gämä deňiz girewi üpjün edilen talaplaryň ileri tutulyp kanagatlandyrylmagy

Şu Kodeksiň 352-nji maddasynyň üçünji böleginde göz öňünde tutulan talaplardan başga, gämä deňiz girewi üpjün edilen borçnamalardan gelip çykýan talaplar şu Kodeksiň 333-nji maddasynyň birinji bölegine laýyklykda, ähli beýleki talaplara garanda, ileri tutulyp kanagatlandyrylmaga degişlidir.

**335-nji madda. Gämä deňiz girewi üpjün edilen talaplary kanagatlandyrmagyň nobatlylygy**

1. Gämä deňiz girewi bilen üpjün edilen talaplar şu Kodeksiň 333-nji maddasynyň birinji bölegine laýyklykda, sol görkezilen bölekde bolmalysy ýaly nobat boýunça kanagatlandyrylýar.

Gäminiň halas edilenligi üçin pul bilen sylaglamak talaplary, gämä deňiz girewi hukugyny berýän halas ediş işleriniň geçirilmeginden öň ýüze çykan, deňiz girewi bilen üpjün edilen ähli beýleki talaplardan öň kanagatlandyrylýar.

2. Şu Kodeksiň 333-nji maddasynyň birinji böleginiň 1, 2, 4 we 5-nji bentlerine laýyklykda, gämä deňiz girewi üpjün edilen talaplar, talabyň möçberine proporsional olaryň her nobatyň çäklerinde kanagatlandyrylýar.

3. Özi babatda deňiz girewi üpjün edilen gäminiň halas edilenligi üçin sylaga talaplar şu Kodeksiň 333-nji maddasynyň birinji böleginiň 3-nji bendine laýyklykda, şeýle talaplaryň ýüze çykmagynyň yza gaýtma wagty tertibinde, nobatyň çäklerinde kanagatlandyrylmalydyr. Talap halas ediş işiniň tamamlanan pursatynda ýüze çykan hasap edilýär.

**336-njy madda. Gämä deňiz girewiniň aýratynlygy**

Gäminiň mejbury satylmagy bolaýmasa, gämä deňiz girewi gämä eýeçilik hukugynyň başga eýä geçenligine, onuň bellige alynmagynyň üýtgänligine ýa-da gäminiň baýdagynyň çalşyrylanlygyna garamazdan, gämä borç ýüklenmesini dowam etdirýär.

**337-nji madda. Gämä deňiz girewiniň bes edilmegi**

1.Gämä deňiz girewi bilen üpjün edilen, şu Kodeksiň 333-nji maddasynyň birinji böleginde göz öňünde tutulan talaplaryň ýüze çykan gününden beýläk, bir ýyl geçenden soň ýatyrylýar, eger ýokarda görkezilen möhlet tamamlanýança gämi mejbury ýagdaýda satylmaga alyp baran tussag edilmä sezewar edilmedik bolsa.

2. Şu maddanyň birinji böleginde bellenilen möhlet aşakdaky ýaly hasaplanylýar:

1) gämä deňiz girewi bilen üpjün edilen talaplar boýunça şu Kodeksiň 333-nji maddasynyň birinji böleginiň 1-nji bendine laýyklykda, gäminiň ekipaž agzasynyň gämide işlemekden boşatmak hakyndaky talap bildirip, onuň işden boşadylan pursatyndan;

2) şu Kodeksiň 333-nji maddasynyň birinji böleginiň 2-nji we 5-nji bentlerine laýyklykda, şeýle talabyň ýüze çykan pursatyndan.

3. Görkezilen möhletiň geçip başlamagy Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, gäminiň tussag edilmegine ýol berilmeýän döwre wagtlaýyn togtadylýar.

**338-nji madda. Talaplaryň başga birine geçirilmegi ýa-da geçmegi**

1. Gämä deňiz girewi üpjün edilen talaplaryň başga birine geçirilen ýa-da şeýle geçen pursatyndan gämä deňiz girewi hukugynyň başga birine geçirilen ýa-da ýöne geçme pursaty başlanýar.

2. Gämä deňiz girewi hukugy bolan, raýatyň janyna ýa-da saglygyna ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak talaplary hem-de deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasy boýunça gämmiň eýesine tölenilmeli ätiýaçlandyrma öwezini dolmak talaplary bolan şahsa, talaplaryň geçmegine ýol berilmeýär.

**339-njy madda. Gämini ýa-da gurulýan gämini tutup saklamak hukugy**

1. Gäminiň gurulmagy, şeýle-de gäminiň abatlanmagy ýa-da üýtgedilip gurulmagy sebäpli ýüze çykýan talaplary üpjün etmek maksady bilen, gämi gurujy we gämi abatlaýjy guramanyň (potratçynyň) gäminiň bu guramalaryň eýeçiliginde durýan döwründe şol gämini saklamaga haklary bardyr.

2. Şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan gämini tutup saklamak hukugy gäminiň gämi gurujy ýa-da gämi abatlaýyş guramasynyň (potratçynyň) eýeçiliginden çykan pursatynda, eger munuň özi onuň tussag edilmeginiň netijesi bolmasa, ýatyrylýar.

3. Gämi ýa-da gurulýan gämi mejbury satylan halatynda, gämi gurujy we gämi abatlaýyş guramasynyň (potratçy) şu Kodeksiň 352-nji maddasynyň dördünji bölegine laýyklykda, şeýle gämini satmakdan düşen pulun hasabyna öz talaplaryny kanagatlandyrmaga haky bardyr.

## 2 bap. Gäminiň ýa-da gurulýan gäminiň ipotekasy

**340-nji madda. Gäminiň ýa-da gurulýan gäminiň ipotekasynyň bellenmegi**

1. Gäminiň ýa-da gurulýan gäminiň ipotekasy gäminiň ýa-da gurulýan gäminiň eýesi (girew beriji) bilen karz pul berijiniň (girew saklaýjynyň) arasynda şertnama baglaşylyp, ony soňra şu Kodeksiň 342-nji we 343-nji maddalaryna laýyklykda bellige almak arkaly pul borçnamasyny üpjün etmek üçin ulanylýar.

2. Gämi boýunça hojalygy ýöretmek hukugy bolan şahs hem gäminiň eýesiniň razylygy bilen, gäminiň ýa-da gurulýan gäminiň ipotekasynyň girew saklaýjysy bolup biler.

**341-nji madda. Gäminiň ýa-da gurulýan gäminiň ipotekasyna degişli zatlar**

1. Eger şertnamada başgasy göz öňünde tutulmadyk bolsa, gäminiň ipotekasy, şol bir eýä degişli bolan gäminiň esbaplaryna şeýle-de gäminiň heläk bolmagyna we oňa zeper ýetmegine jogapkärçilik şertlerinde gäminiň deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasyna degişli bolýar.

2. Gäminiň ipotekasy frahta degişli däldir.

3. Eger şertnamada başgasy göz öňünde tutulmadyk bolsa, gurulýan gäminiň ipotekasy gämini gurmak üçin niýetlenen hem-de gurluşyk guramasynyň ýerleşýän ýerinde duran we bildirmez ýaly ýa-da gaýry usul bilen identifisirlenen materiallara hem-de enjamlara degişlidir, şeýle-de gurulýan gäminiň heläk bolanlygy we oňa zeper ýetirenligi üçin jogapkärçilik çekmek şertlerinde, gurulýan gäminiň deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasy boýunça ätiýaçlandyrma öwez dolmasyna degişlidir.

4. Eger ipoteka iki we şondan köp gämiler ýa-da gurulýan gämiler degişli bolsa, onda olaryň her biri aýratynlykda ýa-da olaryň hemmesi bilelikde, her bir gäminiň borçlary üpjün etmegiň möçberi hakyndaky ylalaşygyň ýok wagtynda, aýralynlykda borçlary doly möçberde üpjün etmek boýunça hyzmat edýär.

**342-nji madda. Gäminiň ýa-da gurulýan gäminiň ipotekasynynyň bellige alynmagy**

1. Gäminiň ipotekasy gäminiň bellige alnan sanawynda bellige alynýar.

2. Şu Kodeksiň 12-nji maddasynyň dördünji bölegine laýyklykda, Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň astynda ýüzmäge wagtlaýyn belli bir möhlete hukuk berlen daşary ýurt gämisiniň ipotekasy Türkmenistanda bellige alnyp bilinmez.

3. Gurulýan gäminiň ipotekasy gurulýan gämä eýeçilik hukugynyň bellige alnan gurulýan gämileriň sanawynda bellige alynýar.

Gurulýan gämä eýeçilik hukugy, gäminiň kiliniň oturdylan ýa-da bilermeniň gelen netijesi bilen tassyklanylan, şonuň deň derejedäki gurluşyk işleriniň başlanan pursatyndan gämileriň sanawynda bellige alnyp bilner. Gurulýan gämä eýeçilik hukugy bellige alnanda, degişli şahadatnama berilýär.

**343-nji madda. Gäminiň ýa-da gurulýan gäminiň ipotekasynyň bellige alnyş tertibi**

1. Gäminiň ýa-da gurulýan gäminiň ipotekasy gämä ýa-da gurulýan gämä eýeçilik hukugy bellige alnandan soň, girew berijiniň arzasy esasynda bellige alynýar.

2. Girew beriji gäminiň ýa-da gurulýan gäminiň ipotekasyny bellige almak hakyndaky arzasynda şu aşakdakylary görkezmelidir:

1) gämini identifisirleýän maglumatlar (gäminiň ady, onuň bellige alnan porty ýa-da ýeri, bellige alnan belgisi, görnüşi we klasy, gäminiň tonnažy) ýa-da gurulýan gämini identifisirleýän maglumatlar (gäminiň gurulýan ýeri, gurluşyk belgisi, gäminiň tipi, gäminiň kiliniň uzynlygy hem-de beýleki esasy ölçegleri, bellige alnan belgisi);

2) ipotekanyň girew berijisiniň ady we salgysy;

3) ipotekanyň girew saklaýjysynyň ady we salgysy ýa-da onuň görkezijä bellenilenligi hakyndaky maglumatlar;

4) ipoteka bilen üpjün edilen borçnamanyň iň ýokary ölçegi, iki ýa-da şondan köp gämileri ýa-da gurulýan gämiler üçin ipoteka bellenilende - taraplaryň ylalaşygy bar bolanda, her gämi tarapyndan aýratynlykda borçnamanyň üpjün edýän ölçegi;

5) gäminiň ýa-da gurulýan gäminiň ipotekasynyň tamamlanýan senesi.

Gäminiň ýa-da gurulýan gäminiň ipotekasyny bellige almak hakynda girew berijisiniň arzasynyň ýanyna gäminiň ýa-da notarial teitipde tassyklanan degişli resminamalar görkezilen, gurulýan gäminiň ipotekasy hakyndaky şertnama goşulýar.

3. Gäminiň ýa-da gurulýan gäminiň ipotekasyny bellige almak üçin, ipotekany bellige almaklyga zerur bolan resminamalaryň hukuk bilermen seljermesi (ekspertizasy) geçirilýär.

Eger gäminiň ýa-da gurulýan gäminiň ipotekasy hakyndaky şertnama ýa-da şeýle şertnamanyň ýanyna goşulýan resminamalar gäminiň ýa-da gurulýan gäminiň ipotekasyny bellige almagyň talaplaryna laýyk gelmeýän bolsa, gäminiň ipotekasyny bellige alýan edaranyň oňa bellige almazlyga haky bardyr.

4. Gäminiň ýa-da gurulýan gäminiň ipotekasy bellige almak hakyndaky arzanyň alnan gününde bellige alynýar.

Döwlet gämi sanawyna, gämi kitabyna ýa-da gurulýan gämileriň sanawyna şu maddanyň ikinji bölegine laýyklykda, bellige almak hakyndaky arzada görkezilen ähli maglumatlar girizilýär.

Gäminiň ýa-da gurulýan gäminiň ipotekasyny bellige alýan edara Döwlet gämi sanawynda, gämi kitabynda ýa-da gurulýan gämileriň sanawynda ýazylan ýazgylara laýyklykda, girew berijä we girew saklaýja Suw ulaglary boýunça ygtyýarly edaranyň gäminiň ýa-da gurulýan gäminiň ipotekasyny bellige almak hakyndaky şahadatnamanyň Döwlet gämi sanawyndaky, gämi kitabyndaky ýa-da gurulýan gämileriň sanawyndaky ýazgylara laýyklykdaky nusgasyny bermelidir.

5. Gäminiň ýa-da gurulýan gäminiň ipotekasynyň bellige alnanlygy üçin tölenmeli töleg we şu maddanyň altynjy bölegine laýyklykda, maglumat bermegiň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýär.

6. Döwlet gämi sanawy, gämi kitaby ýa-da gäminiň ýa-da gurulýan gäminiň ipotekasy bellige alynýan gurulýan gämileriň sanawy we bellige alýan edaralara bermäge degişli bolan resminamalar açyk hasaplanýar we gyzyklanýan şahsyň olardan göçürmeleri we şeýle resminamalaryň nusgasyny almaga haky bardyr.

7. Gäminiň ipotekasy bellige alnanda, bu barada gämi resminamalaryna haýsydyr bir ýazgy girizmeklik talap edilmeýär.

**344-nji madda. Gäminiň ýa-da gurulýan gäminiň ipotekasynyň girew saklaýjysynyň bähbitleriniň goralmagy**

Döwlet gämi sanawynda, gämi kitabynda ýa-da gurulýan gämileriň sanawynda bellige alnan ipoteka hakykatda kimiň peýdasyna bellige alnan bolsa, onuň peýdasyna bellige alnan diýlip hasap edilýär we Döwlet gämi sanawynda, gämi kitabynda we gurulýan gämileriň sanawynda edilen ähli ýazgylar eger gaýry bellige alynmadyk bolsa, hakyky diýlip hasap edilýär.

**345-nji madda. Gäminiň ýa-da gurulýan gäminiň ipotekasy bilen üpjün edilen borçnamalardan gelip çykýan talaplaryň ileri tutulyp kanagatlandyrylmagy**

1. Gäminiň bellige alnan ipotekasy bilen üpjün edilen borçnamalardan gelip çykýan talaplar beýleki ähli talaplara garanda, ileri tutulyp kanagatlandyrylmaga degişlidir, ýöne muňa şu Kodeksiň 333-nji maddasynyň birinji böleginde hem-de 352-nji maddasynyň üçünji we dördünji böleklerinde göz öňünde tutulan talaplar girmeýär.

2. Gurulýan gäminiň bellige alnan ipotekasy bilen üpjün edilen borçnamalardan gelip çykýan talaplara garanda, başga hiç hili talaplar ileri tutulyp kanagatlandyrylmaga degişli däldir, ýöne muňa şu Kodeksiň 352-nji maddasynyň dördünji böleginde göz öňünde tutulan talaplar girmeýär.

**346-njy madda. Gäminiň ýa-da gurulýan gäminiň ipoteka bilen üpjün edilen borçnamalardan gelip çykýan talaplaryň öz aralarynda kanagatlandyrylmagynyň nobatlylygy**

1. Eger iki ýa-da şondan köp ipoteka şol bir gämi ýa-da gurulýan gämi üçin bellige alnan bolsa, ipoteka bilen üpjün edilen borçnamalardan gelip çykýan talaplaryň kanagatlandyrylmagynyň nobatlylygy öz aralarynda olary bellige almagyň senesi bilen kesgitlenilýär. Öň bellige alnan ipoteka soňky wagtda bellige alnan ipoteka garanda ileri tutulýar. Bir günde bellige alnan ipotekalaryň güýçleri deňdir.

2. Gäminiň ýa-da gurulýan gäminiň ipoteka bilen üpjün edilen borçnamalardan gelip çykýan talaplary kanagatlandyrmagyň şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan nobatlylygy girew beriji bilen girew saklaýjynyň ylalaşygy esasynda üýtgedilip bilner. Şeýle ylalaşyk Döwlet gämi sanawynda, gämi kitabynda ýa-da gurulýan gämileriň sanawynda bellige alynmaga degişlidir.

**347-nji madda. Gäminiň ýa-da gurulýan gäminiň ipoteka şertnamasy boýunça hukuklarynyň başga birine berilmegi**

1. Girew saklaýjynyň gäminiň ýa-da gurulýan gäminiň ipotekasyny diňe üpjün edilen pul borçnamalary bilen bilelikde başga şahsa geçirmäge haky bardyr. Olaryň biriniň beýlekisiz geçirmegine ýol berilmeýär.

2. Gäminiň ýa-da gurulýan gäminiň ipotekasynyň birine geçmegi amala aşyrylanda, ipotekanyň bellige alnan Döwlet gämi sanawyna, gämi kitabyna ýa-da gurulýan gämileriň sanawyna şol ipotekanyň birine geçirilen senesi we öz peýdasyna geçiren şahsyň ady hem-de salgysy hakynda ýazgy girizilýär.

**348-nji madda. Ipoteka bilen üpjün edilen gämini ýa-da gurulýan gämini abat saklamak**

1. Girew beriji ipoteka bilen üpjün edilen gämini ýa-da gurulýan gämini abat we aýawly saklamak boýunça degişli çäreleri görmäge borçludyr.

2. Eger şeýle borjuň ýerine ýetirilmezligi gäminiň ýa-da gurulýan gäminiň ep-esli derejede gymmatyny gaçyrýan bolsa, girew saklaýjynyň hatda borçnamalary ýerine ýetirmegiň möhletiniň başlanmanlygyna garamazdan, mejbury tertipde gäminiň ýa-da gurulýan gäminiň ipotekasyny amala aşyrmaga haky bardyr.

**349-nji madda. Gämä ýa-da gurulýan gämä eýeçilik hukugynyň başga eýä geçmegi ýa-da bellige almagyň üýtgemegi**

1. Eger gäminiň ýa-da gurulýan gäminiň bellige alnan ähli ipotekalary öňünden kanagatlandyrylmadyk bolsa ýa-da ähli girew saklaýjylaryň razylygy ýazmaça görnüşde alynmadyk bolsa, şu Kodeksiň 351-nji we 352-nji maddalaryna laýyklykda, gäminiň ýa-da gurulýan gäminiň mejbury satylýan halatlaryndan beýleki ähli halatlar gäminiň Döwlet gämi sanawyndan ýa-da gämi kitabyndan, ýa-da gurulýan gämä eýeçilik hukugynyň gurulýan gämileriň sanawyndan çykarylmagyna getirse, bellige alýan edaranyň gämini ýa-da gurulýan gämä eýeçilik hukugyna degişli sanawlardan çykarmaga hakly däldir.

2. Eger gäminiň Döwlet gämi sanawyndan ýa-da gämi kitabyndan ýa-da gurulýan gämä eýeçilik hukugynyň gurulýan gämileriň sanawyndan çykarylmagy meýletin satmak halatlaryndan başga halatlarda hökmany bolsa, bellige alýan edara girew saklaýjylaryň öz bähbitlerini goramak boýunça degişli çäreleri görmekleri üçin, olara gäminiň ýa-da gurulýan gämä eýeçilik hukugynyň degişli sanawlardan çykaryljakdygy hakynda habar ýollamalydyr. Şolaryň razylygy alynmadyk halatynda, gämi ýa-da gurulýan gämä eýeçilik hukugy göwnejaý wagt geçenden soň, ýöne girew saklaýjylar habarly edilenden azyndan üç aý geçenden soň, degişli sanawlardan çykarylýar.

**350-nji madda. Gämini ýa-da gurulýan gämini mejbury satmagyň esaslary we olary satmagyň tertibi**

Eger girew beriji bergini tölemek borçnamasyny ýerine ýetirmese, onda ipoteka bilen borç ýüklenilen gämi ýa-da gurulýan gämi olaryň tussag edilen ýerinde ýerleşýän kazyýetiň çözgüdi esasynda satylyp bilner.

**351-nji madda. Gämini ýa-da gurulýan gämini mejbury satmak hakynda habar etmek**

1. Gämi ýa-da gurulýan gämi mejbury satylmazdan oň, kazyýet bu barada aşakdykalara habar ibermelidir:

1) gämini bellige alýan edara ýa-da gurulýan gämä eýeçilik hukugyny bellige alýan edara;

2) görkezijä bellenilmedik gäminiň ýa-da gurulýan gäminiň bellige alnan ipotekalaryny ähli girew saklaýjylaryna;

3) görkeziji üçin bellenilen gäminiň ýa-da gurulýan gäminiň bellige alnan ipotekalarynyň ähli girew saklaýjylaryna hem-de şu Kodeksiň 333-nji maddasynyň birinji böleginde göz öňünde tutulan talaplar boýunça gämi boýunça deňiz girewini saklaýjylaryň hemmesine;

4) gäminiň ýa-da gurulýan bellige alnan gäminiň eýesine;

5) gämä haýsy döwletiň baýdagy astynda wagtlaýyn suwda ýüzmäge ygtyýar berlen bolsa, şol döwletdäki gämini bellige alýan edara.

2. Gäminiň ýa-da gurulýan gäminiň mejbury satylmagyny talap edýän şahs gämileriň degişli sanawyndan ýa-da gurulýan gämileriň sanawyndan göçürmäni kazyýete görkezmelidir, şunda onuň ýanyna gäminiň ýa-da gurulýan gäminiň bellige alnan ipotekalarynyň girew saklaýjylarynyň atlary we salgylary ýazylan goşmaça-da goşulmalydyr.

3. Gämini ýa-da gurulýan gämini mejbury satmak hakyndaky habar onuň mejbury satylmagyna azyndan otuz gün galanda iberilýär we onda şu aşakdakylar görkezilýär:

1) mejbury satylmagynyň wagty we ýeri hakyndaky maglumatlar hem-de mejbury satylmagyna degişli ýa-da mejbury satylmaga alyp barýan ýagdaýlar we özleriniň bähbitlerini goramak maksatlary üçin habarly bolmaklyga hukugy bolan şahslaryň bilmeli bolan maglumatlary;

2) eger mejbury satylmaly wagty we satylmaly ýeri takyk kesgitlenilip bilinmejek bolsa, mejbury satuwy geçirmegiň çak edilýän wagty, çak edilýän ýeri hakyndaky hem-de habarly bolmaga hukugy bolan şahslaryň bähbitlerini goramak üçin mejbury satuwa degişli beýleki maglumatlar.

Eger habar şu bende laýyklykda iberilýän bolsa, mejbury satuw geçirmegiň hakyky wagty we ýeri hakyndaky goşmaça habar şol wagt mälim bolandan soň, ýöne mejbury satuwyň geçirilmegine ýedi gün wagt galmadyk halatynda iberilýär.

4. Mejbury satuw hakyndaky habar şu maddanyň birinji böleginde görkezilen edaralara we şahslara sargyt poçtasy arkaly ýa-da iberilen hatyn-habaryň gowşurylmagyny üpjün edýän islendik elektron ýa-da gaýry degişli serişdeleriň ulanylmagy arkaly iberilýär. Mundan başga-da, mejbury satuwyň geçiriljek ýerinde köpçülikleýin habar beriş

serişdelerinde ýa-da şeýle satuwy amala aşyrýan edaranyň garamagyna görä, beýleki metbugat neşirlerinde çap edilip bilner.

**352-nji madda. Gäminiň ýa-da gurulýan gäminiň mejbury satylmagynyň netijeleri**

1. Gämi ýa-da gurulýan gämi mejbury satylanda, gäminiň ýa-da gurulýan gäminiň bellige alnan ähli ipotekalary, ähli girewler, beýleki islendik kysymdaky borç ýüklenmeler gämi ýa-da gurulýan gämi babatdaky islendik kysymdaky hereketleri ýatyrýarlar, ýöne saklaýjylaryň razylygy bilen satyn alyjynyň öz üstüne alan ipotekalary muňa girmeýär.

2. Gäminiň ýa-da gurulýan gäminiň tussag edilmegi we soňra satylmagy bilen baglanyşykly çekilen çykdyjylar ilkinji nobatda şolary satmakdan düşen pullaryň hasabyna ödelýär. Şol çykdyjylar, hususan-da, gäminiň tussag edilen pursatyndan, gämini we onuň ekipaž agzalaryny saklamak üçin, iş hakyny hem-de şu Kodeksiň 333-nji maddasynyň birinji böleginiň 1-nji bendinde görkezilen beýleki pullary we çykdajylary öz içine alýar. Gäminiň ýa-da gurulýan gäminiň satylmagyndan düşen puluň galyndysy şu bapda bellenilen düzgünlere laýyklykda, degişli talaplary kanagatlandyrmak üçin näçe möçberde zerur bolsa, şonça möçberde paýlanylýar. Ähli şahslaryň bildirýän talaplary kanagatlandyrylandan soň, gämini ýa-da gurulýan gämini satmakdan düşen pul eger galýan bolsa gäminiň eýesine gaýtarylyp berilýär hem-de erkin geçirilip bilner.

3. Deňiz gatnawynyň howpsuzlygyny ýa-da deňiz gurşawyny hapalanmadan goramagy gämi barada deňiz girewi bilen üpjün edilen islendik talaplaryň kanagatlandyrylmagyna üpjün etmek deňiz portunyň administrasiýasy tarapyndan göterip çykarmak işi amala aşyrylýan saýa çöken ýa-da gark bolan gämi mejbury satylanda, şol saýa çöken ýa-da gark bolan gämini göterip çykarmak üçin edilen çykdajylar şol gämini satmakdan düşen puluň hasabyna tölenilýär.

4. Eger gämi ýa-da gurulýan gämi mejbury satylýan pursatynda, gämini saklamak hukugyna eýe bolan gämi gurluşyk ýa-da gämi abatlaýyş guramasynyň (potratçy) eýeçiliginde duran bolsa, şeýle gurama gämä ýa-da gurulýan gämä eýelik etmekden satyn alyjynyň peýdasyna boýun gaçyrmalydyr, şunda şol guramanyň gämini ýa-da gurulýan gämini satmakdan düşen puluň hasabyna öz talabyny kanagatlandyrmaga haky bardyr.

Gämi boýunça deňiz girewi bilen üpjün edilen talaplar bar halatynda şu Kodeksiň 333-nji maddasynyň birinji bölegine laýyklykda, gämi abatlaýyş guramasynda şeýle hukuk şol görkezilen talaplar kanagatlandyrylandan soň ýüze çykýar.

5. Gämi ýa-da gurulýan gämi mejbury satylan halatynda, degişli ygtyýarly edara satyn alyjynyň haýyş etmegine görä, satylan gäminiň ýa-da gurulýan gäminiň hiç bir hili borç ýüklenilýän ipotekalar bilen üpjün edilmänligini tassyklaýan resminama berýär, ýöne girew saklaýjylaryň razylygy bilen öz üstüne satyn alyjynyň alan şeýle ipotekalary muňa girmeýär.

Şeýle resminama berlende, gäminiň ýa-da gurulýan gäminiň ipotekasyny bellige alan organlar degişli gämi ýa-da gurulýan gämiler sanawyndan gämä ýa-da gurulýan gämä bellige alnan, alyjy tarapyndan özüne kabul edilenlerden başga ähli ipotekalary aýyrmaga borçludyrlar.

Eger Türkmenistanyň raýaty ýa-da edara görnüşindäki tarapy gämini satyn alyjy bolsa, gämi ýa-da gurulýan gämä eýeçilik hukugy Türkmenistandaky degişli sanawda şol satyn alyjynyň adyna bellige alynmalydyr.

6. Eger gämi ýa-da gurulýan gämä eýeçilik hukugy Türkmenistanda degişli sanawda bellige alnan bolsa hem-de şeýle gämini ýa-da gurulýan gämini satyn alyjy daşary ýurt raýaty ýa-da edara görnüşindäki tarap bolup durýan bolsalar, onda gämini bellige alýan edara ýa-da eýeçilik hukugyny bellige alýan edara şeýle satyn alyja soňra gäminiň ýa-da gurulýan gäminiň eýeçilik hukugynyň daşary ýurt döwletleriň degişli sanawlarynda bellige alynmagy üçin, gäminiň Döwlet gämi sanawyndan, gämi kitabyndan çykarylandygy hakynda ýa-da gurulýan gämä eýeçilik hukugynyň gurulýan gämileriň sanawyndan çykarylandygy hakynda şahadatnama berilýär.

*(2014-nji ýylyň 1-nji martyndakyTürkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda- Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., № 1, 49-njy madda)*

**353-nji madda. Gäminiň ýa-da gurulýan gäminiň ipotekasynyň ýatyrylmagy**

1. Gäminiň ýa-da gurulýan gäminiň ipotekasy aşakdaky halatlarda ýatyrylýar:

l) pul bergisi üzülen halatynda;

2) pul borçnamasynyň bergini üzmekden başga hili usul bilen (mejbury satmak we beýlekiler) ýatyrylan halatynda;

3) gämi ýa-da gurulýan gämi heläk bolanda, muňa gäminiň ýa-da gurulýan gäminiň ipotekasynyň girew saklaýjysy gäminiň heläk bolmagy bilen baglanyşykly deňiz ätiýaçlandyrmasy hakyndaky şertnama laýyklykda, ätiýaçlandyrma öwezini dolmak baradaky öz talabyny amala aşyryp biljek halatlary girmeýär.

2. Şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan halatlarda gäminiň ýa-da gurulýan gäminiň ipotekasyny ýatyrmak hakyndaky subutnamalar görkezilende, bellige alýan edara gäminiň ýa-da gurulýan gäminiň ipotekasynyň ýatyrylýandygy hakynda gämileriň sanawyna ýa-da gurulýan gämileriň sanawyna ýazgy girizýär.

## XXIII BOLÜM. GÄMINIŇ TUSSAG EDILMEGI

**354-nji madda. Gäminiň tussag edilmegine esaslar**

1. Gäminiň tussag edilmegi, gäminiň Türkmenistanyň garamagyndaky çäklerde bolýan wagtynda kazyýetiň, arbitraž kazyýetiň, ýa-da şu Kodeksiň 355-nji maddasynda kesgitlenilişi ýaly, kanun bilen tussag etmeklige doly ygtyýarly edilen, deňiz talaplaryny

üpjün etmek üçin deňiz işleri boýunça eminlik etmek üçin saýlanylýan kazyýetiň karary esasynda onuň saklanmagynyň ýa-da hereket etmeginiň çäklendirilmeginiň amala aşyrylmagyny aňladýar.

2. Gämi diňe deňiz talaby boýunça tussag edilip bilner.

3. Gämi hatda ugramaga taýýar bolup duran bolsa-da tussag edilip bilner.

4. Gämi degişli şertnamada göz öňünde tutulan şertlere laýyklykda, gäminiň tussag edilmegine getiren deňiz talaby gämini tussag etmek bellenilen hem bolsa, muňa garamazdan, ol başga döwletiň kazyýetinde ýa-da arbitraž kazyýetinde garalmaga degişlidir.

5. Şu bölümde bellenilen düzgünler şu Kodeksiň 77-nji maddasyna laýyklykda, deňiz portunyň kapitanynyň gäminiň deňiz portundan çykmagyna rugsat bermekden boýun gaçyrmak hukugyna, şu Kodeksiň 78-nji maddasyna laýyklykda göz öňünde tutulan talaplar boýunça, portuň administrasiýasynyň gämini we ýüki saklamak hukugyna şeýle-de döwlet edaralarynyň gämini we ýüki tussag etmek hakynda Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan hukugyna degişli däldir.

**355-nji madda. Deňiz talaby**

Şu aşakdakylar:

1) gäminiň ulanyşynda oňa zyýan ýetirilmegi;

2) gäminiň ulanylmagy bilen göniden-göni baglanyşykly gury ýerdäki ýa-da suwdaky raýatyň janyna ýa-da saglygyna zyýan ýetirmek;

3) halas ediş işleriniň ýa-da halas etmek hakyndaky şertnamanyň amala aşyrylmagy;

4) eger şeýle talap Türkmenistanyň halkara şertnamasyndan, Türkmenistanyň kanunçylygyndan ýa-da islendik ylalaşykdan gelip çykýan bolsa, ýetirilen zyýanyň, şol sanda daşky gurşawa zyýan ýetirilmeginiň öňüni almak ýa-da ony azaltmak boýunça çäreleriň görülmegi bilen baglanyşykly çykdajylar bilen, şeýle-de şeýle çäreler arkaly ýetirilen ýa-da ýetirilip bilinjek zyýan;

5) gark bolan gämini ýa-da onuň ýüküni göterip çykarmak, başga ýere geçirmek ýa-da ýok etmek bilen baglanyşykly çykdajylar;

6) gämini ulanmak hakyndaky islendik şertnama;

7) deňiz arkaly ýük daşamagyň islendik şertnamasy ýa-da gämide deňiz arkaly ýolagçy gatnatmak şertnamasy;

8) gämide daşalýan ýüküň, şol sanda goşuň ýitirilmegi ýa-da olara zeper ýetirilmegi;

9) umumy awariýa;

10) losman geçirilişi;

11) tirkege almak;

12) gämini ulanmak ýa-da ony saklamak üçin iýmit önümleriniň, materiallaryň, ýangyjyň, ätiýaçlyk serişdeleriniň, enjamlarynyň, şol sanda konteýnerleriň berilmegi;

13) gämini gurmak, abatlamak, döwrebaplaşdyrmak ýa-da täzeden enjamlaşdyrmak;

14) port we kanal ýygymlary, beýleki gämi gatnaýan ýollardaky ýygymlar;

15) gäminiň kapitanynyň we gäminiň başga ekipaž agzalarynyň gäminiň bortunda işländikleri üçin düşýän zähmet haky we beýleki pul möçberleri, şol sanda repatriasiýa üçin çykdajylar hem-de olaryň adyndan durmuş ätiýaçlandyrmasy üçin tölenilýän gatançlar;

16) gämi boýunça çykarylan disbursment çykdajylary;

17) ätiýaçlandyryş baýragy;

18) gäminiň eýesi ýa-da ony frahtlaýan tarapyndan berbout-çarter boýunça tölenilýän ýa-da olaryň adyndan tölenilýän komission, dellalçylyk ýa-da agentlik pul sylagy;

19) eýeçilik hukugy we gämi boýunça gaýry emläk hukuklary hakyndaky islendik jedel;

20) gäminiň eýeleriniň arasynda gämini ulanmak we girdejini paýlaşmak hakyndaky islendik jedel;

21) gäminiň bellige alnan ipotekasy;

22) gämini satyn almak-satmak şertnamasyndan gelip çykýan islendik jedel, bilen baglanyşykly ýüze çykan islendik talap deňiz talaby hasaplanylýar.

**356-njy madda. Tussag edilip bilinjek gämi**

1. Özi babatda deňiz talaby ýüze çykan gämi aşakdaky halatlarda tussag edilip bilner, eger:

1) gämä eýelik edýäne bolan deňiz talaby gämi baradaky deňiz girewi bilen üpjün edilen bolsa hem-de ol şu Kodeksiň 333-nji maddasynyň birinji böleginde göz öňünde tutulan talaplara degişli bolsa;

2) deňiz talaby gäminiň ipotekasyna ýa-da bellenilen tertipde bellige alnan şonuň ýaly häsiýetli borç ýüklenme, gämä esaslanýan bolsa;

3) deňiz talaby gämä eýeçilik hukugyna ýa-da oňa eýelik edilmegine degişli bolsa;

4) deňiz talaby şu bölegiň 1-3-nji bentlerine gabat gelmeýän bolsa, ýöne deňiz talabynyň ýüze çykan pursatynda eýeçilik hukugy esasynda gämi özüne degişli bolan şahs şeýle talap boýunça jogapkär bolsa, gämini tussag etmek bilen baglanyşykly çäreleriň başlanan pursatynda ýa-da berbout-çarter boýunça gämini frahtlaýjy şeýle talap boýunça jogapkär bolup durýan bolsa, onuň berbout-çarter boýunça frahtlaýjysy ýa-da eýesi bolup durýan bolsa.

2. Islendik başga gämi ýa-da islendik başga gämiler eger olary tussag etmek bilen baglanyşykly çäräniň başlanan pursatynda gämiler deňiz talaby boýunça jogapkär bolup durýan şahsyň eýeçiliginde durýan bolsalar, hem-de özi barada deňiz talaby ýüze çykan pursatynda gäminiň eýesi bolup durýan bolsa, ýa-da berbout-çarter, taým-çarter ýa-da şeýle gäminiň gatnaw çarteri boýunça frahtlaýan bolup durýan bolsa.

Şu bölekde bellenilen düzgün gämä eýeçilik hukugyna ýa-da oňa eýelik etmek hukugyna ulanylmaýar.

**357-nji madda. Gäminiň tussaglykdan boşadylmagy**

1. Gämi diňe kabul ederlikli görnüşde ýeterlik üpjünçilik berlen halatynda, kazyýetiň, arbitraž kazyýetiň ýa-da şu Kodeksiň 354-nji maddasynyň birinji böleginde görkezilen eminlik etmek üçin saýlanylýan kazyýetiň karary esasynda tussaglykdan boşadylyp bilner.

2. Üpjünçiligiň görnüşi we möçberi hakynda taraplaryň ylalaşygy bolmadyk halatynda, kazyýet, arbitraž kazyýet ýa-da şu Kodeksiň 354-nji maddasynyň birinji böleginde görkezilen eminlik etmek üçin saýlanylýan kazyýet möçberi gäminiň bahasyndan ýokary bolmadyk üpjünçiligiň görnüşini, şeýle-de üpjünçiligiň möçberini kesgitleýär.

3. Üpjünçiligiň berilmegi bilen gämini tussaglykdan boşatmak hakyndaky islendik haýyş jogapkärçiligiň ykrar edilmegi, goranmak serişdelerinden ýa-da jogapkärçiligi çäklendiriş hukugyndan boýun gaçyrmagy aňlatmaýar.

Şu maddanyň ikinji bolegine laýyklykda, üpjünçilik beren şahs islendik wagt şol üpjünçiligi azaltmak, üýtgetmek ýa-da ýatyrmak haýyşy bilen kazyýete, arbitraž kazyýete ýa-da şu Kodeksiň 354-nji maddasynyň birinji böleginde görkezilen eminlik etmek üçin saýlanylýan kazyýete ýüz tutup biler.

**358-nji madda. Gäminiň gaýtadan we köp gezek tussag edilmegi**

1. Eger gämi deňiz talabyny üpjün etmek üçin tussag edilen bolsa ýa-da şeýle üpjünçilik gäminiň tussag edilmeginiň öňüni almak ýa-da ony tussaglykdan boşatmak üçin berlen bolsa, şeýle gämi eger:

1) şol bir deňiz talaby boýunça alnan üpjünçiligiň umumy möçberi gäminiň bahasyndan artyk bolmazlyk şertinde ýeterlik däl bolsa;

2) üpjünçilik beren şahsyň borçnamany doly suratda ýa-da bölekleýin ýerine ýetirmäge ýagdaýy bolmasa;

3) tussag edilen gämi ýa-da berlen üpjünçilik boşadylan bolsa:

a) deňiz talaby boýunça hukugy bolan şahsyň haýyşy ýa-da razylygy boýunça we şeýle haýyş ýa-da razylyk üçin göwnejaý esaslaryň bar halatynda;

b) deňiz talabyna hukugy bolan şahsyň göwnejaý çäreleri görmek arkaly gäminiň boşadylmagyna päsgel bermäge mümkinçiligi bolmadyk halatynda, gaýtadan ýa-da şol bir deňiz talaby boýunça tussag edilip bilinmez.

2. Eger gämi deňiz talabyny üpjün etmek üçin tussag edilen bolsa ýa-da şeýle üpjünçilik gäminiň tussag edilmeginiň öňüni almak ýa-da ony tussaglykdan boşatmak üçin berlen bolsa, eger:

1) şol bir deňiz talaby boýunça alnan üpjünçiligiň möçberi ýeterlik bolmasa;

2) şu maddanyň birinji böleginiň 2-nji we 3-nji bentlerinde bellenilen düzgünler ulanylýan bolsa;

şol bir deňiz talaby boýunça tussag edilip bilinjek başga islendik gämi tussag edilmäge degişli däldir.

3. Şu maddada bellenilen düzgünler gäminiň tussaglykdan islendik bikanun boşadylmagyna ýa-da onuň tussaglykdan sypmagyna ulanylmaýar.

**359-njy madda. Tussag edilen gämä eýelik edýäniň goralmagy**

1. Kazyýetiň arbitraž kazyýetiň ýa-da şu Kodeksiň 354-nji maddasynyň birinji böleginde görkezilen eminlik etmek üçin saýlanylýan kazyýetiň gämini tussag etmek temmisini bermek ýa-da öň beren tussaglygy uzaltmak şerti hökmünde, gämini tussag etmegi ýa-da tussaglygy uzaltmagy talap edýän şahsyň çekilen zyýanlar bilen baglanyşykly kazyýet, arbitraž kazyýet ýa-da şu Kodeksiň 354-nji maddasynyň birinji böleginde görkezilen eminlik etmek üçin saýlanylýan kazyýet tarapyndan kesgitlenilen möçberlerde we şertlerde üpjünçiligi bermäge borçly etmäge haky bardyr, şeýle zyýanlar bolsa gäminiň tussag edilmegi netijesinde, şol sanda gäminiň bikanun ýa-da esassyz tussag edilmegi ýa-da üpjünçiligiň öz möçberi boýunça şahsyň jogapkärçilige getirip biljek üpjünçiligiň talap edilmegi we oňa köp möçberde alynmagy netijesinde ýetirilip bilner.

Şu bölegiň birinji bendinde bellenilen düzgünler şu Kodeksiň 355-nji maddasynyň 16-njy bendinde göz öňünde tutulan talap boýunça gämini tussag etmegi ýa-da tussaglygy uzaltmagy talap etmek boýunça ulanylmaýar.

2. Kazyýet, arbitraž kazyýet ýa-da şu Kodeksiň 354-nji maddasynyň birinji böleginde görkezilen eminlik etmek üçin saýlanylýan kazyýet, olaryň karary bilen gämi tussaga degişli edilen ýa-da gämini tussag etmekligiň öňüni almak üçin üpjünçilik berlen bolsa, talaby boýunça gämi tussag edilen ýa-da islendik ýetirilen ýitgiler, şol sanda gäminiň bikanun ýa-da esassyz tussag edilmegi ýa-da öz ölçegi boýunça çendenaşa üpjünçiligi talap etmegi we almagy netijesinde ýetirilen ýitgiler üçin üpjünçilik berlen şahsyň jogapkärçiliginiň möçberini kesgitlemäge haklydyr.

3. Eger şu maddanyň birinji bölegine laýyklykda, üpjünçilik berlen bolsa, şeýle üpjünçiligi beren şahs şol üpjünçiligi azaltmak, üýtgetmek ýa-da ýatyrmak haýyşy bilen kazyýete, arbitraž kazyýete ýa-da şu Kodeksiň 354-nji maddasynyň birinji böleginde görkezilen eminlik etmek üçin saýlanylýan kazyýete islendik wagt ýüz tutup biler.

## XXIV BÖLÜM. DEŇIZ PROTESTI

### 360-njy madda. Deňiz protesti

1. Eger gäminiň ýüzüp ýören ýa-da duran wagty bir hadysa bolup, ol hem gäminiň eýelik edýäne emläk talaplaryny bildirmek üçin esas bolup biljek bolsa, gäminiň kapitany gämä eýelik edýäniň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak üçin subutnamalary üpjün etmek maksady bilen, bellenilen tertipde deňiz protesti hakynda beýan etmelidir.

2. Deňiz protestinde hadysalaryň ýagdaýlary we ony döreden sebäpler hakynda, şol sanda çekilen zyýan hem-de şol zyýanyň öňüni almak ýa-da azaltmak boýunça görlen çäreler hakyndaky doly maglumat bolmalydyr.

### 361-nji madda. Deňiz protesti hakynda beýan etme we onuň berliş möhleti

1. Deňiz protesti hakynda:

1) Türkmenistanyň portunda - notariusa;

2) daşary ýurt portunda - Türkmenistanyň konsullyk edarasynyň wezipeli şahsyna ýa-da daşary ýurt döwletiniň kanunçylygynda bellenilen tertipde şol döwletiň ygtyýarly wezipeli şahsyna beýan edilýär.

2. Deňiz protesti hakynda, eger hadysa:

1) deňiz portunda bolan bolsa - hadysanyň bolan pursatyndan soň, ýigrimi dört sagadyň dowamynda;

2) gämi ýüzüp ýören wagtynda bolan bolsa - bolan hadysadan soň, gäminiň ýa-da gäminiň kapitanynyň ilkinji deňiz portuna gelen pursatyndan, ýigrimi dört sagadyň dowamynda beýan edilýär.

### 362-nji madda. Deňiz protesti hakynda gijikdirilen beýan etme

1. Eger hadysa gäminiň ýüzüp ýören wagtynda bolan bolsa, deňiz protesti hakyndaky beýan etme gäminiň ýa-da gäminiň kapitanynyň şol hadysadan soňky ilkinji bolmadyk porta gelen pursatynda berlip bilner, munuň özi bolan hadysadan soňky ilkinji porta girilmegi bilen baglanyşykly ep-esli wagtyň ýitirilmezligi we çykdajylardan gaça durmak üçin edilýär.

2. Eger deňiz protestini şu Kodeksiň 361-nji maddasynyň ikinji böleginde bellenilen möhletlerde beýan etmek mümkin bolmadyk bolsa, deňiz protesti hakyndaky beýan etmede onuň sebäpleri görkezilmelidir.

3. Daşary ýurt gämileriniň kapitanlary deňiz protesti hakyndaky beýan etmesini, eger şeýle hukuk degişli halkara şertnamasynda göz öňünde tutulan bolsa, gämi haýsy döwletiň baýdagynyň astynda ýüzýän bolsa, şol döwletiň konsullyk edaralaryna berip bilerler.

**363-nji madda. Ýüke zyýan ýetirilmegi bilen baglanyşykly deňiz protesti hakynda beýan etme**

1. Bolan hadysanyň netijesinde gämidäki ýüke zyýan ýetirilendir diýip çak etmäge esas bolan halatynda, deňiz protesti hakyndaky beýan etme, gäminiň trýumlarynyň gapaklary açylmazdan öň berilmelidir.

2. Gämidäki ýüküň deňiz protesti bildirilmezden öň, düşürilmegine diňe iňňän zerurlyk bolanda ýol berilýär.

**364-nji madda. Subutnamalar**

1. Gäminiň kapitany deňiz protesti hakynda beýan etmesinde beýan edilen ýagdaýlary tassyklamak üçin, beýan etme bilen bir wagtda ýa-da özüniň gelen ýa-da gäminiň porta gelen pursatyndan beýläk ýa-da eger hadysa portda bolan bolsa, ýedi günden köp bolmadyk möhletiň içinde şu Kodeksiň 361-nji maddasynyň birinji bölegine laýyklykda, deňiz protesti hakynda beýan edilen şahsa tanyşmagy üçin gämi žurnalyny we gäminiň kapitany tarapyndan tassyklanylan gämi žurnalyndan göçürmäni görkezmäge borçludyr.

2. Gämi žurnaly heläk bolan halatynda deňiz protesti hakynda beýan etmede gämi žurnalynyň heläk bolus ýagdaýlary we sebäpleri beýan edilmelidir.

**365-nji madda. Deňiz protesti hakyndaky delilnamanyň düzülmegi**

Notarius ýa-da Türkmenistanyň konsullyk edarasynyň wezipeli şahsy gäminiň kapitanynyň beýan etmesi, gämi žurnalynyň maglumatlary, gäminiň kapitanyndan, zerur bolan halatynda bolsa, gäminiň ekipažynyň beýleki agzalaryndan sorama esasynda, deňiz protesti hakynda delilnama düzýär we ony öz goly hem-de gerbli möhür bilen tassyklaýar.

**366-njy madda. Daşary ýurt döwletleriniň konsullyk edaralary tarapyndan deňiz protesti hakynda delilnamalaryň düzülmegi**

Daşary ýurt gämileriniň kapitanlaryndan deňiz protesti hakyndaky beýan etmäni kabul etmek hem-de deňiz protesti hakyndaky delilnamalary düzmek işi daşary ýurt döwletleriniň Turkmenistandaky konsullyk edaralary tarapyndan özara ylalaşyk şertlerinde amala aşyrylyp bilner.

## XXV BÖLÜM. NÄGILELIKLER, TALAP ARZALARY, HAK ISLEGINIŇ MÖHLETI

### 1 bap. Nägilelikler we talap arzalary

**367-nji madda. Deňiz arkaly ýük daşamaga gatnaşýanlaryň jogapkärçiligi üçin esas bolup hyzmat edip biljek ýagdaýlaryň tassyklanmagy**

1. Daşaýjylaryň, iberijileriň, alyjylaryň we ýolagçylaryň jogapkärçiligi üçin esas bolup hyzmat edip biljek ýagdaýlar täjirçilik delilnamalary ýa-da umumy görnüşdäki delilnamalar bilen tassyklanylýar. Daşary ýurt portundaky görkezilen ýagdaýlar şol portda dowam edip gelýän düzgünlere laýyklykda tassyklanylýar.

2. Täjirçilik delilnamasy:

1) ýüküň ýa-da goşuň hakyky ady, agramy ýa-da ýük ornunyň ýa-da goşuň sany bilen daşaýyş resminamada görkezilen maglumatlaryň biri-birine laýyk gelmezligini;

2) ýolagçynyň ýüküne ýa-da goşuna zeper ýetirilmegini;

3) ýüküň ýa-da goşuň resminamasyz, şeýle-de ýüksüz ýa-da goşsuz resminamalaryň ýüze çykarylmagyny;

4) ogurlanan ýüküň ýa-da goşuň ýük iberijä gaýtarylyp berilmegini,

tassyklamak üçin düzülýär.

3. Delilnamalaryň görnüşleri, olary düzmegiň tertibi hem-de delilnamalaryň düzülmegini talap etmeýän ýagdaýlary tassyklamagyň tertibi Suw ulaglary boýunça ygtyýarly edara tarapyndan tassyklanylýan düzgünler bilen bellenilýär.

**368-nji madda. Daşaýja bildirilýän nägilelikler**

1. Ýüküň kabotažda daşalmagy bilen baglanyşykly daşaýja talap arzasy bildirilmezden öň, daşaýja nägilelik bildirmeklik hökmany hasaplanýar.

2. Nägilelik ýük daşamagy amala aşyran daşaýja bildirilýär we eger-de ýük daşamak işi amala aşyrylmadyk bolsa, deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasyna laýyklykda, ýük daşamak işini amala aşyrmaga borçly bolan daşaýja bildirilýär.

3. Garyşyk gatnawda daşamakdan gelip çykýan nägilelik, ýüki onuň ahyrky eltilmeli ýerine elten daşaýja bildirilýär.

**369-njy madda. Nägilelikleri we talap arzalaryny bildirmäge bolan hukugyň tabşyrylmagy**

1. Nägilelikleri we talap arzalaryny bildirmäge bolan hukugyň beýleki şahsy we edara görnüşindäki taraplara berilmegine ýol berilmeýär, ýöne hukugyň iberiji tarapyndan alyja ýa-da tersine, şeýle-de iberiji tarapyndan ýa-da alyjy tarapyndan ekspeditora ýa-da ätiýaçlandyryja berilýän halatlary muňa girmeýär.

2. Nägileligi we talap arzasyny bildirmäge bolan hukugyň berilmegi konosamentde ýa-da gaýry daşaýyş resminamasynda (deňiz nakladnoýy, çarter) başga birine geçilen ýazgy bilen tassyklanylýar.

**370-nji madda. Nägileligi bildirmegiň tertibi**

1. Nägilelik ýazmaça görnüşde bildirilýär.

Ýüküň ýitirilendigi ýa-da oňa zeper ýetirilendigi hakyndaky nägileligiň ýanyna daşaýyş resminamalaryndan başga, nägileligi bildirmek hukugyny tassyklaýan resminamalar hem-de iberilen ýüküň mukdaryny we bahasyny tassyklaýan resminamalar goşulmalydyr.

Daşaýyş resminamalary asyl nusgasynda görkezilýär.

2. Daşaýjy nägileligi alandan soň, iki hepde möhletiň dowamynda eger nägileligiň ýanyna şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan resminamalar goşulmadyk bolsa, onuň oňa seretmän yzyna gaýtarmaga haky bardyr. Eger daşaýjy görkezilen möhletde nägilelik bildirýäne degişli suratda resmileşdirilmedik nägileligi gaýtaryp bermese, ol garalmak üçin kabul edilen diýlip hasap edilýär.

**371-nji madda. Deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasyndan gelip çykýan nägileligi bildirmegiň möhleti**

Daşaýjy üçin deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasyndan gelip çykýan nägilelikler şu Kodeksiň 372-nji maddasyna laýyklykda, hak isleginiň wagt möhletiniň dowamynda bildirilip bilner, ýöne muňa ýüki eltmek möhletiniň geçenligi hakyndaky nägilelik girmeýär, bu nägilelik ýüküň alyjy tarapyndan alnan gününden beýläk, ýigrimi bir günüň dowamynda bildirilip bilner.

**372-nji madda. Deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasyndan gelip çykýan nägilelige garamagyň möhleti**

1. Daşaýjy deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasyndan gelip çykýan nägilelige onuň alnan gününden beýläk, otuz günüň içinde garamaga hem-de onuň kanagatlandyrylandygy ýa-da ret edilenligi hakynda beýan edijä mälim etmäge borçludyr.

2. Deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasyndan gelip çykýan nägileligiň daşaýja bildirilen gününden beýläk, hak isleginiň wagt möhletiniň geçişi şol nägilelik boýunça jogap alynýança ýa-da jogap bermek üçin bellenilen möhlet tamamlanýança wagtlaýyn togtadylýar.

## 2 bap. Hak isleginiň wagt möhleti

### 373-nji madda. Deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasyndan gelip çykýan talaplar boýunça hak isleginiň wagt möhleti

1. Deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasy boýunça hak isleginiň wagt möhleti - bir ýyl.

2. Hak isleginiň möhleti aşakdaky talaplar boýunça hasaplanylýar:

1) ýüküň doly derejede ýitirilenligi üçin zyýanyň öwezini dolmak – daşamak boýunça bellenilen möhlet geçenden soň, otuzynjy günden, eger şeýle möhlet bellenilmedik bolsa - ýük daşaýjy tarapyndan kabul edilenden soň, altmyşynjy günden;

2) ýüküň bölekleýin ýitirilendigi, ýüke zeper ýetirilenligi, ony eltmek möhletiniň geçirilenligi üçin ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak - ýüküň gelen gününden beýläk;

3) ähli beýleki halatlar boýunça - deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasynyň baglaşylan gününden üç aý geçenden soň.

### 374-nji madda. Beýleki talaplar boýunça hak isleginiň wagt möhleti

1. Daşary ýurt gatnawynda deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasyndan, şu Kodeksiň 187-nji maddasynyň birinji böleginde göz öňünde tutulan halatlardan başga, deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasyndan, şeýle-de gämileriň çaknyşmagyndan hem-de halas ediş işleriniň amala aşyrylmagyndan gelip çykýan talaplara hak isleginiň iki ýyllyk wagt möhleti bellenilýär.

Ýokarda görkezilen möhlet aşakdaky ýaly hasaplanylýar:

1) Daşary ýurt gatnawynda ýolagçylary gatnamagyň şertnamasyndan gelip çykýan talaplar boýunça, muňa şu Kodeksiň 187-nji maddasynyň birinji böleginde göz öňünde tutulan halatlar girmeýär:

a) ýolagçynyň saglygyna şikes ýetirilende - ýolagçynyň kenara düşen gününden;

b) ýolagçy gämide gidip barýarka aradan çykan halatynda – onuň kenara düşmeli bolan gününden;

ç) ýolagçy gämide gidip barýarka, saglygyna şikes ýetip, kenara düşenden soň aradan çykan bolsa, onuň aradan çykan gününden - şunda şol möhlet ýolagçynyň kenara düşen gününden beýläk üç ýyldan köp bolmaýan bolsa;

d) ýolagçynyň goşy ýiten ýa-da oňa zeper ýeten bolsa, şol goşun düşürilen gününden ýa-da goşun düşürilmeli bolan gününden - şol seneleriň haýsysynyň has giçdigine baglylykda;

2) deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasyndan gelip çykýan talaplar boýunça - talap arzasyna bolan hukugyň ýüze çykan gününden;

3) gämileriň çaknyşmagy netijesinde çekilen zyýanlaryň öwezini dolmak talaplary boýunça - gämileriň çaknyşan gününden;

4) halas ediş işlerinden gelip çykýan talaplar boýunça - halas ediş işleriniň tamamlanan gününden.

2. Hak isleginiň bir ýyllyk wagt möhleti tirkege almagyň şertnamasyndan, deňiz agentirlemeginiň şertnamasyndan, deňiz dellalçylygynyň şertnamasyndan, taým-çarterden we berbout-çarterden hem-de umumy awariýadan gelip çykýan talaplar boýunça ulanylýar.

Ýokarda görkezilen möhlet aşakdaky ýaly hasaplanylýar:

1) umumy awariýadan gelip çykýan talaplardan başga, şu bölümde göz öňünde tutulan şertnamalardan gelip çykýan talaplar boýunça talap arzasy baradaky hukugyň ýüze çykan gününden;

2) umumy awariýadan gelip çykýan talaplar boýunça – dispaşanyň düzülen gününden.

3. Şu Kodeksiň 290-njy maddasynda göz öňünde tutulan regres talaplary boýunça hak isleginiň bir ýyllyk wagt möhleti ulanylýar, ol bolsa degişli puluň tölenilen gününden hasaplanylýar.

**375-nji madda. Gämilerden syrygýan nebit bilen hapalanmadan ýetirilen zyýanyň we howply hem zyýanly maddalaryň deňiz arkaly daşalmagyndan çekilen zyýanyň öwezini dolmak hakyndaky talaplar boýunça hak isleginiň wagt möhleti**

1. Gämilerden syrygýan nebit bilen hapalanmadan ýetirilen zyýany hem-de howply we zyýanly maddalaryň deňiz arkaly daşalmagyndan çekilen zyýanyň öwezini dolmak hakyndaky talap arzasy jebir çekeniň şeýle zyýanyň ýetirilendigini bilen ýa-da bilmeli bolan gününden beýläk, üç ýylyň dowamynda üzlüşilýär. Ýöne, çekilen zyýanyň öwezini dolmak hakyndaky talap arzalary aşakdaky talaplar boýunça bildirilip bilinmez:

1) gämilerden syrygýan nebit bilen hapalanmadan ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak hakynda - hapalanmaga getiren insidentiň bolan gününden alty ýyl geçenden soň;

2) howply we zyýanly maddalaryň deňiz arkaly daşalmagy bilen baglanyşykly ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak hakynda - şeýle zyýan çekilmegine getiren insidentiň bolan gününden beýläk, on ýyl geçenden soň.

**376-njy madda. Umumy möhletleriň ulanylmagy**

Şu Kodeksde hak isleginiň wagt möhleti göz öňünde tutulmadyk talaplar boýunça, eger şeýle talaplar boýunça Türkmenistanyň halkara şertnamasynda gaýry möhletler bellenilmedik bolsa, hak isleginiň Türkmenistanyň raýat kanunçylygynda bellenilen umumy wagt möhletleri ulanylýar.

**377-nji madda. Umumy awariýa bar bolanda, hak isleginiň wagt möhletiniň wagtlaýyn togtadylmagy**

Eger talabyň pulunyň möçberini hasaplamak, umumy awariýa boýunça hasaplaşyklara bagly bolsa, hak isleginiň wagt möhletiniň geçip başlamagy dispaşeriň umumy awariýanyň bardygy hakynda karar çykarýan gününden, dispaşany gyzyklanýan şahsyň alan gününe çenli wagtlaýyn togtadylýar.

## XXVI BÖLÜM. ULANYLÝAN HUKUK

**378-nji madda. Daşary ýurt raýatlarynyň ýa-da daşary ýurt edara görnüşindäki taraplarynyň ýa-da çylşyrymlaşdyrylan daşary ýurt elementiniň gatnaşmagyndaky söwda deňiz gatnawyndan gelip çykýan gatnaşyklar boýunça ulanylmaga degişli hukugyň kesgitlenilmegi**

1. Daşary ýurt raýatlarynyň ýa-da daşary ýurt edara görnüşindäki taraplaryň ýa-da çylşyrymlaşdyrylan daşary ýurt elementiniň gatnaşmagynda söwda deňiz gatnawyndan gelip çykýan gatnaşyklara ulanylmaga degişli hukuk, şol sanda, eger raýat hukuklarynyň obýekti Türkmenistanyň çäklerinden daşarda ýerleşýän bolsa, Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna, şu Kodekse, Türkmenistanyň beýleki kanunlaryna hem-de Türkmenistanda ykrar edilýän söwda deňiz gatnawynyň kadalaryna laýyklykda kesgitlenilýär.

2. Şu Kodeksde göz öňünde tutulan şertnama gatnaşýan taraplar şertnama baglaşanlarynda ýa-da soňra şol şertnama boýunça özleriniň hukuklary we borçlary boýunça ulanylmaga degişli bolan hukugy öz aralaryndaky ylalaşyk boýunça saýlap alyp bilerler. Hukugy saýlap almak, hukuk hakynda taraplaryň ylalaşygy bolmadyk halatynda, şu Kodeksiň düzgünleri ulanylýar. Şertnama gatnaşýan taraplaryň ylalaşyk esasda hukuk saýlap almagy ýolagçynyň janyna ýa-da saglygyna ýetirilen zyýan, ýükün ýitirilenligi ýa-da ýüke we goşa zeper ýetirilenligi ýa-da olary eltmek möhletiniň geçirilenligi sebäpli ýetirilen zyýan üçin, daşaýjynyň şu Kodekse laýyklykda çekmeli bolan jogapkärçiliginiň aradan aýrylmagyna ýa-da azaldylmagyna eltip bilmez.

**379-njy madda. Gämä eýeçilik hukugy we beýleki zat-emläk hukuklary**

1. Gämä eýeçilik hukugy we beýleki zat-emläk hukuklary, şeýle-de hukuklaryň ýüze çykmagy, başga birine geçmegi we ýatyrylmagy gäminiň baýdagynyň döwletiniň kanuny bilen kesgitlenilýär.

2. Başga döwletiň baýdagynyň astynda wagtlaýyn ýüzmäge rugsat berlen gämi babatdaky emläk hukuklary gäminiň baýdagy çalşyrylmazdan öň, gönüden-göni haýsy döwletde bellige alnan bolsa, şol döwletiň kanuny ulanylýar.

3. Eger gämini gurmak hakyndaky şertnamada gaýry göz öňünde tutulmadyk bolsa, gurulýan gämä hukuklar gämi haýsy döwletde gurmak üçin kabul edilen bolsa ýa-da gurulýan bolsa, şol döwletiň kanuny ulanylýar.

**380-nji madda. Gäminiň ekipaž agzalarynyň hukuk ýagdaýy**

1. Gäminiň ekipaž agzalarynyň hukuk ýagdaýy we gämini ulanmak bilen baglanyşykly gäminiň ekipaž agzalarynyň arasyndaky gatnaşyklar gäminiň baýdagynyň döwletiniň kanuny bilen kesgitlenilýär.

2. Gämä eýelik edýän bilen gäminiň ekipaž agzalarynyň arasyndaky gatnaşyklar, eger gämä eýelik edýän bilen gäminiň daşary ýurt raýatlary bolup durýan ekipaž agzalarynyň arasyndaky gatnaşyklary düzgünleşdirýän şertnamada başgasy göz öňünde tutulmadyk bolsa, gäminiň baýdagynyň döwletiniň kanuny bilen düzgünleşdirilýär.

3. Zähmet şertnamasyna gatnaşýanlaryň gämä eýelik edýänler bilen gäminiň ekipaž agzalarynyň arasyndaky gatnaşyklar barada ulanylmaga degişli hukugyň saýlanyp alynmagy gäminiň ekipaž agzalarynyň ulanylmaga degişli bolan hukuk hakynda taraplaryň ylalaşygy bolmadyk wagtynda, şol gatnaşyklaryň düzgünleşdirilmeli bolan döwletindäki hukuk kadalary bilen deňeşdirilende, gäminiň ekipaž agzalarynyň zähmet şertleriniň ýaramazlaşmagyna getirmeli däldir.

**381-nji madda. Gark bolan emläge hukuklar**

1. Içerki deňiz suwlarynda ýa-da çäk deňizde gark bolan emläge hukuklar, şeýle-de gark bolan emläk bilen baglanyşykly gelip çykýan gatnaşyklar emläk haýsy döwletde gark bolan bolsa, şol döwletiň kanuny bilen kesgitlenilýär.

2. Açyk deňizde gark bolan gämä, olardaky ýüklere we başga emläklere gäminiň baýdagynyň döwletiniň kanuny ulanylýar.

**382-nji madda. Söwda deňiz gatnawy ugrunda baglaşylýan şertnamalardan gelip çykýan gatnaşyklar**

1. Deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasyndan, tirkege almagyň şertnamasyndan, deňiz agentirlemeginiň şertnamasyndan, deňiz delallçylygynyň şertnamasyndan, deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasyndan, taým-çarterden we berbout-çarterden gelip çykýan gatnaşyklar taraplaryň ylalaşygynda göz öňünde tutulan döwletiň kanuny bilen, deňiz arkaly ýolagçy gatnatmagyň şertnamasyndan gelip çykýan gatnaşyklar ýolagçynyň peteginde görkezilen döwletiň kanuny bilen düzgünleşdirilýär.

2. Ulanylmaga degişli bolan hukuk hakynda taraplaryň ylalaşygy bolmadyk halatynda, şertnamalardan gelip çykýan gatnaşyklar:

1) deňiz arkaly ýük daşamagyň şertnamasynda - daşaýjy bolup durýan;

2) deňiz agentirlemeginiň şertnamasynda, taým-çarterde we berbout-çarterde - gämä eýelik edýän bolup durýan;

3) tirkege almagyň şertnamasynda - tirkege alýan gämä eýelik edýän bolup durýan;

4) deňiz dellalçylygynyň şertnamasynda - ynanç hatyny beriji bolup durýan;

5) deňiz ätiýaçlandyrmagynyň şertnamasynda - ätiýaçlandyryjy bolup durýan,

tarapyň esaslandyrylan, esasy iş ýeriniň ýa-da ýaşaýan ýeriniň döwletiniň kanuny bilen düzgünleşdirilýär.

**383-nji madda. Umumy awariýa halatynda ulanylýan hukuk**

1. Taraplarda ulanylmaga degişli bolan hukuk hakynda ylalaşyk bolmadyk halatynda, umumy awariýadan gelip çykýan gatnaşyklar gämini umumy awariýa getiren hadysadan soň, gatnawy haýsy döwletiň portunda tamamlan bolsa, şol döwletiň kanuny bilen düzgünleşdirilýär.

2. Eger özleriniň bähbitleri umumy awariýa tarapyndan gozgalan ähli şahslar şol bir döwlete degişli bolsalar, şol döwletiň kanuny ulanylýar.

3. Eger umumy awariýa Türkmenistanda paýlanylýan bolsa, ony paýlamagyň tertibi şu Kodeksiň XVII bölüminde bellenilen düzgünler bilen düzgünleşdirilýär.

**384-nji madda. Gämileriň çaknyşmagyndan gelip çykýan gatnaşyklar**

1. Içerki deňiz suwlarynda we çäk deňizde gämileriň çaknyşmagy sebäpli ýüze çykýan gatnaşyklar haýsy döwletiň çäginde bolan bolsa, şol döwletiň kanuny bilen düzgünleşdirilýär.

2. Eger gämiler açyk deňizde çaknyşan bolsalar we bu baradaky jedele Türkmenistanda garalýan bolsa, şu Kodeksiň XVIII bölüminde bellenilen düzgünler ulanylýar.

3. Bir döwletiň baýdagynyň astynda ýüzýän gämileriň çaknyşmagy sebäpli ýüze çykýan gatnaşyklar gämileriň haýsy ýerde çaknyşandyklaryna garamazdan, şol döwletiň kanuny ulanylýar.

**385-nji madda. Gämilerden syrygýan nebit bilen hapalanmadan ýetirilen ýa-da howply we zyýanly maddalaryň deňiz arkaly daşalmagyndan ýetirilen zyýandan gelip çykýan gatnaşyklar**

Gämilerden syrygýan nebit bilen hapalanmadan ýa-da howply we zyýanly maddalaryň deňiz arkaly daşalmagyndan zyýan ýetirilen bolsa, aşakdakylar babatda şu Kodeksiň XIX bölüminde bellenilen düzgünler ulanylýar:

1) Türkmenistanyň çäginde gämilerden syrygýan nebit bilen hapalanmadan ýetirilen zyýan babatda hem-de howply we zyýanly maddalaryň deňiz arkaly daşalmagyndan ýetirilen islendik zyýanlar babatda;

2) şeýle zyýan ýetirilmeginiň nirede bolandygyna garamazdan, onuň öňüni almak ýa-da ony azaltmak boýunça duýduryş çäreleri babatda.

**386-njy madda. Gämini we gaýry emlägi halas etmekden gelip çykýan gatnaşyklar**

1. Içerki suwlarda we çäk deňizde gämini we gaýry emlägi halas etmekden gelip çykýan gatnaşyklar boýunça ulanylmaga degişli hukuk hakynda taraplaryň ylalaşygy bolmadyk halatynda, halas edilen ýerdäki döwletiň kanuny ulanylýar we eger halas etmek açyk deňizde amala aşyrylýan bolsa hem-de jedele Türkmenistanda garalýan bolsa, şu Kodeksiň XX bölüminde bellenilen düzgünler ulanylýar.

2. Eger halas eden we halas edilen gämiler bir döwletiň baýdagynyň astynda ýüzýän bolsa, halas ediş işiniň haýsy ýerde geçirilendigine garamazdan, şol döwletiň kanuny ulanylýar.

3. Halas eden gämä eýelik edýän bilen onuň kapitanynyň hem-de gäminiň ekipažynyň beýleki agzalarynyň arasynda sylagy paýlamaklyga gäminiň baýdagynyň döwletiniň kanuny ulanylýar we eger halas ediş işi gämiden amala aşyrylmadyk bolsa, halas ediji bilen onuň işgärleriniň arasyndaky gatnaşyklary düzgünleşdiriji şertnama hereketi degişli bolýan kanun ulanylýar.

**387-nji madda. Gämä deňiz girewi. Gäminiň ýa-da gurulýan gäminiň ipotekasy**

1. Gämä deňiz girewiniň ýüze çykmagy hem-de gämä deňiz girewi bilen üpjün edilen talaplary kanagatlandyrmagyň nobatlylygy baradaky jedele haýsy döwletiň kazyýetinde garalýan bolsa, şol döwletiň kanuny ulanylýar.

2. Gäminiň bellige alnan ipotekalarynyň hakykylygy we ipotekalar tarapyndan üpjün edilen borçnamalardan gelip çykýan talaplary kanagatlandyrmagyň nobatlylygy, gäminiň bellige alnan döwletiniň kanuny bilen kesgitlenilýär.

3. Daşary ýurt döwletiniň sanawynda bellige alnan gäminiň ipotekasy şu şertlerde ykrar edilýär we mejbury amala aşyrylýar:

1) eger ol gäminiň bellige alnan döwletiniň kanunyna laýyklykda bellenen bolsa we sanawda bellige alnan bolsa;

2) eger sanaw, şeýle hem gäminiň bellige alnan döwletiniň kanunyna laýyklykda bellige almagy amala aşyrýan edara saklanylmagy üçin berilmäge degişli bolan resminamalar

barlag üçin we sanawdan göçürme etmek üçin açyk bolsa hem-de şeýle resminamalaryň göçürilen nusgalary şu edaradan alnyp bilinjek bolsa;

3) eger sanawda we şeýle resminamalarda öz haýryna ipoteka bellenen şahsyň ady we salgysy bar bolsa ýa-da ipotekanyň görkezijiniň adyna bellenilendigi görkezilen bolsa, ipoteka bilen üpjün edilen borçnamanyň möçberi, senesi we gäminiň bellige alnan döwletiniň kanunyna laýyklykda beýleki bellige alnan ipotekalar babatynda kanagatlandyrmagyň nobatlylygyny kesgitleýän beýleki maglumatlar bar bolsa.

4. Gurulýan gäminiň bellige alnan ipotekalarynyň hakykylygy we ipotekalar tarapyndan üpjün edilen borçnamalardan gelip çykýan talaplary kanagatlandyrmagyň nobatlylygy, gäminiň gurulmaga kabul edilen ýa-da gurulýan döwletiniň kanuny bilen kesgitlenilýär.

5. Gäminiň ýa-da gurulýan gäminiň ipotekasynyň mejbury amala aşyrylmagy mejbury amala aşyrylyşyň geçirilýän döwletiniň kanuny bilen düzgünleşdirilýär.

*(2014-nji ýylyň 1-nji martyndakyTürkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda-Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., № 1, 49-njy madda)*

**388-nji madda. Deňiz talaplary boýunça jogapkärçiligiň çäklendirilmegi**

Deňiz talaplary boýunça jogapkärçiligiň çäklendirilmegine jogapkärçiligiň çäklendirilmeginiň täsirine düşýän deňiz talaby seredilýän kazyýetiň döwletiniň kanuny ulanylýar.

*(2014-nji ýylyň 1-nji martyndakyTürkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda-Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., № 1, 49-njy madda)*